TÜRKENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MERETOW K.G ,ÇOŞUROW A.A

# *Üpjünçiligiň logistikasy*

Aşgabat - 2014

## M A Z M U N Y:


**G I R I Ş.**

**l.BAP: Logistika ylmynyň predmeti,maksady we mazmuny.**

*I.1. Logistika ylmy barada umumy düşünje we onuň predmeti.*

*I.2 . Üpjünçiligiň Logistikasynyň umumy logistika teoriasyndaky orny.*

*I.3 . Ykdysadyýet ylmy ulgamynda logistika.*

*I.4 . Önümçiligiň ätiýaçlyklarynyň (materiallaryň) hereketiniň (akymynyň) umumy häsiýetnamasy.*

*I.5 . Logistikanyň teoriýalaýyn hem-de usulýet bazasy.*

*I.6 . Üpjünçiligiň Logistikasy dersiniň beýleki ylymlar bilen baglanyşygy.*

*I.7. Logistika dersiniň talyp-ýaşlaryň hünär derejelerine ýetirýän düýpli täsiri.*

*I.8. Logistika ulgamy: amal edilişiniň we gurluşynyň aýratynlyklary.*

*I.9.Üpjünçiligiň logistikadaky – birleşen logistikanyň zynjyrynyň düzüminiň bölegi we logistikanyň işleýşi*

*I.10. Logistikadaky guramaçylyk we oňa çapraz gelýän bidüzgünçilikki ýagdaýar.*

**ll.BAP: Logistiki hojalyk aragatnaşyklary.**

*II.1. Logistiki hojalyk aragatnaşyklary,olaryň aýratynlyklary we gurluşy.*

*II.2. Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň emele gelmeginiň aýratynlyklary we klassifikasiýasy.*

*II.3.Logistiki we hojalyk aragatnaşyklarynyň kämilleşdirilmeginiň usullary.*

*II.4.Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň obýektleri we subýektleri.*

*II.5.Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň barlag usullary.*

*II.6. Logistiki aragatnaşyk ulgamynda maglumatlary işläp taýýarlamak hem-de modelirlemek.*

*II.7. Milli hojalyk ulgamynda logistika.*

*II.8. Logistiki emele gelmelerde saýlap almaklygyň we ölçeg derejeleriniň düzgünnamalarynyň ulanylmagy.*

## lll.BAP: Ü pjünçiligiň Logistikasynyň hereket edýän döwri: Meýilnamalaşdyrmak we operatiw dolandyryş.

*III..1. Üpjünçiligiň logistikasynyň hereket ediş döwri.*

*III.2. Üpjünçiligiň logistikasynyň döwrüni döretýän esasy hadysalaryň (prosesleriň) mazmuny.*

*III.3. Üpjünçiligiň logistikasynyň döwrüniň meýilnamalaşdyrylyşy we operatiw dolandyrylyşy.*

*III.4. Resurslaryň sarp edilişine meýilnamalaşdyrmagyň logistiki gözgaraýyşlary (konsepsiýalary).*

*III.5.Kompýuter tehnologiýasynyň maglumatlarynyň esasynda çigmal resurslarynyň sarp edilişiniň meýilnamalaşdyrylyşy.*

*III.6. Çigmal,maretial resurslara bolan islegi anyklamagyň usullary.*

*III.7.Çigmal resurslarynyň kadalaşdyrylyşy we olaryň harçlanyşynyň kadasy.*

*III.8. Çigmal resurslaryň çykdajy edilşiniň kadasynyň klassifikasiýasy,çigmal resurslarynyň kadalarynyň görkezijileri (normatiwleri)*

*III.9. 0 nümçilik zerurlyklaryny kadalaşdyrmagyň usullary.*

*III.10.Çigmal resurslarynyň kadalaşdyrylmagynyň usullarynyň ulanylyşynyň ähmiýetine baha bermek we çigmallaryň goralyp saklanylmagy.*

## lV.BAP. Ü pjünçiligiň logistiki Menejmenti (Dolandyrylyşy): Hereket etmekligiň aragatnaşygy we manysy.

*IV.1.Logistiki menejment.*

*IV.2. Üpjünçiligiň logistiki menejmentiniň ýörelgeleri (prinsipleri) we logistikanyň tabşyryklary (missiýasy)*

*IV.3. Emlägiň umumy (jemleýji) bahasy,üpjünçiligiň logostikasynyň haýyrlylyk ähmiýeti – Utilitler (utility).*

*IV.4. Logistika ulgamynyň gurluşynyň derejeleri.*

*IV.5. Material-tehniki üpjünçilik gullugynyň  hereket edýän zolagy.*

*IV.6.Esasy önümçiligik gorlarynyň satyn almaklygynyň (edinmekligiň) aýratynlyklary.*

*IV.7. Hyzmatlardan peýdalanmaklygyň (satyn almaklygyň) aýratynlyklary.*

*IV.8. Döwlet söwdasy.*

*IV.9.Döwlet zerurlyklary üçin sargytlaryň ýerleşdirilişiniň ýörelgeleri (prinsipleri).*

*IV.10. Üpjünçiligiň logistikasynyň strategiýasy.*

*IV.11. Ü pjünçiligiň logistikasynyň gözegçilig,innowasiýalaýyn ösüş depgini hem-de innowasiýalaýyn amallary.*

## V. BAP. Ü pjün edijileri saýlap almak we baha bermek.

*V.1. Ü pjün edijini saýlap almak we saýlap almakdaky aýratynlyklar (kriteriýalar).*

*V.2.Ü pjün edijini saýlamakdaky yzygiderli hyzmatdaşlygy,saýlamaklygyp düzgün-tertibi.*

*V.3.Ü pjün edijini saýlamakda amatly häsiýetlerden ugur almaklyk hem-de saýlamaklygyň usullary.*

*V.4.Üpjün edijileriň sanyny anyklamak.Logistikanyň işjeňligi (aktiwligi).*

## Vl.BAP: Üpjünçiligiň logistikasynda çigmal- material ätiýaçlyklary.

*VI.1. Material ätiýaçlyklary düşünjesi we olaryň hojalyk işlerindäki roly.*

*VI.2.Üpjünçiligiň logistikasynda ätiýaçlyklarynyň herekedi. Material ätiýaçlyklar we olaryň klassifikasiýasy hem-de olaryň akymy.*

*VI.3. Haryt ätiýaçlyklary we olary döretmekligiň sebäpleri.*

*VI.4. Üpjünçiligiň logistikasynda ätiýaçlyklaryň dolandyrylyşy.*

*VI.5.Ätiýaçlyklary dolandyrmaklygyň klassifikasiýasynyň görnüşleri we olaryň emele gelmekdäki ädimler.*

*VI.6.Ätiýaçlyklary dolandyrmaklygyň esasy görnüşleri.*

## Vll.BAP: Üpjünçiigiň logistikasyndaky ykdysady töwekgelçilikleriň tebigaty.

*VII.1.Üpjünçiligiň logistikasynda töwekgelçilik.*

*VII.2.Üpjün edijileriň töwekgelçiligi we töwekgelçilikli ýagdaýlar.*

*VII.3.Töwekgelçilik Menejmenti.*

*VII.4.Ylmyň dürli ugurlarynda töwekgelçilikleriň öwrenilişi.*

*VII.5. Üpjünçiligiň logistikasynda töwekgelçiligiň döremek ähtimallygy.*

*VII.6. Töwekgelçiligiň ýüze çykmak ähtimallygynyň sanawlaýyn bahasy.*

*VII.7.Üpjünçiligiň logistikasynyň töwekgelçilikleriniň dolandyrylyşy.*

*VII.8. Töwekgelçilikde döreýän zyýanly täsirleriň öňüni almaklygyň ýollary.*

*VII.9. Üpjünçiligiň logistikasynda töwekgelçiligiň täsir edişi.*

*VII.10. Ýitginiň anyk derejesiniň töwekgelçilikleriň döretmegi.*

*VII.11. Üpjünçiligiň logistikasynyň töwekgelçiliklerden soňky ýagdaýy.*

## Vlll.BAP: Ü pjünçiligiň logistikasynyň netijeliligi, ähmiýetliligi ).

*VIII.1. Üpjünçiligiň logistikasynyň umumy netijesiniň bahalandyrylyşy.*

*VIII.2. Üpjünçiligiň logistikasynyň netijeliliginiň bahalandyrylyş usullary.*

*VIII.3. Deňagramly görkezijileriň ulgamy we onuň üpjünçiligiň logistikasynda ulanylyşy.*

*VIII.4. Kärhanalaryň strategiki maksatnamasynda üpjünçiligiň logistikasynyň ölçegleriniň ähmiýetliligi.*

*VIII.5. Üpjünçiligiň logistikasynda harajatlary hasaba alyş ulgamynyň kämilleşdiriliş usullary.*

*VIII.6. Üpjünçiligiň logistikasynyň transaksiýasy.*

*VIII.7. Üpjünçiligiň logistikasynyň transaksion çykdajylary.*

*VIII.8. Üpjünçiligiň logistikasynyň transaksion çykdajylarynyň amatly ýagdaýy.*

## *BAP.I.Logistika ylmynyň predmeti, maksady we mazmuny.*

### *I.1. Logistika ylmy barada düşünje we onuň predmeti.*

***Logistika*- bu Materiýanyň (obýektiw barlygyň) akymynyň, hereketiniň guramaçylygyny kanunalaýyk hem-de esaslandyryjy hökmünde öwrenýän ylymdyr.**

***Logistika-düşünjesi*** gadymy Gresiýadan gelip çykyp,ol **"Oýlanmak,hasabat,maksadalaýyklyk"** diýmegi aňladýardy.Şu adalga (termin) Greklerden Rimlilere geçipdir.Olar şol düşünjäni **"azyk önümlerini paýlaşmak"** diýip düşünýärdiler. Wizantiýada bolsa,logistikany harby goşunyň üpjünçiliginiň we dolandyrylyşynyň usuly hasap edipdirler.

Fransuz alymy A.Žamini XIX asyryň başlarynda,şol döwürde "Harby ensiklopediki leksikony" kitabynda logistikany ýük daşamaklygyň guramaçylygynyň,harby birleşmeleriň meýilleşdirilmeginiň we üpjünçiliginiň ylmy hökmünde düşünipdirler.

XX asyryň 60-njy ýyllarynda Marketing konsepsiýasyndan meseleleriň toplumy ýüze çykdy. Ol çigmal resurslarynyň önümçiliginiň üpjünçiliginiň hadysasy (prossesi) bilen baglydyr. Şol meseleleriň tapawutlandyrylmagynyň sebäpleri şereketlerde (firmalarda) ätiýaçlyklarynyň saklanyş şertlerine we önümleriň daşalmagyna çykdajylaryň artmagy bilen düşündirilýär. Şol sebäpli şereketler (firmalar) çigmallaryň hereket edýän ýerlerinde ätiýaçlyklaryň saklanyş şertleriniň,harajatlaryň azaldylmagyna we önümleri daşamak babatynda barlag işlerini geçirip başlaýarlar.Şol meseleleri çözmek bilen bagly netijeleriň esasynda ykdysadyýetde täze ylym emele geldi – Logistika ylmydyr.

Häzirki döwürde logistika dünýä ýüzünde giňişleýin ulanylýar.Ykdysadçylaryň hasaplamagyna görä,logistikanyň meseleleri çözülmezden-bäsdeşligiň ýeňijisi bolup bolmaýar.

***Logistika***- aýratyn ugurly ylym hökmünde XX-asyryň ortalarynda hereket edip başlady. Bu ylym tektologiýanyň ylmy çeşmesiniň esasynda döremek bilen,ähIumumy jemgyýetçilik ylymlaryny öwrenýän ylymdyr. **Tektologyýa ylmy** - ähliumumy jemgyýetçilik ylymlaryny öwrenýän ylymdyr.

***Logistikanyň*** ulgamy barada aýdylanda tektologiýa ulgamynyň umumy häsiýetlerinden ugur almagy bajyp delil bolmagynda galýar.

***Logistiki*** obýektler gurnalanda ähliumumy jemgyýetçilik kanunlary öz täsirini ýetirýär; seçip almaklyk kadalary we ölçeg kadalary.

***Logistika***- öz hereket edýän ugurlary boýunça 3(üç) görnüşden ybarat bolup-Ykdysadyýet logistikasy, Harby logistikasy hem-de Matematika logistikasy.Olar biri-birinden hereket edýän çäkleri boýunça hem-de ylymlaryň dürli ugurlarynda tapawutlandyrylýar.

Biziň mysalymyzda Ykdysadyýet logistikasy barada gysgajyk gürrüň açalyň: Ykdysagyýet logistikasy ykdysady obýektleriň hereket etmek guramaçylygyny öwrenýär.

Logistika iki (2) hili hereket ediş ýagdaýda bolyp bilýär:

- ***Logistika- ylmy ugurlary boýunça;***
- ***Logistika- hojalyk amallarynyň özboluşly mahsus görnüşi;***

***“ Logistika “*** ylmy ykdysady obýektleriň yzygiderli akymly görnüşiniň guramaçylygyny öwrenýär.Ol logistikanyň unumy teoriýasyny emele getirýär hem-de pudaklaýyn we hereket ediş (funksional) logistikasynyň usullaýyn (metodologiki) we teoriýalaýyn esasy bolup durýar.Üpjünçiligiň logistikasy öz gezeginde pudaklaýyn hem-de hereket edýän (funksional) logistikasyna degişlidir.

Amaly ykdysadyýetiň logistikasy - çigmallaryň (önümçiligiň ätiýaçlyklarynyň) hem-de maliýe serişdeleriniň we hyzmatlaryň hereketini şekillendirýär.

***Logistika*** - önümçilik sferasynda we dolanyşykda çigmallaryň (önümçiligiň ätiýaçlyklarynyň) we olar bilen baglanyşykly maglumatlaryň hem-de maliýe serişdeleriniňwe hyzmatlary aýratyn özboluşly häsiýete mahsus görnüşde dolandyrmaklyga düşünilýär.

***Amaly logistikasy- hojalyk ulgamynyň dürli ugurlarynyň ykdysady akymlaryny dolandyrýar hem-de guramaçylyk işleri bilen meşgullanýar***.

## Üpjünçilik logistikasynyň predmeti:

Her bir ylmyň dersleýin ugry bolup,olar sol ugry öwrenýär:Bu ylymlar her bir hadysanyň düýp manysyny açyp görkezýär, olaryň her bir görnüşini hem-de mazmunyny aýratynlykda öwrenýärler,ösüşiň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarýar.Olar umumy innowasiýalaýyn ösüş hereketlere täsir edýän hadysalaryň täsiriniň derejesini anyklaýar.

*Üpjünçiligiň logistikasynyň predmeti bolup,çigmal resurslaryň we hyzmatlaryň akymlaryny öwrenmeklige aýdylýar. Üpjünçiligiň logistikasynyň hereket edýän döwrüni aýlawly hereketlendirýär.*

***Logistikanyň predmeti*** dersi – **“akymyň”** hereketini öwreniji bolup durýar.Emma ***“akym-hereket”*** aýratyn hadysa hökmünde hojalyk işleriniň alnyp barlyşynda çäklendirilýär.

***Üpjünçiligiň logistikasynyň obýekti – bu çigmallaryň we hyzmatlaryň dolanyşygynyň herekek ediş döwründäki üpjünçiligidir!***

***Üpjünçiligiň logistikasynyň obýekti-*** üpjünçiligiň hereket edýän döwründe çigmal serişdeieriniň,materiallaryň we hyzmatlaryň hem-de olar bilen bagly maglumat çeşmeleriniň,maliýe serişdeleriniň we hyzmatlaryň akymyny aňladýar.

Ç igmal serişdeleriniň (materiallaryň) akymynyň guramaçylygynyň görnüşleri:

***Logistikanyň eýeleýän zolagy,logistikanyň zynjyry, iogistikanyň ugurlary***.

Logistikanyň beýlekilerden tapawutlylykda:Meselem,fizika ylmynyň tebigatyň kanunlaryny öwrenýänligi,logistika ylmy ykdysady (jemgyýetçilik) anyk ylymlara degişlidir, ol nyşanlandyrlan hakykatyň anyk ädimlerini öwrenýär, şeýlelikde,ynsanyň döredýän hakykaty bolup durýar.

***Logistika-*** guramalaryň hojalyk ulgamynyň ykdysady akymlaryny ylmy esasda derňew etmek işlerini geçirýär.

***Ykdysady logistikanyň ylmy esasy we dersi-*** hojalyk ulgamyndaky çigmallaryň (materiallaryň) akymlary bolup durýarlar.Şol akymyň guramaçylygynyň görnüşleri kynçylyklaryň (bökdençlikleriň) derejesi bilen tapawutlandyrylýar.***Ç igmal (material)*** akymyny we beýleki olar bilen baglanyşykly geçýän akymlaryň hereketine itergi berýär hem-de akymyň merkezi bolmagynda galýar.Täzeden döreýiş hem ykdysady akymyň görnüşini eýeleýär.Muňa täjirçilik logistikasy hyzmat edýär. Meselem:Şu ýerde çigmal serişdeleriniň täze döreýiş ykdysady akymynyň görnüşi barada bellemeklik ýerlikli bolsa gerek.

$$P_{ýnps} + P_{çsa} + P_{çösç} + P_{töç} + P_{öýp} = P_{sdpö}$$

$P_{ýnps}$- *Ýörite niýetlenen pul serişdeleri;*

$P_{çsa}$- *Çigmallaryň satyn alynmagy*;

$P_{çösç}$- *Çigmallaryň önümçilik sferasyna çekilmegi;*

$P_{töç}$- *Taýýar önümleriň çykarylmagy;*

$P_{öýp}$- *Önümleri ýerleşdirmek prossesi;*

$P_{sdpö}$- *Serişdeleriň dolanşykdan pula öwrülmegi*;

Bu ýerde çigmal serişdeleriniň önümçilik kärhanalarynyň hojalyk hadysalarynyň (prosseslериniň) çäklerinde hereket edýän döwründe ykdysady obýektleriň täze görnüşlerine üýtgetmegi logistikanyň tassyklaýşy ýaly täjirçilik logistikasynyň esasynda öz delilini tapýar.Bu bolsa amatly şertleri saýlap almak üçin oňyn täsir edýändir.

Bilelikde hereket edýän akymlaryň dürli gurluşy,täjirçilik logistikasynyň içinde tapawutlanan görnüşlerde ýüze çykýarlar.Şeýlelik-de bu ugurlarda hereket edýän logistikalar ýüze çykýarlar: Üpjünçiligiň logistikasy täjirçilik logistikasynyň hereketlendiriji ulgamy hökmünde önümçilik üçin zerurlyklaryň we çigmallaryň akymynyň kanunalaýyklygyny öwrenýär.

***Material-tehniki*** resurslary kesgitli wagtlarda, takyk gerekli görnüşde hem-de bäsleşikli bahalardan üpjün etmeklik arkaly, çigmallaryň akymynyň kadalaýyklygyny öwrenmek bolup durýar.Şeýlelikde, üpjünçiligiň logistikasynyň esasy wezipeleri –***satyn alyp bilmeklik,üpjün etmek we haryt dolanyşygyny gurnamak*** bolup durýar.

## ***I.2.<u>Üpjünçiligiň logistikasynyň umumy logistiki teoriýasyndaky orny</u>***

Üpjünçiligiň logistikasy – “Umumy okuw logistikasy” ylmy dersiniň bir bölegi bolup durýar,şeýle hem ykdysady materiýanyň (obýektleriň) akymly hereketiniň kanunalaýyklygyny öwrenýär.

Çigmallaryň,önümçiligiň ätiýaçlyklarynyň akymyny hereketlendirýär,ýagny zerur bolan ýerlerini mydama üns merkezinde saklamaklyk, wajyp meseleleriň biri bolup dyrýar.Mareriallaryň,çigmallaryň hereketine baglanyşykly ösüş depginine oňyn itergi berýär.Akymlaryň asasynda özara baglanyşykly bolan aragatnaşyklar emele gelýär.Sebäbi üznüksiz önümçilik hadysalarynyň sazlaşykly işlemegi özara arabaglanyşygyň logikasy diýip düşünmek zerurdyr.Şol akymlaryň mazmuny hem-de guramaçylyk taýdan aýry-aýry bolýarlar.Netijede ykdysady logistikasy-täjirçilik logistikasyny,maliýe logistikasyny,maglumatlar logistikasyny hem-de hyzmatlar logistikasyny öz içine alýar.Bular ykdysady logistikanyň içki kiçi

ulgamlaryny emele getirýärler.Bulary jemleýji merkez bolup,çigmallaryň akymy bolup durýar.Muňa täjirçilik logistikasy hyzmat edýär.Bu hem öz gezeginde bir topar hereket edýän logistikalary öz içine alýar.

Özüniň hereket ediş häsiýeti boýunça logistika hem klassifikasiýa bölünýär:**Üjünçiligiň logistikasy,Önümçiligiň logistikasy we Ýerleşdirişiň logistikasy**.

Logistikanyň hereket edijiligi – tälirçilik logistikasynyň içerki ulgamy bolup durýar.

Hojalyk hadysalarynyň üznüksiz,yzygider biri-biri bilen baglanyşykly sazlaşykly hereketi kärhanalaryň maddy – üpjünçilik binýadynyň sazlaşykly ykdysady kriteriýalary bilen bagly bolmaklygy bilen düşündirilýär.Meselem,üpjünçilik hadysasy,ýagny material taýýarlaýyş hadysasynyň herekede giren döwründe,şu hadysanyň bökdençsiz alnyp barylmagy,ýagny önümçilik hadysasy üçin zerur bolan çigmal resurslarynyň yzygiderli sazlaşykly üpjün edilmegi logistiki häsiýetde bolmak bilen hadysalaryň sazlaşykly alnyp barylýandygyny subut edýär.




Şekil.1.2.Logistika ulgamynda üpjünçiligiň logistikasynyň orny.

## *I.3.__Ykdysadyýet ylmy ulgamynda logistika.__*

Ykdysady logistikany aýratyn bir şekilde göz öňünde tutup öwrenmeklik zerurdyr:

*a)Logistikanyň teoriýalaýyn eýeleýän meýdany, bu sektorda ylmyň täze basgançaklaryny işlenip düzülýär.*

*b)Logistiki hojalyk amallary, bu sferada akymlary dolandyrmak we guramaçylygy ýola goýmakda uly tejribeleri toplamak.*

Ykdysady logistikanyň,ýagny bu iki aýratyn hem-de hili boýunça tapawutly şekilleriň her- birinden özbaşdak bolmak bilen ýörite ugurlara niýetlenendir.

Bulary hiç- hili biri-biri bilen garyşdyrmak we deňeşdirip bolmaýar.Hojalyk amallarynyň ösüşiniň derejeleri milli hojalyklaryň görnüşine we ýagdaýlaryna gös-göni bagly bolup durýar.

***Bellik:*** Milli hojalyklaryň manysy göni manyda ulanylman,bu ýerde milliligiň aýratynlygy üpjünçilik şertleriniň üsti bilen aňladylýar: Meselem,hojalyklaryň zerur bolan material-tehniki , çigmal serişdeleriniň hem-de bular bilen bagly maglumatlaryň, maleýe serişdeleriniň we beýleki serişdeleriň gelip çykyşy bilen bagly faktorlar esasynda delillendirilýär. Ýerli çigmal serişdeleriniň gatnaşygy we energiýa üpjünçiligi bilen delilläp bolar.

Ýokarda agzalýan baglylyk: Ulgamlaýyn derejelerde we hojalyklaryň gurluşynyň derejeleriniň ýagdaýy bilen suratlandyrylýar.

Logistikany hojalyk amallarynyň görnüşi hökmünde Telekeçilik (Biznes) hadysasy (prossesi) bilen deňeşdirip bolýar, ýagny kärhanalaryň hojalyk amallarynyň ähli fazalaryna eriş-argaç bolup ornaşýar,maliýäniň we marketing serişdeleriniň mümkinçiliklerini giň gerimde ulanýarlar,korporatiw strategiýasyna we hojalyk hadysalaryna (prosseslerine) täsir edýär.

***Şeýle hal-ýagdaýda logistika- içki gözegçilik mümkinçiliklerini amal edýär,şeýlelikde amallaryň gidişinde isleg bilen hakykaty deňeşdirip bolýar:***

a) *Önümçilige çenli döwürde çigmallaryň, materiallaryň,ýarymfabrikatlaryň hereketiniň ähli etaplarynda;*
b) *Çigmallaryň, materiallaryň, ýarymfabrikatlaryň önümçilik we gaýtadan işleýän hadysalarynda ( prosseslerde);*
c) *Taýýar önümleri sarp edijilere,gyzyklanýan taraplara hem-de talaplary talabalaýyk üpjün etmeklik boýunça;*
d) *Maglumatlary geçirmek,saklamak,özleşdirmek hem-de pul serişdeleriniň hereketini degişli döwürlerde;*

Logistiki amallar aýratyn hem kärhanalaryň gurşowyndan daşyna çykýar,haryt dolanşygy bilen bagly ugurlarda özara bähbitli bolmagy we hyzmatdaşlyk edýän taraplaryň bähbitliligi babatynda utuşlary gazanmagy üpjün edýär.

Bilelikde hereket edýän üpjünçilik ulgamynda taraplaryň özara gatnaşygy olaryň guramaçylygy diýip düşünilýär.Kärhanalar ykdysady akymlary gowylandyrmak hadysasynda (prossesinde) wagtyň hem-de önümçilik faktorlarynyň doly hasabaty bilen üpjün edýär, kärhananyň strategiki we taktiki maksatlarynda ýerine ýetilen üstünlikleri üçin bazarda uly itergi berýär.

***Üpjünçiligiň logistikasynyň*** ykdysadyýet ulgamynda şu wezipeleri maksat edip goýýar.

*1.Ykdysady materiýanyň guramaçylygynyň akymly görnüşiniň ykdysady mazmunyny açyp görkezmek.*

*2.Üpjünçilik logistikasynyň esasy häsyýetiniň aýratyn düşünjelerini özleşdirmek.*

*3.Materiýanyň (obýektiň) akymly görnüşiniň gurnalyşynyň usullaýyn esaslaryny we ykdysady tebigatyny gözden geçirmek.*

*4.Çigmallaryň akymynyň guramaçylyk görnüşleri: Logistikanyň tory,Logistikanyň ulgamy,Logistikanyň ýollary (ugurlary).*

*5.Üpjünçilikde hojalyk gatnaşyklarynyň gurluşyny we olryň esaslandyrylyşyny gözden geçirmek.*

*6.Üpjünçilikde logistiki menejmentiň ýörelgelerini (prinsiplerini) we esasyny kesgitlemek.*

*7.”Önümçilik üpjünçiliginiň” hereket edýän döwründe çigmal serişdeleriniň sarp edilişi barada maglumat düzmek hem-de olaryň kadalaşdyrylan çeşmesini we meýilnamalaşdyrmaklygyň aýratynlyklaryny öwrenmek.*

*8.Doly logistiki döwürde üpjünçiligiň hereket ediş döwrüniň ornuny we ähmiýetini anyklamak.*

*9.Üpjünçiligiň logistikasynda çigmal serişdeleri bilen üpjün edýän taraplary saýlap almak aýratynlyklaryny we ätiýaçlyklaryň dolandyrylyşy bilen tanyş bolmak.*

*10.Üpjünçiligiň logistikasynda töwekgelçiliginiň ykdysady tebigatyny we olary peseltmekligiň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak.*

*11.Üpjünçiligiň logistikasynyň strategiýasynyň we korporatiw strategiýasynyň arasyndaky baglanyşygy öwrenmek,üpjünçiligiň logistikasynyň innowasiýalaýyn kuwwatlylygyny kesgitlemek.*

*12.Üpjünçilikde logistiki amallaryň netijeleriniň haýyrlylygynyň seljerilmesi bilen tanyşmak,üpjünçiligiň usullaýyn logistikasynyň netijesiniň esasy görkezijilerini kesgitlemek arkaly öwrenmek.*

## ***I.4.Önümçiligiňätiýaçlyklarynyň,çigmallaryň(mareryallaryň) hereketiniň (akymynyň) umumy häsiýetnamasy.***

***Logistikanyň predmeti diýip-*** çigmallaryň hereketine (akymyna) düşünilýär:Emma logistika ulgamynyň her bir gurluşynyň ädimlerinde hereket edýän çigmal akymlarynyň,ýagny özüniň dürli taraplaryny görkezýär.

Akymyň umumy häsiýetnamasyny ykdysady hadysa hökmünde talap edip bolýar.Dolandyryşda we Maýa dolanşygynyň teoriýasynda akymlaýyn hereketi düşünjesini anyklamagyň usullaýyn çemeleşilmegi, ykdysady syýasatyň esasynda işlenip düzülendir.

***Aýlawly dolanyşyk we dolanyşyk hadysasynda (prossesinde)*** hakujy serişdeleriň akymy emele gelýärler hem-de haryt we baha görnüşinde nobat boýunça kabul edýärler we çykarylýar. Ykdysady syýasatda akym – bu ykdysady hadysa (prossesi) bolup,ol hadysa (prosses) wagtyň içinden üznüksiz geçýär we belli bir wagtyň içinde ölçeg birliklerinde ölçenilýär.Şeýle aýdylanda iki sany häsiýet hasaba alnan:Akym ykdysady hadysalara (prosseslere) degişli edilýär we wagtlaýyn häsiýete ýykgyn etmek bolsa,doly aýlawly dolanyşyk hem-de dolanyşyk teoriýalary üçin ýeterlikdir.

***Logistika ylmynda akym-*** bu has çylşyrymly bütewilik bolup, ol bu ýerde taýyndäl görnüşinde seredilýär,emma ösüş hadysasynda (prossesinde) ýönekeý ýagdaýdan çylşyrymly ýagdaýa geçmegine itergi berýär.

**“Logistika**”-ylmynda akym esasy kategoriýadyr**.”Esasy kategoriýa”** adalgasy başlangyç düşünje barada gürrüň edilýändigini aňladýar.Şu düşünjäniň içinde bu adalga logistikanyň mundan beýläk ylmy öwreniş ulgamynda onuň ösüşini özünde saklaýar.

Logistika ulgamynda akym guramaçylygyň has ýokary derejesine degişli bolup durýar. Bu guramaçylygyň amallarynyň aýratyn bir görnüşi bolup durýar hem-de bu görnüş hemişe hereket edýän ýagdaýda bolýar.Olaryň häsiýetleri şulardan ybarat bolup durýar:

***a)Görnüşleriň içinden üýtgemegi;***

***b)Görnüşleriň hemişelik göreşi****;*

***ç)Görnüşleriň özara garyşmagy*** (element,ulgam,ýollary (ugurlary) we ş.m).Akymlar nem çäklendirmegiň bölümlerine bölünýärler,emma umuman aýdylanda üznüksiz hem-de kesilmeýär.Mundan başgada ýene-de bir häsiýeti bar:Ykdysady akymda gymmatyň ilkinji görnüşine ýa-da esasy we ikinji derejedäki görnüşine geçmek arkaly,olar esasy görnüşlerden ugur alýarlar.Köplenç çigmal akymy ilkinji görnüş hasaplanýar.Emma guramaçylygyň çylşyrymly ulgamynda öz aralarynda eýeleýän ýerlerini çalyşmak mümkinçiligi bar.

Logistiki akym - guramaçylykda çylşyrymlylygyň dürli derejelerinde bolup bilýär hem-de şonuň kömegi bilen akym dürli görnüşlerde bolup bilýär:elementler,ulgamlar,ugurlar we hereket edýän ýerleri.

***Akym-*** özara baglanyşykly geçýän hadysalaryň (prosesleriň) birligi. Akym hemişe gurşawy täzeleýän amallary ýerine ýetirmek şertlerinde geçmek bilen,bu ösüşdäki hereketi aňladýar.Bu akym tebigaty boýunça dürli,ýöne özara bagly şertleriň häsiýetlerini özünde birleşdirýär we olar şulardan ybaratdyr:

***a)Ykdysady obýektlerde mukdar we hil taýdan üýtgemeleri;***

***b)Hereketiň görnüşiniň içinden geçip bolýan ýtgemeler-etaplaýyn.***

***Etaplaýyn hereket-*** bu eýýäm belli bolan aýratyn hereketiň has çylşyrymly görnüşi.Şol bir wagtyň içinde iki gapma-garşylykly güýçleri ulanýar-**birinjisi özara** aragatnaşyklary sazlaşdyrýan döwründe ýüze çykýar,**ikinjisi** bolsa,şol aragatnaşyklaryň bölünen ýagdaýynda ýüze çykýar. Aragatnaşyklaryň sazlaşdyrylýan ýagdaýynda energiýanyň ýokarlandyrmagy toplanýar,mukdar artmasy bolup geçýär.

***Aragatnaşyklaryň kesilmegi****-bu* ýagdaýda ýokarlanma hadysasynda energiýanyň derejesi peselýär,çökýär.

***Ýokarlanma we pese düşme***-birleşigi emele getirmek bilen, ykdysady akymyň hereketiniň ýeke-täk döwrüniň içinde,ýagny etaplylykda ykdysady hadysanyň geçen döwürdäki we geljek döwürdäki ýagdaýlary hasaba alynýar we olaryň özara gatnaşygy bir ýagdaýdan beýleki bir ýagdaýa geçmekligi aýdylýar.

**Akymyň kesilmegi** içki sebäpler görä emele gelýär,akymlaryň (çigmallaryň) hereket ediş hadysalarynda daşky gurşowa görä, çigmallaryň toplumlaýyn bir ýerden beýleki bir ýere geçmekligi,akymyň içki ýagdaýy we ykdysadyýetiň daşky gurşow ýagdaýy bilen bilelikde hereket edýär.

***Logistikada*** bu üýtgemeleri **“akym-geçmekligi”,”akym-üýtgemeleri”** düşünjelerinde esaslandyrylýar.Arakesmeler, gurşowda akymyň kesilmegi,ünsüň belli bir jemlenýän ýerlerinde çigmal ätiýaçlyklaryny jemlemekde emele gelýärler.




Şekil.1.4. Önümçilik sferasynda we dolanyşykda logistika ulgamy.

Ýokardaky şekile düşündiriş:

D-T Ü pjünçilik hadysasy (prossesi) (materiallar-çigmallary dolandyrmak);

Ö -Ö nümlilik material akymlarynyň ýüze çykýan sferasy (içerki önümçilik ulag amallary);

$D^I$-$T^I$-Sarp ediş hadysasy (prossesi) (Ý erlikli paýlanmagy dolandyrmak);

## *I.5.Logistikanyň teoriýalaýyn hem-de usulýet bazazy.*

Logistikanyň teoriýalaýyn hem-de usulýet bazasy bolup,dünýä tejribelerinde hem-de hünärmenleriň teoriýalaýyn we amaly işleriniň ykdysadyýetdäki, söwdadaky, täjirçilik sferasyndaky,logistikadaky we marketingdäki hyzmatlary bolup durýar. Söwda-satyk işlerini düzgünleşdimekde,hojalyk aragatnaşyklarynyň guramaçylygyny meýilnamalaşdyrmagy baradaky döwlet dolandyryş organlarynyň kanunlaşdyrylyjy wekadalaşdyryjy aktlary esas bolup durýar.

Logistika dürli kärhanalaryň we şereketleriň (firmalarda) amaly işlerinde giňişleýin hyzmat edýär.Logistika korporasiýalaryň dolandyrylyşynyň ýokary basganҫaklarynda çigmal akymynyň dolandyrylyşynyň önümçiligiň harajatlarynyň derejesini peseltmek netijeli maksatlaýyn usuly hasap edilýär.

Logistika şereketleriň (firmalaryň) ykdysady strategiýasynyň hem esasy bolup durýar. Şonuň hereketi bäsdeşligiň ýaragy hökmünde ulanylýar we meilnamalary durmuşa geçirmek, adam we maliýe resurslaryny ýerleşdirmek hem-de gözegçilik etmek-dolandyryş logistikasy hökmünde üns merkezinde tutulýar.

Şeýle ädim bazaryň logistiki üpjünçiliginiň we önümçiligiň strategiýasynyň jebis bir ýere toplanmagyny üpjün edýär. Eger-de bu jebisleýiň toplamak amala aşyrylsa, onda onuň netijesinde,ammar hojalygynyň bir ýerde toplanmagy, gaplamak talaplary,ulag talaplary bilen çigmallaryň harajat edilşini has peseltmek,önümçiligiň we taýýar önümleriň harajatlaryny azaltmak,ulag we sargytlaryň hereketini sazlamaklyk onuň netijesi bolup durýarlar.

80-nji ýyllarda logistika çalt depginde ösüp başlady.Şol ösüşiň esasy sebäpleriniň biri ykdysadyýeti has oňyn sazlaşdyrmak hadysasy bolup durýar.Esasanam bu prosses ulag sferasyna degýär.

Logistika gözlegleriniň bir ugry logistikanyň we harajatlaryň özara gatnaşyklary bilen bagly bolup durýar, ammar hojalyklarynyň harajatlary,ätiýaçlyklary,ulag,önümçilik sargytlaryň seljermesi we logistikanyň beýleki ulgamlary, biri-biri bilen bagly bolup durýar.Hojalyk prossesleriniň haýsam bolsa bir görnüşiniň harajatlaryny azaltmak üçin synanyşyk logistikakyň umumy bahasynyň galmagyna getirip bilýär.

Logistikanyň kompleksleýin seljermesi ulgamynyň deňagramlylygyny anyklamaga,şol deňagramlylygyň baha häsiýetiniň netijeliligini anyklamaga,dolandyşyş syýasatyny işläp düzmäge kömek edýär.

Ulgamlaýyn seljerme, logistikanyň ulgamlaýyn netijeliliginiň ýokarlanmagyna we hereket edişine kömek edýär. Şonuň hetijesi täze konsepsiýa,täze tehnologiýalaryň we enjamlaryň özleşdirilmegi ündeýär.Dürli gaýtadan gurmak,täzeden guramaklyk we durkuny täzelemeklik saldamly harajatlary ýüze çykarmagyna getirýär.

## *I.6.__Üpjünçiligin logistikasy dersiniň beýleki ylymlar bilen baglanyşygy__.*

Üpjünçiligiň logistikasy dersi ykdysady teoriýanyň umumy-usullsýyn çeşmesinde esaslandyrylýar. Söwda işiniň ylmy teoriýasynyň çäklerinde logistika teoriýalaýyn hem-de usullaýyn bolmak bilen uzak ýoly geçdi.

Söwda önümçilik we sarp edijilik sferasynda hojalygyň soňky ülüşlerini baglaýar.Seýlelikde,söwda üç bölünişigi ýeňip geçýär: şahsy bölünişigi,daşky gurşow bölünişigi hem-de wagtlaýyn bölünişik.

Täjirçilik amallaryň gurşowyny öz içinde iki hadysa we iki dürli tertipdäki düşünjeleri öz içine alýar:birinjisi-täjirçilik amallarynyň mazmuny we

giňişligi,ikinjisi-geografiki-territoriýalaýyn daşky gurşowy ,bu haryt akymlaryny ýeňip geçýär.

Daşky gurşowlaýyn bölünişigi ýeňip geçmek üçin täze ýöriteleşdirilen guramaçylygy (bazar infrastrukturalary) hökmany ýagdaýda öz içine almalydyr.Agzalan täze ýöriteleşdirilen guramaçylyk hem-de ulag ätiýaçlandyryş ulgamyny öz içine alýar.

Şonlukda, täjirçilik amallarynyň gurşowy üç aýratyn esaslandyrylan görnüşi öz içine alýar:aslyýet täjirçiligi;marketingi (bazaryň öwrenilmegi) we logistikasy.

Söwda ylmyndan Marketing teoriýalary we logistika teoriýalary bölünip açryldy we aýratyn ylym hökmünde ösüp barýar.Ý öne söwda (täjirçilik) ylmy marketing we logistika üçin esas we çeşme bolup durýar.Amalyň bu üç görnüşleriniň umumy başlangyç esaslary bardyr. Olar biri-biri bilen eriş-argaç baglanyşdyrylan görnüşleriniň içinde aýratynlyk hökmünde laýyk gelýärler we olaryňö arasynda özara biri-birine geçmekligi mümkindir. Ol ýa-da beýleki işleriň täjirçilige logistika we marketinge degişli bolmagy,şol hadysanyň içki many-mazmunynyň hasaba alynmagy bilen eýe bolýar.

Logistika öňi bilen gurşowlaýyn (territoriýalaýyn) bölünişigiň teoriýalaýyn hem-de amaly meseleleriň çözmeklik bilen ýöriteleşdirilýär.

Şeýle görnüşde, logistika we marketing ylmy ugur we amal hökmünde döwrebap görnüşinde täjirçilik gurşowynyň hereketiniň fenomenynyň gelip çykyşyna borçly bolýarlar.

“Üpjünlilik logistikasy” okuw gersi “Täjirçiligiň esaslary”,”Logistikanyň esaslary”,”Marketing”,”Önümçiligiň logistikasy” okuw dersleriniň teoriýalaýyn we usullaýyn esaslary bil en baglydyr.

## I.7. ***Logistika dersiniň talyp-ýaşlaryň hünär derejelerine edýän düýpli täsiri.***

Häzirki düwrüň talaplaryna laýyk hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen ýokary okuw mekdeplerinde logistika ylmynyň teoriýalaýyn hem-de amaly okuwlarynyň öwrenilmegi okuw maksatnamalarynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup durýar.Şeýlelik-de "önümçiligiň logistikasy" dersiniň öwrenilmegi bilen talyplaryň şu aşakdakylary özleşdirmeklik zerurdyr.

- Ç igmal-materiallaryň akymlarynyň guramaçylyk görnüşleriniň gurluşynyň teoriýalaýyn esaslaryny;
- Logistikanyň amal edilişiniň meýilnamalaşdyrmakda we guramaçylykda ulanylýan çeşmeleýin düşünjeleri,kategoriýalary we prinsipleri;
- Ç igmal-materiallaryň akymynyň hem-de şonuň bilen bagly bolan maglumatlaryň,maliýe serişdeleriniň we hyzmatlaryň akymlarynyň guramaçylyk görnüşleriniň proýektirlenmeginiň prinsiplerini we usullaryny;
- Üpjünçiligin logistikasynyň tejribesinde ulanylýan döwrebap-maglumatlaýyn seljeriş apparatynyň ösüşiniň ugurlaryny;
- Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň kadaly-usullaýyn çeşmesiniň sazlaşdyrylmagy;
- Öňde goýlan maksatlary hasaba almak bilen çigmal resurslary bilen üpjün edijileri saýlamaklygyň usullaryny,maglumatlary häsiýetlendirýän wezipeleri;
- Ykdysady-matematiki çeşmeleýin usullary we üpjünçiligiň logistikasynda ulanylýan görnüşleri (modelleri),logistika boýunça maksatnamalaýyn önümleriniň bukjalaryny;
- Üpjünçiligiň logistikasynyň tejribesinde dolandyryşyň çözgütleriniň dürli mümkinçiliklerini kesgitlemegi we işläp taýýarlamagy;Birnäçe biri-birinden aýry bolan mümkinçiliklerde amatly görnüşini saýlamaklyk ölçeglerini kesgitlemegi;
- Öňde goýlan maksatlary we wezipeleri hasaba almak arkaly üpjün edijiniň abraýyny we ornuny kesgitlemegi;
- Konýukturany emele getirýän faktorlary we üpjün edijiniň bazar görkezijilerini seljermegi;

- Çigmal-material akymynyň görnüşleriniň proýektirlenýän zolagyndaky gatnaşyjy taraplara maslahat berip bilmeklik;
- Üpjünçiligiň logistikasynda ýüze çykýan töwekgelçilikleri duýduryş-öňüni alyş çärelerini işläp düzmegi;
- Üpjünçilikdäki logistikanyň işiniň netijeliliginiň wajyp görkezijileriniň içki gözegçilik ulgamyny guramaklyga;

***Logistikanyň ulgamlaýyn seljermesiniň usullary*.**

Logistika ulgamynyň seljesmesinde ulanylýan esasy usullary (metodlary) şu aşakdakylardan durýar.

***1.Senariýalaýyn usuly***-logistikanyň meseleleriniň başlangyç kadalaşdyryjy çözgüdi bar bolan meseleleriň beýlekiler bilen arabaglanşygy baradaky maglumatlary almak we ýygnamak, geljekki ösüşiň mümkin we bolaýjak ugurlarynyň serişdesi bolup durýar.

***Senariýa-gözleg*** geçirilýän logistiki obýektiň mümkin bolan ösüşiniň görnüşleriniň hil taýdan ýokary bolan suratlandyrylmasy.Bu suratlandyrmada anyklanan (öňden üns merkezinde bolan) serişdeleriň dürli baglanyşygy nazarda tutulýar.

Wakalaryň ösüşiniň mümkin bolan görnüşleriniň mundan beýläkki seljermesi üçin hem-de has hakyky we amatly şertleriň saýlanyp alynmagy-senariýa giňişleýin açyp görkezmegi bilen delillendirilýär.

Logistika boýunça ekspertleriň topary senaryýany ugrukdyrmak babatda onuň meýilnamasyny düzýär.Bu meýilnamada belli bolşy ýaly, logistikanyň hereket edýän zolagy belli edilýär.Logistiki wezipeler meseleler hökmünde öňde goýulmagy we çözülmegi hem-de daşky gurşowyň faktorlary bilen bilelikde senariýanyň meýilnamasy düzülende nazarda tutulýar.

Senariýany amal etmek boýunça işleri ýerine ýetirmek üçin olaryň aýry-aýry bölümleriniň ekspertleriniň aýratyň toparlary işläp taýýarlaýarlar.

***2.Delfiniň usuly*** ( bu ýerde delfi alymyň ady;)

Delfiniň usulynyň senariýa usulyndan tapawudy- logistiki amallar boýunça ekspertleriň haýsam bolsa bir modeliň kömegi arkaly hakyky ýagdaý bilen öňünden tanyş bolmaklygy;

Delfiniň usullarynyň etaplary:

**1)**Birnäçe ekspertlere şol bir sorag berilýär;

**2)**Her bir ekspert özüçe beýleki ekspertlerden aýratynlykda ýagdaýy bahalandyrýar;

**3)**Soraglaryň jogaplaryny ýygnaýarlar we statistika boýunça ortaça ähmiýeti kesgitlenilýär;

**4)**Eger-de ekspertleriň jogaplaryny ortalyk bahaladyrmakdan has tapawutlandyrylan bolsa,onda olar ortaça netijeler çykarylandan soňra,olara ýagdaýy esaslandyrmak üçin teklip berilýär.

**5**)Ekspertler delilleri (esaslary) taýýarlaýarlar we olary bahalandyrmagy ara alyp maslahatlaşmak üçin gün tertibine goýýarlar.

**6**)Ahyrky netijeleri işläp düzmek üçin Ekspertler ortalyk netijeleri we talabalaýyk delilleri hödürleýärler.

***3.Maksatlaýyň Daragt usuly (метод дерево-.целей*****)** –Logistika boýunça ekspertler logistika modeliniň gurluşyna bütewilikde baha bermek hem-de şol modeliň gurluşynda öň hasaba alynmadyk baglanyşyklary goşmak üçin teklip berip bilýärler.***Daragt usuly***-bu baglanyşygy emele getirýän tertip bolup,onuň depeleri logistika ulgamynyň maksatlary hasap edilýär,onuň ýaý görnüşli şahalary bolsa maksatlaryň arabaglanyşygy bolup durýar.

Şu usul (metod) arkaly logistikanyň guramaçylygynyň ýokarky derejelerdäki maksatlary aşaky derejelerdäki anyk serişdeler bilen baglanyşdyrýar.

Maksatnamalary meýilleşdirmekde daragt usuly tertipleýin görnüşde çykyş edýär. Bu tertipleýin görnüş logistikanyň meýilnamasynyň umumu maksatlaryny dürli

derejelere bölýär.Maksatnamalaryň görkezmesi logistikanyň guramaçylygynyň ýokary basganҫaklaryndan başlanýar,soňra olary yzygiderli kiçi böleklere bölýärler.

Kiçi böleklere bölmekligiň esasy düzgüni-bu doly görnüşde bolmaklyk,ýagny,birleşmegiň dürli basganҫaklarynda başlangyç ýagdaýy takyk kesgitleýär.

***4.Matrisa usuly.***Logistiki maglumatlaryň seljermesiniň we takyklamaklygyň matrisa usuly logistika ulgamynyň seljermesiniň ýöriteleşdirilen serişdesi bolup durmaýar.Emma olar logistika ulgamynyň seljermesiniň dürli etaplarynda kömekçi seşişde hökmünde giňden ulanylýar.

***Matrisa-*** bu maglumatlaryň nusgowy görnüşi bolup durýar.Matrisa elementleriň arasyndaky içki aragatnaşyklary açyp görkezýär,gurluşlaryň gözegçilik edip bolmaýan böleklerini anyklamaga we seljermäge kömek edýär:Mysal hökmünde D.I Mendeleýewiň “ **Elementleriň periýodiki sistemasy**” ulgamyny mysal getirip bolar.

***Logistikanyň esasy ýörelgeleri (prinsipleri):***

**Logistikanyň ýörelgesi (prinsipi)** diýip – Umumylaşdyrylan tejribeleriň esasynda işlenip düzülen maglumatlary we logistika boýunça ekspertleriň gözegçilikleriniň netijesinde emele gelen hadysalaryň kadalary;

Logistikanyň ýörelgeleri (prinsipleri) şu aşakdakylardan ybaratdyr:

***a)Pähimlilik (Oýlanşyklylyk) ýörelgesi (prinsipi)*** – öňümizde goýlan meseleleriň şertleri bilen bagly görkezijiler boýunça dolandyrmaklygyň çözgütlerini saýlap almak üçin ulanylýar.Öňde goýlan maksada ýetmek üçin harajatlaryň hem-de olaryň ahyrky netijeleriniň amatly bolmagyny çözgüt hökmünde hemişe saýlap alynýar.

***b)Bütewilik ýörelgesi (prinsipi)*** – logistika ulgamyndaky wezipeleriň maksatlaýyn hereket etmegini amal etmek bolup durýar,ýagny,ulgamy bölekleýin däl-de tutuşlaýyn amal etmek üçin peýdalanylýar.

Her bir logistika ulgamy ilki bilen daşky gurşow bilen baglanyşykly bolan **Makroderejelerde** hem-de **Mikroderejelerde** öwrenilýär.

***ç)Ulgamlaýyn ýörelge (prinsip)*** – logistikanyň obýektiniň bir tarapdan bütewi görnüşde hem-de ikinji tarapdan uly bütewiligiň bir bölegi hökmünde hem barlag geçirip bolýär.Ý okarda agzalan uly bütewilik ulgamynda seljerilýän obýekt beýleki ulgamlar bilen aýratyn aýratyn aragatnaşykda bolýar.

Şeýlelik-de ulgamlaýyn ýörelgesi (prinsipi) obýektleriň we predmetleriň hemme taraplaryny giňişleýin we şol döwürde öz içine alýar.

***d)Agalyk etmek ýörelgesi (принцип Иерархии)*** – Aşaky elementleriň ýokarky elementlere diňe aýratyn basgançaklar boýunça boýun bolmaklygyň düzgüni hasap edilýär.Agalyk etmek basgançagy hem aşaky basgançakdan ýokarky basgançaga geçmegi.

Logistika ulgamynyň Agalyk etmeklik gurluşynyň dolandyrylyşy maglumatlaryň uly möçberini ulanmak we işläp taýýarlamak bilen şertlendirilýär.

Aşaky basgançaklarda has anyklaşdyrylan we detallaşdyrylan maglumatlary ulanylýar we logistika ulgamynda hereket edýän özbaşdak ekspertleri öz içine alýar.Has ýokary basgançaklara umulaşdyrylan maglumatlar baryp ýetýär,tutuş logistika ulgamynyň hereketiniň şertleri häsiýetlendirilýär.

***e)Birleşmeklik (Integrasiýa) ýörelgesi (prinsipi)*** – Birleşmeklik (integrasiýa) – dürli bölekleriň we düzümleriň bütewi birleşmesini aňladýar.

**Birleşmeklik ýörelgesi (prinsipi)** – Logistika ulgamyndaky birleşmäniň düzümini we kadalaryny öwrenmek üçin gönükdirilen.Birleşigiň düzümleri elementleriň bütewiligine birleşmegiň,hereketleriň eýeleýän meýdany we döwri utgaşdyrylýar.

***Logistika ulgamy*** – elementleriň tertipleşdirilen aýratyn aragatnaşyklaryň jemi hökmünde özboluşly ulgamlaýyn düzümleri eýeleýär.Agzalan düzümler özbaşdak elementlere häsiýetli däl we **Sinergiýa** netijeliligini alyp bilmeklige kömek edýär.

***Sinergiýa aragatnaşygy*** – bu aragatnaşyk logistika ulgamynyň özbaşdak elementleriň bilelikdäki geçýän hereketleriniň umumy netijesini üpjün edýär.Bu netije özbaşdak hereket edýän şol elementleriň netijeleriniň jeminden ýokarda durýar,şeýle hem ulgamyň elementleriň güýçlendirilen aragatnaşygy bolup durýar.

***g)Ä hmiýetlilik ýörelgesi (prinsipi)*** – Kärhanalaryň logistika ulgamynyň hereketinde hil we mukdar taýdan häsiýetlerini amatly tarapa gönükdirmäge kömek edýär.

## *I.8.Logistika ulgamy:amal edilişiniň we gurluşynyň aýratynlyklary.*

Logistika – mälim bolşy ýaly, Tektologiýa ylymlaryna degişlidir.Bu ylym beýan edilende şeýle görnüşli ulgamlaryň umumy häsiýetnamasyndan gelip çykmaly.**Birinjiden,**ähli ulgamlaryň guramaçylygy pes derejelerinden ýokary derejelere geçýärler.Bu hadysa saýlamak we ölçemek kadalary bilen sazlaşdyrylýar.Logistika ulgamlary – obýektiw tejribesiniň guramaçylygynyň bir setir dürli derejesiniň berk kanunalaýyklygyny görkezýär.Bu kanunalaýyklyklar ilki bilen adamyň dünýewi döredijiliginiň usuly bilen baglanyşyklydyr.Adam zähmeti guramakda we akyl ýetirmekde obýektiw tejribeleri işläp düzýär.Tebigatdan tapawutlylykda adam öz hususy dünýäsini döredýär hem-de güýjüň iki çeşmesini ulanýar:Güýjüň birinji çeşmesi ***zerurlyga – sebäp*** bolmaklyk.Tebigat hem şeýle hereket edýär.Ylymlaryň kömegi bilen mümkinçilikleri saýlap almak,erkin döredijiligi amala aşyrylýar;Adam tebigatda ýok zatlary,nusga edip bolmajak zatlary döretmäge ukyplydyr.Şol bir wagtyň özünde obýektiw we subýektiw faktorlary ulanýarlar.Erkin döredijilikde subýektiw faktorlar aýan edilýär.

Logistika üçin işjeňligi saýlap almak boýunça islegiň aňly – düşünjeli,maksadaokgunly görnüşine eýe bolýarlar. Bu işjeňligiň logistiki obýektleriň we ulgamlaryň hereket edişini islege görä ugurlarda we sazlaşmagyny üpjün edýär.

***Zerurlyga - sebäp*** bolmaklyk obýektiw faktorlarynyň zolagyny emele getirýär – bu tebigatyň kanunlary,şeýle hem jemgyýetiň ösüşiniň şertleri we kanunlary.

Obýektleriň we Subýektleriň arabaglanyşygy logistika ulgamynda derejeleýin tertibiniň ilkinji setirini emele getirýär.Obýektiw we subýektiw faktorlary dialektikanyň birleşiginde ýerleşýärler.Logistika ulgamynda beýleki derejeleýin tertibiniň setiri guramaçylygyň dürli derejeleriniň çylşyrymly ugry boýunça geçýär.

Aşaky we ýokarky derejeleriň arabaglanyşygy – logistikanyň teoriýasynyň wezipeleriniň aýratyn bir görnüşi hasap edilýär.

**Ikinjiden**,Logistika ulgamy – bu işjeňlikleriň jemi bolup durýar.Işjeňligiň logistikasynda elementleriň ulgamyny işewürlik ýagdaýyna getirmäge ukyplydyr,Işjeňligiň guramaçykygynyň başlangyjyna we dargadyjy elementlere eýedir.

Logisyika ulggamy durnukly,haçanda guramaçylyk işjeňligi agdyklyk eden ýagdaýynda.

**Ü çünjiden**,Logistika ulgamy dumuş taýdan guramaçylykly elementleriň ulgamlaryna degiňlidir,olaryň aýratyn häsiýetleri bardyr.Bular şu aşakdakylardan ybaratdyr;

a)Elementleriň arasyndaky hem-de daşarky güýçleriň täsiri astynda ýa-da hususy işjeňligiň täsirinde kesilen gatnaşyklary dikeltmäge ukyplydyr;

b)Guramaçylyk aragatnaşyklary – bu Ingressiýanyň (kleýlemek) kömegi bilen elementleriň sazlamak we baglaşdyrmak gatnaşygy;

Bu ýerde Ingressiýanyň wezipesini,şol jemgyýetiň ahlak kadalary we däp – dessurlarynyň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.Loguistikanyň ulgamlarynda aragatnaşyklaryň kesilmegine köplenç şular sebäp bolýar.Emma hereket edýän ulgamda näsazlyklar ortadan aýrylanda, däp bolşy ýaly kanuny düzgünnamalara uly üns berilýär hem-de bu düzgünnamalar ahlak we hukuk ýodalarynda işläp bilmeýär.

Logistikanyň ulgamlary agzalan häsiýetleri hasaba almak bilen üňümizdäki aňlatmalara eýe bolýarlar:

Logistika ulgamlary – bu durmuş taýdan guramaçylykly elementler bilen bagly ulgamdyr.Bu elementler ýaşaýyşda wajyp bolan elementler bilen baglydyr.Olar elementleriň arasyndaky gatnaşygy dikeltmäge ukyplydyr.Bu ýerde Ingressiýanyň hereket edişi hukuk däl arassa ahlak kadalary,däp-dessurlary we jemgyýetiň ruhy taýdan aýratynlyklary ýerine ýetirýärler.

Logistikanyň ulgamlary – saýlamak we ölçemek kadalary boýunça gurulan guramaçylygyň işjeňliginiň jemleýji kompleksi;

Logistikanyň ulgamlary indiwidual guramaçylygyň bir topar çylşyrymly derejeleri özünde saklaýar,bu ýerde ösüşiň hadysasy guramaçylygyň pes derejeden ýokary derejelere geçmeklik görnüşinde bolup geçýär.

Logistika ulgamynda her bir bölüm beýleki bölümleriň üstüni dolýarlar we ol bölümler bütewi bir bedeniň agzalary hasap edilýär.

## *I.9.<u>Üpjünçiligiň logistikasy – birleşen logistikanyň zynjyrynyň düzüminiň bölegi we logistikanyň işleýşi.</u>*

Akym kategoriýasy umumy bir zady öz içine alýar we ol umumylygy ýa-da bütewiligi üpjün edýär.Akymyň içinde käbir içki ýörelgeleri bolýar.Şonuň kömegi bilen hadysalaryň umumy toplumy emele gelýär,ol hadysalar biri-biri bilen syzyp geçmek aragatnaşyklarda bolýarlar.Akym hem käbir aýratynlyklary öz içine alýar,ol bütewiligiň içinde tapawutlylyklary üpjün edýär.Şol aýratynlygyň

ýaýbaňlandyrylýan mahalynda bütewiligiň täze mazmuny bilen üstüni dolýar we çylşyrymlaşdyrýar.

Bütewiligiň ýönekeý ýagdaýy çylşyrymly ýagdaýa geçýär,dürlüligiň bütewiligi ýaly ýa-da köpçilikden birlik ýaly bolup görünýär.Iş ýüzünde ýönekeý bütewiligiň çylşyrymlaşmagy görünýär:Esasy akyma ýanaşyk täze akymy emele getirýär;Akymyň guramaçylygyň görnüşleriniň dürli bolmagynda we çylşyrymlaşmagynda logistika zynjyrlary – akymyň bir görnüşi bolup durýar.

Ykdysadyýetde logistika işi aýratyn kärnananyň çäklerinden çykýar;haryt-materiýal gymmatlyklarynyň bahalarynyň emele gelmeginde we döremek hadysasynda logistika zynjyrynyň ülüşlerini gurnaýar.

“Logistikanyň zynjyry” düşünjesi – logistikada esasy düşünjelerden biri bolup durýar.Logistikanyň zynjyry (üpjün etmekligi dolandyrmagyň zynjyry) – bu amallaryň yzygiderliligidir,amallaryň durmuşa geçirilmegi çigmal akymynyň syzyp geçýän dolandyrylyşynyň mümkinçiligini berýär;çigmalyň ilkinji çeşmesinden (çigmal taýýar önüme öwrülýär) sarp edijilere çenli; (taýýar önümleri satmak ulgamynyň üsti bilen) Şu zynjyryň işiniň ähniýeti bolar ýaly,ykdysady logistika çylşyrymly wezipäni çözmäge borçlydyr.Bu wezipe üpjünçiligi dolandyryş ulgamynda çigmal resurslarynyň hereketini sinhronlaşdyrmak we köp sanly Biznes – hadysalaryň arasynda maglumatlary alyşmak bolup durýar.Bu zynjyryň ülüşiniň gurluşynyň usuly özara bagly bolan bütewi ulgamynyň ýeten derejesi hökmünde bolup bilýär.

### *Logistikanyň işleýşi*:

Ykdysady logistikany örän wajyp görnüşde öwrenmek zerurdyr:

a)Teoriýalaýyn meýdany – onda täze ylymlar döredilýär;

b)Hojalyk amaly,akymlaryň dolandyrylyşynyň we guramaçylygynyň tejribesiniň toplanmagy – bu logistikanyň hil taýdan dürli iki ýagdaýy.Olaryň her biriniň özüniň aýratyn niýetlenişi bardyr.Olary biri-biri bilen deňäp bolmaýar ýa-da biri-

biriniň ornuny tutmaýar. Logistikanyň hojalyk amalyna göniden-göni işe girizýär we şonuň ösüşiniň hili hojalygyň görnüşine ýagdaýyna gönüden-göni bagly bolýar.Bu baglylyk ulgamlaýyn derejelerde we hojalygyň düzüminiň gurluşynyň derejelerinde kabul edilýär.

Logistiki hojalyk işiniň görnüşi hökmünde Biznes – hadysa bilen deňeşdirilýär.Ol önümçiligiň ähli hereket ediş fazalaryny syzyp geçýär,Marketigiň,Maliýäniň instrumenti bolup giňden ulanylýar,hojalyk işlerine we koperatiw strategiýasyna täsir edýär.Şu görnüşde logistika içden geçýän mümkinçilikleri durmuşa geçirýär.

## *I.10.__Logistikadaky guramaçylyk we oňa çapraz gelýän bidüzdünçilikli ýagdaýlar.__*

Logistika ulgamynyň konstruktirlenme döwründe komponentleri şu ulgamyň maksadyna we ugrukdyrylmagyna laýyk gelýänlerini saýlap alýarlar.

Işjeňlikler ýagny,bular amatly hem-de amatly däl ugurlary özünde saklap bilýär.Logistika ulgamy dörediji güýçleriň agdyklyk edýän wagtynda amatly işlaýär.

Logistikadaky guramaçylyk we oňa çapraz gelýän bozgakçylyk ýagdaýlar düşünjesiniň manysy işjeňligiň utgaşmasyna alyp barýar.

Guramaçylyk – bu şeýle ýagdaý,haçanda bütewilik öz bölekleriniň jeminden köp bolýar.Guramaçylyga çapraz gelýän bidüzgünçilikli ýagdaýlar – bu ýagdaý,haçan-da bütewilik öz bölekleriniň jemiinden az bolýar.Bu ýerde şuny aýtmak örän wajypdyr:bütewi guramaçylyk öz jeminden köp bolýar,sebäbi onuň bar bolan işjeňlikleri gapma-garşylyklary az bolan ýitgiler bilen birleşýärler.Işjeňlik bilen garşylyklaryň ýüzme-ýüz bolýan ýerlerinde hakyky netijelerde işleriň jemi beýlekiler bilen birleşme usulyna bagly bolýar.Bu bütewilik üçin beýleki tarapda jem artýar,şeýle hem birleşme garşylyklary azalmagyna alyp barýar.

Şeýlelik-de, bu guramaçylygyň has ýokary derejesini aňladýar.Logistika ulgamy – Guramaçylyk işjeňlikleriniň jemidir.Işjeňlik dargatmaklyk ukybyna hem

eýedir.Egerde bidüzgünçilikli güýçleriň toplanmagy belli bir derejä baranda (şu dereje agzalýan ulgamda oýlanmaklyk çäginde rol oýnaýar) bidüzgünçilikler başlanýar we şeýlelik bilen ulgam dargap başlaýar:Meselem,Logistika zynjyrynyň netijesi umumy tagallalara bagly bolýar.Gatnaşýan taraplaryň arasyndaky hyýanatly büsleşigi ulgamyň elementleriniň arasyndaky berk arabaglanyşygyny dargatýar.

## *BAP. II.Logistiki hojalyk aragatnaşyklary*

### *II.1.<u>Logistiki hojalyk aragatnaşyklary, olaryň aýratynlyklary we gurluşy.</u>*

Logistiki hojalyk aragatnaşyklary – bu şertleşige gatnaşýan taraplaryň guramaçylyk,ykdysady we hukuk gatnaşyklarynyň jemidir.Kärhanalaryň arasyndaky önümçilik serişdelerini alyş-çalyş etmek boýunça haryt gatnaşyklarynyň aýratyn görnüşi hasaplanýar.Bu işlere gatnaşyjy hökmünde şulary agzap bolar:Ö nümçilik kärnanalary,sarp ediji kärhanalar we araçy guramalar bolup biler.Logistiki hajalyk aragatnaşyklarynyň esasynyň mazmuny täjirçilik serişdelerine bagly bolup durýar;hojalyk aragatnaşyklarynyň toparlanmagy;pudaklaýyn gurluşy boýunça;territoriýalaýyn alamaty boýunça;aradellallaryň gatnaşygynyň derejesi boýunça;işewürligiň dowamlylygy boýunça; Olaryň hukuk esasy ýuridiki kada-kanunlara,kodekslere we kadalaýyn namalara bagly bolýar.

Häzirki hojalyk aragatnaşyklary düşünjesi – taryhy ylymlaryň çeşmelerinden öz gözbaşyny alyp gaýdýarlar.Logistiki hojalyk aragatnaşyklaryň barlag edilýän wagtynda ykdysady – matematiki usullary we modelirlemegi ulanýarlar.Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň mazmunyna hem-de şertleşigiň haýsy görnüşde geçýänligi,haýsy subýektleriň arasyndadygy we nämeler bilen baglylygyna öz täsirini ýetirýärler.

Şertleşik – üpjünçiligiň logistikasynyň esasy düşünjeleriň biri bolup durýar.Ol alyp-satmak resminamalaryny delillemekde we iň azyndaň iki subýektini (şertleşige gatnaşýan taraplar) we şertleri barada belli bir netijä gelmek,şertleşigiň möhleti we geçirilýän ýerini öz içine alýar.

Özüniň mazmuny aýratynlyklary boýunça Şertleşikleriň birnäçe görnüşleri bardyr:

a)Haryt – pul şertleşigi, haçan-da harytlar pula çalyşylýar;

b)Haryt çalşygy (Barter) şertleşikleri,haçan-da bir haryt beýleki bir haryda hiç hili pul gatnaşygy bolmazdan çalşyrylýar.

ç)Öwezini dolmak (kompensasiýa) şertleşikleri,haçan-da taraplar biri-birine harytlaryň iki garşydaş bolan sanawyny ugradýarlar:birinji sanawda harytlaryň atlaryny we mukdaryny hem-de bahasy görkezilýär.Bulary taraplaryň biri almak isleýär,indi ikinji sanowda öwezini dolmak üçin hödürlenýän harytlaryň atlary.Ýönekeý söwda şertlerinde alyjy satyn alnan gymmatlyklaryň eýesi bolup galýar,aiyjy satyn alan zatlarynyň ýerine pul berýär,şeýlelikde satyjy puluň eýesi bolup galýar.

Lizing we kärende amallary ýerine ýetirilende şertleşigiň häsiýeti düýbünden başgaça bolýar,gutarnykly söwda edilmeýär;gymmatlyk alyja wagtlaýyn ulanmak üçin berilýär.Şeýle şertleşikde gymmatlygy ulanmakdan emele gelen gymmatlyk,ýagny kärende tölegi bilen ýa-da Lizing şertnamasy boýunça tölegleri gaýdyp alýar.

Bu şertleşik kärende alynýan obýektleriň satyn alynmak hukugy bilen şertleşigi öz içine alýar.Kärendä alyjy kärendä berlen obýekti satyn alyp bilýär we onuň eýesi bolup bilýär.Şular ýaly görnüşli şertleşigiň mazmuny – wagtlaýynça önümçilik zatlarynyň ulanmaga berilýär.Olar diňe esasy önümçilik fondunda giňden ýaýradylýar.Lizing we kärende görnüşindäki söwda şertleşigi – ol karz bermeklik şertleşiginiň görnüşi bilen meňzeş bolýar.Karzyň giňden ýaýramagy,Lizing we kärende hojalyk amallarynda daşyndan gelen karzyň alnan

serişdeleri ulanmaga mümkinçilik berýär.Bu şertleşikleriň netijesinde hojalyk aragatnaşyklarynyň esasy subýekti hakyky eýesi bolmaýar,indi esasy subýekt bolup wagtlaýyn eýelik edýän tarap – ulanyjy wagtlaýyn eýeçilige bermekligi haryt dolanyşygyny çaltlandyrýar we üpjünçilik hadysasyny ýeňilleşdirýär.Kärhanada gerek bolan tehnikalary satyn almak üçin serişdeler dýetmeýär,ýöne olary kärendesine almak üçin serişdeleri ýeterlik.

Telekeçiler elýeterli – batyrmaýan karzlara mätäç bolup durýarlar.Bu hadysalar haryt aragatnaşyklarynyň mazmunyna täsir edýärler,kärhananyň serişdeleriniň dolanyşygynyň tizliginde we onuň ýola goýulmagynda harytlaryň göwrümi şöhlelendirilýär.Şu ýagdaýlaryň dogry hasaby hojalyk aragatnaşyklarynyň guramaçylygynda we meýilleşdirilmeginde hem-de üpjünçilik logistikasynyň düşünjesiniň tutuş bütewiliginde uly roly oýnaýar.Kärhananyň logistikanyň hojalyk aragatnaşyklarynyň ösüşine bir topar faktorlar täsir edýärler:Meselem jemgyýetçilik önümçiliginiň möçberi,pudaklaýyn aýratynlyklary,kärhananyň ýöriteleşmegi we koperasiýalaşmagy,önümçiligiň we taýýar önümleriň sarp edilişiniň göwrümleri;olaryň hil häsiýetleri.Jemgyýetçilik zähmediň bölünmesiniň çuňlaşmagynda ýöriteleşmegi we koperasiýasy ýokarlanýar,kärhanalaryň arasyndaky hojalyk aragatnaşyklary çylşyrymlaşýar,tehnologiki tabynlyk ýa-da garaşlylyk ösýär,üpjün edijileriň bäsdeşligi hem ösýär.Taýýar önümleriň assartimentleriniň köpelmegi satyn alynýan çigmal – materiallaryň möçberiniň artmagyna getirýär.

Pugaklaýyn aýratynlyklary namenklaturanyň we sarp edilýän taýýar önümleriň möçberini öňünden anyklaýar.Bu ammar hojalygynyň kuwwatlylygyna,önümçiligiň görnüşine (köpçülikleýin önümçilik,ýekebara önümçilik,seriýalaýyn önümçilik) – önümçilik hadysasynyň özüne täsir edýär.Döwrebap kärhanalar,esasanam maşyngurluşygy,abzallar gurluşygy täze tehnologiýalary ulanýarlar,olar diňe bir çigmal-materiallary sarp etmek bilen çäklenmäniň üstesine gurnamaga degişli bolan komponentleri hem öz içine alýar

we mundan başgada ýarymfabrikatlary,detallary,bulary beýleki kärhalaryň çykarýarlar,ýagny öndürýärler.

Şular ýaly kärhanalarda komplektleşdirilýän önümleriň paýy köplenç satyn alynýan başgaky çigmallaryň umumy möçberinden ýaryşyndan gowragyny ýetýär.

Logistika işiniň netijesinde önümçiligiň möwsümleýin häsiýetiniň faktorlary has täsirli balýar.Daşky faktorlary we önümçiligiň möwsümleýin aýratynlyklary logistika hojalyk aragatnaşyklaryň emele gelmegiň talaplaryna öz täsirini ýetirýär.

Logistikanyň hojalyk aragatnaşyklarynyň emele gelmegiň talaplary şu aşakdakylardan ybarat:

__Sarp edijilere ugradylýan taýýar önümleriň assortimentiniň we hiliniň talabalaýyk bolmagy we olaryň dolanyşyk harajatlaryna möçberini peseltmek hem-de hakyky sarp edilişine;

__Ätiýaçlyklaryň gurluşynyň we göwrümiň amatlaşdyrmaklyk esasanam önümçilik sferasynda hem-de dolanyşyk sferasynda;

__Taýýar önümleriň paýlamak üpjünçiliginiň üpjün edijiden sarp edijä çenli öz wagtynda bolmagy we üznüksizligi;

__Şertleşmegiň özara bähbitli häsiýeti;

__Resminama dolanşygy ulgamynyň tertipleşdirmegiň derejesi hojalyk aragatnaşygyndaky taraplaryň arasyndaky şertnamalaýyn gatnaşygy;

Hojalyk aragatnaşyklarynyň emele gelýän döwrünge elektron enjamlaryň kömegi bilen resminamalaryň dolanyşygynyň mukdary azaldylýar.

## *II.2.__Logistiki hojalyk gatnaşyklarynyň emele gelmeginiň aýtatynlyklary we klassifikasiýasy__.*

Logistiki hojalyk gatnaşyklarynyň emele gelmek hadysasyny gowy düşünmek üçin olary bir topar alamatlary boýunça hökmany suratda klassifikasiýa etmelidir.Hojajyk aragatnaşyklaryny klassifikasiýa etmek boýunça:Pudaklaýyn

gurluşy boýunça (pudakiçi,pudakara); territorial alamatlary boýunça (etrap içi,etpap arasynda,halkara); araçylaryň gatnaşyk derejeleri boýunça (göni,dellallaryň üsti bilen);üpjünçiligiň görnüşi boýunça (ammar üpjünçiligi,tranzit üpjünçiligi);işjeňligiň dowamlylygy boýunça (gysga möhletli,uzak möhletli);

Birinji iki alamaty pudaklaryň we territoriýalaýalaryň logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň öz içine alýan meýdanyny häsiýetlendirýär.

Araçylaryň gatnaşyk derejeleri boýunça alamaty taýýar önümleriň üpjünçiliginiň guralyşyny şertlendirýär,bu alamat taýýar önümleriň üpjünçiliginiň ugrunyň gurluşyna haryt dolanşygynyň dolandyryş hadysasynyň harajatlaryna täsir edýär.Bu ýerde dürli mümkinçilikleriň bolmagy ähtimal.Göni aragatnaşygy (üpjün ediji,sarp ediji) aradellallaryň üsti bilen aragatnaşyklar – munda,ýagny üpjünçilik hadysalarynda hem-de hasaplaşyklarda dellallar gatnaşýarlar.Hojalyk aragatnaşyklarynyň guramaçylygy, şertleşmek boýunça taraplaryň saýlanylmagy,harydyň hili we mukdary hem-de bahasy baradaky ylalaşygy,bularyň hemmesi çygyrda düzülen,seýle-de haryt dolanyşygynyň saýlanan görnüşi wajyp orny eýeleýär.Ol harydy ýerleşdirmegiň tranzit häsiýetine eýe bolup bilýär – önüm öndürijiden sarp edijä çenli ýa-da ammar häsiýetli,haçanda haryt ammaryň üsti bilen sarp edijä ýetirilýär. Munda subýektler – ammar hojalygynyň wekilleri gatnaşýarlar.Bu ýagdaýda hojalyk aragatnaşyklary söwdanyň dürli görnüşlerinde (lomaý we bölek satuw) iş ýüzüne geçirilýär.

Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň işiniň dowamlylyk alamatynyň durnuklylygy bilen şertlendirilýär we taraplara hojalyk aragatnaşyklarynyň subýektleri üçin wajyp ähmiýeti bardyr.

Taraplaryň aragatnaşygy:

1)Taraplaryň uzak möhletleýin aragatnaşygy;

2)Üpjünçiligiň şertleriniň,önümçilik hadysalarynyň aýratynlyklarynyň hasaby we özleşdirilmegi;

3)Üpjünçiligiň usuly,möhleti,toplanmagy,hili we assortimenti boýunça ylalaşygy;

Bularyň hemmesi netijede kärhanalaryň bäsleşiginiň ýokarlanmagyna itergi berýärler.Logistiki hojalyk aragatnaşyklaryň emele gelmegi üpjünçilik ulgamynyň ähmiýetli dolandyrylyşyna maglumatlaryň tehnologiýasynyň kömegi bilen (“Supply chain Management”) göni çykýarlar.

Logistikanyň zynjyrynyň dowamynda harydyň bahasy emele gelýär,ýöne bu hadysa soňky derejelerde – ahyrky sarp edijä harydyň satylmagy ýüze çykýar.

Logistika zynjyrynda “Gelýän” çigmal akymynyň dolandyryş hadysasynyň,şeýle hem üpjünçilik logistikasyna aýratyn üns bermeli.

Üpjünçiligiň gurnalýan ulgamynyň çäklerinde logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň emele gelmegi döwrebap maglumat kompýuter tehnologiýalary bilen çäklendirilmeýär.Hojalyk aragatnaşyklary kabul edilen hukuk kadalarynyň (kanunlar,kodeksler we düzgünnamalar) esasynda amala aşyrylýar.

Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň gurluşynyň emele gelmek etaplary boýunça örän wajyp mesele ýüze çykýar. Bulary birnäçe etaplara bölmek bolýar:

a)Hyzmatdaşlyk edýän taraplaryň gözlegi we saýlap-seçilmegi;

b)Alyş – çalyş şertleri baradaky ylalaşygy;

ç)Haryt dolanşygyny dolandyrmak;

e)Haryt dolanyşygyna gözegçilik etmek;

d)Alyş – çalyş şertleriniň düzgünleriniň bozulanlygy üçin ykdysady jogapkärçilik çärelerini görmeklik;

Logistiki hojaalyk aragatnaşyklarynyň iş ýüzünde amal etmek etaplary boýunça gurluşygynda açylyp görkezilýär:Derejeleriň tektologiki konsepsiýalaryň mümkinçilikleri;saýlamak mehanizmi işläp başlaýar;olara sezewar bolýan zatlar;

Saýlamak faktorlary – obýekte täsir edýän faktorlary,şol faktorlar obýektiň işewürligini gorap saklaýar ýa-da dargatýarlar.Saýlamagyň esaslary we bazisi – bu obýektleriň beýleki tarapy, ýagny obýektiň aýawly saklanmagy ýa-da ýok edilmegi onuň bilen baglydyr.

### *II.3.Logistiki we hojakyk aragatnaşyklarynyň kämilleşdirilmeginiň usullary*

Şu wagtgy döwrüň şertlerinde logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň emele gelmeginde programmirlemegiň döwrebap usullary we maglumat telekomunikasion usullary ulanylýar we olar aýlanşygy hem-de amatly bolmaklyga itergi berýärler.Meselem**;RP – Reguirements / Resourse planning** – sarp edijiligi meýilleşdirmegiň (resurslar) itergi berýän görnüşiň ulgamynyň hojalyk aragatnaşyklarynyň proýektirlenme döwründe ulanylýar.Bu ulgamlar material resurslarynyň ätiýaçlyklarynyň gözegçiliginiň hasabynda amatly bolmagyna mümkinçilik berýär,önümçilik meýilnamalarynyň operatiw düzetmek arkaly we hojalyk aragatnaşyklarynyň özara hyzmatdaşlyk edýänlere häzirki wagtyň tertibinde çigmal akymynyň ölçegleriniň amatly bolmagyna mümkinçilik berýär.Resurslary sarp etmekligi hasaba almaklyk arkaly harajatlaryň azaldylmagyna maglumatlaty kompýuterleriň goldawy (“*haýal etmek*”) görnüşiniň **“JIT” – Just – in – time** (“*diýlen wagtynda*”) goldawy arkaly mümkinçilik berýär.Bu ulgam “**LP” – Lean Prodacion” (Lean Manafacturing)** tehnologiýasyny özleşdirmek üçin esas bolup hyzmat edýär.Agzalan tehnologiýany iňlis dilinden göni terjime edeniňde – bu “Önümçiligiň tygşytlylygy” diýmegi aňladýar.Önümçiligiň iň az ätiýaçlyklar bilen,aralyk işleriň azaldylmagynyň hasabyna – tygşytlylygy ýokarlandyrmak, ýagny,ykdysadyýeti gurplandyryp bolar.Bu tehnologiýa kärhanada hil dolandyryş ulgamynyň **(TQM – Total Quality Managament)** hiliň kompleksleýin dolandyrylyşyny – ornaşdyrmazdan durmuşa geçirip bolmaýar.Bu tehnologiýanyň taktikasy şulardan ybarat:Düzümlerdäki ýitgini meýilnama boýunça ýok etmek,materiallaryň hereketiniň amatlydygyny bilmek,işgärleriň iş hereketlerini anyklamak,detallary işläp bejermegiň wagtyny azaltmagyň ýollaryny,tehnologiki hadysalaryň amatlylygyny bilmekden

durýar.Tehnologiýa **“Value added logistics”** – bu goşmaça gymmatyň logistikasy,ol sarp edijiler tarapyndan işleriň maksadalaýyklygyny anyklaýan we logistika zynjyrynda harajatlaryň ykdysady maksadalaýyklygyna gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.Bu tehnologiýa hojalyk aragathaşyklarynyň emele gelmeginiň logistiki hyzmatynyň ýeterlik derejesiniň hökmanylygynyň we ýeterliliginiň görkezijilerini hasaba almaga mümkinçilik berýär.Maglumat tehnologiýalary **“Time – Based logistics”** – wagtyň hakyky göwrüminiň logistikasy görnüşinde sargydyň logistiki döwrüniň dowamlylygynyň gysgaldylmagynyň ýörelgesinde esaslandyrylýar.Bu ýagdaýda wagt has ýokary gymmatlyk hasap edilýär.Wagt dolanşygynyň doly döwrüniň ýerine ýetirilişine sarp edilýär.Taýýar önümleriň çykarylyşynyň ähli döwürlerinde wagty ýitirmekligiň azaldylmagynyň hasabyna amatlyklara ýetip bolýar.Hojalyk aragatnaşyklarynyň emele geliş tehnologiýalary **“E – Logistics” (Elektron logistikasy)** we **“Wertual Logistics” (wertual logistikasy)** arkaly geçýär.Şu tehnologiýalar maglumatlary işläp düzmegi,maglumatlary geçirmegiň tizliginiň hilini we möçberini aýratyn talap edilmeginiň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

Maglumat tehnolgiýasy **“ECR – Efficient customer response” (Sarp edijileriň taraplaryna netijeli jogaplary)** harytlaryň ýerlenilmegini hereketlendirmekde,gerek ýerlerine paýlanylmagyna uly üns berilýär.

Üpjün ediji (satyjy) we lomaý alyjylar integrasiýa ulgamlarynyň kompýyter tehnologiýalaryny ulanmagy satyja dükanlaryňsöwda giňişliklerini has netijeli ulanmaga mümkinçilik berýär. Emma öndürijä – islegiň üýtgemegine çalt duýgydaşlyk bildirmegine,üpjünçiligiň zynjyrynda atiýaçlyklaryň azaldylmagyna we satuwyň möçberiniň artdyrylmagyna mümkinçilik berýär.

Kompýuter tehnologiýasynyň ösüş hadysasynda maglumat ulgamlarynyň hereket edişi has giňeldi hem tehnologiýalaryň özara gatnaşyklarynyň şertleriniň tehnologiýasynyň **(SCM – Supply chain management** – Üpjünçiligiň zynjyrynyň dolandyrylyşy) çäklerinde üpjün edýärler.

Maglumat tehnologiýa meýilnamasynda sereketleriň korporatiw strategiýasyny goldaýarlar,ol **“ERP – Enterprise Resuirce Planning”** (Resurslaryň integrirlenen meýilleşdirilmesi) maglumat ulgamynyň bir bölegini emele getirýär.

Ö nden gelýän tehnologiýalardan tapawutlylykda ýokarda agzalan tehnologiýasy ulanylanda amatlaşdyrmak we dolandyrmak üpjünýiligiň tutuş bütewi zynjyrynyň hemme ýerlerinde meşgullanýar.Öňki tehnologiýalar bolsa,diňe lokal bölümler bilen meşgullanýardylar.

## *II.4.Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyş obýektleri we subýektleri*

Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň hem obýektleri we subýektleri bardyr.Hojalyk aragatnaşyklarynyň obýektiniň düzümi täjirçilik sertlerinde näme sebäpden ýüze çykýanlygy bilen şertlendirilýär.

Üpjünçilik logistikasynda şertleşigiň obýekti önümçilik – tehniki hässiýetli önümlere gulluk edýär.Ö nümçilik – tehniki häsiýetlere mahsus önümleriň indiki gaýtadan işlenmegi üçin satyn alnan ýa-da beýleki önümleri öndürmek üçin harytlara düşünilýär.Ol önümleri üç topara klassifikasiýa edip bolýar:düzgün bolşy ýaly,esasy materiallar we detallar;maşynlar we enjamlar;kömekçi maşynlar we hyzmatlar.

Ykdysady teoriýada zähmet predmeti we zähmet serişdesi hem-de önümçilik serişdesini döretmek düşünjesi – düşünje manysynda ulanylýar.

Ö nümçilik – tehniki häsiýetli önümler zähmet predmetlerini hem-de zähmet serişdelerini öz içine alýar.Ýöne şu düşünjeler doly gabat gelmeýärler.Logistiki hojalyk aragatnaşygynyň obýektiniň tebigaty we gurluşy,eger-de kapitallaryň dolandyrylyş hadysasynda üns berlende açyk aýdyň mälim bolýar.Şular ýaly obýektiň düzümi gurluş ýürelgesi boýunça önümçilik gorlarynyň esasy we dolanyşyga bölünýänligi bilen gabat gelýär.Bölünmekligiň esasy önümçilik hadysasynda olary ulanmaklygyň usuly bolup durýar.Şertleşigiň häsiýetine we mazmunyna ulanmaklygyň usuly täsir edýär.Önümçilik – tehniki häsiýetli

önümleriň birnäçe önümçiligiň döwürlerine hyzmat edýär (binalar,enjamlar,maşynlar we ş.m).

**Lizingiň we kärendäniň** şerleşiginiň baglaşylmagy lizingiň we kärendäniň ýerlenmeginiň göni görnüşinde çaklanýar.Şular ýaly şertleşikler kärhanalaryň eýeleri bilen (paýdarlar) ýlalaşmaklygy talap edýärler.Ö nümçilik – tehniki häsiýetli önümleriň beýleki bölegi bir önümçilik döwrüne hyzmat edýär we şonuň netijesinde täze önümlere (çigmal,materiallara) öwrülýär ýa-da önümçilik hadysasynda doly sarp edilýär (elektrik energiýasy,ýangyç we ş.m.) Şulary satyn almak üçin şertleşigi göni alyp – satmak görnüşine eýedir.Şertleşigi baglaşmak üçin kärhananyň ýolbaşçylarynyň çözgüdi ýeterlik bolýar.Önümçilik – tehniki häsiýetli önümleriň dürli elementleriň önümçilik hadysasynda gymmatyň taýýar önümiň bahasyna geçmeginiň görnüşi (doly we bülekleýin) harajat edilen serişdeleriň öwezini dolmaklygyň dürli elementleriň gatnaşmagynyň usulyna (ýerlikli ulanmak könelme serişdeleriň hasabyna) baglydyr.Bularyň hemmesi logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň häsiýetine we mazmunyna gös-göni täsir edýär.

Logistiki hojalyk aragatnaşyklary obýektlerden başga subýektlerden hem bolmagyny çenden tutýar.Subýektler özara gatnaşmagyň ykdysady görnüşi hasap edýär.Şol özara gatnaşyklaryň netijesinde gymmatlyklary döretmegiň umumy hadysasynda olaryň alyş – çalşygy barada gatnaşyklar ýola goýulýar.Logistiki hojalyk aragatnaşygy – bu obýektiň we subýektiň bir bütewiligidir.Şol bir bütewilik olaryň umumy biri-birine garaşlylygy bilen berkidilendir.

Aragatnaşygyň subýektleri hukuk taýdan özbaşdak,ykdysady taýdan esaslandyrylandyr we özüniň özara gatnaşygynda özara bähbitlilik esasynda gatnaşýarlar.

Logistiki hojalyk aragatnaşyklary şertleşigiň gymmatlaryň gatnaşygy baradaky subýektleriň özara gatnaşygy usul hökmünde olary ykdysady mazmunynyň we hukuk görnüşiniň birligine hökman baha bermeli.

Hojalyk aragatnaşyklarynyň subýektleri şertleşik boýunça hyzmatdaşlary saýlamakda anyk belli kriteriýalary gollanma hökmünde ulanylýar,hil häsiýetlerini ynamly,wagtynda üpjünçiligini we onuň ykdysady maksadalaýyklygyny öz içine alýar hem-de ulanýarlar.*Şeýlelik-de logistiki hojalyklaryň subýektleri – bular şertleşige gatnaşýan taraplardyr:Üpjün edijiler – öndürijiler,aradellallar we sarp edijiler.Subýektleriň häsiýetnamasy – hojalyk aragatnaşyklarynyň göni ýa-da dellallara bagly bolmagy bilen düşündirilýär.*Hojalyk aragatnaşyklarynyň subýektleri:*Eýeçilik edýän subýektlere,önüm öndürijileris hem-de haryt dolanyşygy sferasynyň wekilleri – täjirçilik şereketleri,bular haryt – maddy gymmatlyklaryň subýektlerinden,öndüriji subýektlere – sarp edijilere hereketini üpjün edýär,ol ýa-da beýlekiler üçin aradellallar hasap edilýär.*

**Aradellallaryň wezipesi** – hojalyk aragatnaşyklarynyň gatnaşyjylara boldugyndan hyzmatlary hödürlemek we şol hyzmatlary hil taýdan hem-de wagtynda ýerine ýetirmek bolup durýar.Önümleriň öndürijiden sarp edijä çenli hereketi bilen bir hatarda aradellallar,işleriň giň göwrümini ýerine ýetirmekligiň borçnamalary öz üstüne alýarlar.Bu işler logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň emele gelmeginiň hemme etaplaryna degişlidir.

## *II.5.Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň gözlegleriniň usullary.*

Logistiki hojalyk aragatnaşyklaryň kämilleşdirilmegi, olaryň ösüşiniň **"aýdyňlygynda"** we **"öňünden çak etmekliginde"** esaslandyrylýar.Şol meseleleriň çözgüdi dogry maglumatlary ýygnamak,soňraky seljermesini geçirmän,bu meseläni çözüp bolmaýar.Şol sebäpli logistikanyň umumy teoriýasynda täze ylmyň ugruna – logistiki barlaglara,derňewlere uly üns berilýär.

Hojalyk aragatnaşyklarynyň logistiki barlaglary haryt akymlarynyň düzüminiň seljermesini öz içine alýarlar.Şol haryt akymlary mikro we makro derejelerdäki ykdysady,sosial we kommunikatiw hadysalary bilen bilelikde alyp barýar.

Logistika barlaglary bazaryň hödürleýän islegleri we kärnanalaryň öňe sürýän teklipleri bilen gabat gelmegi üçin obýektiw ýagdaýlary döretýärler.Olar barlag-derňew işleriniň hemme görnüşlerini öz içine alýar.Barlag-derňew işleriniň görnüşleri meýilnamalaşdyrmak,dolandyrmak we logistiki meseleleriň gözegçiligi bilen, haýsam bolsa, bir şekilde baglydyr.Şolaryň arasynda logistiki hojalyk aragatnaşyklaryny amatlaşdyrmak meseleleri wajyp orny eýeleýär.Ol talabalaýyk maglumatlary yzygiderli saýlamak,seljermek,şertleşigiň mümkinçiliklerini modelirlemek arkaly ýerine ýetirýär.

Hojalyk aragatnaşyklarynyň logistiki barlaglaryny geçirmek üçin umumy çemeleşmesi işläp düzülýär,ýagny bular işläp düzülende:logistiki akymlaryň proýektirlenmeginiň we seljerilmeginiň dürli usullary hem-de ykdysadyýetiň,marketingiň,menejmentiň,matamatikanyň teoriýalaryny,işleriň derňewlerini,ykdysady kibernetikany we başgalary ylmy esasda ulanyp bolýar.

Hojalyk aragatnaşyklary derňew edilende logistiki akymlaryň suratlandyrylyşynyň uniwersal usullaryndan biri bolup:Ykdysady – matematiki we modelirlemek bolup durýar.Bu resmi görnüşli serişdeleriň toplumydyr.Şol serişdeler kompýuter we kommunikasion tehnikalaryň esasynda maglumat tehnologiýalarynda iş ýüzünde amal edilýär we logistikada dolandyryş wezipelerini çözmek üçin ulanylýar.Logistiki hojalyk aragatnaşykarynyň oýlanyşyklylygynyň meselelerini çözmek üçin grafiki usuly ulanýarlar.Logistiki akymlaryň hereketiniň grafiki çyzgysy aralaşmaklygyň ýollaryny gözegçilik etmäge,işläp çykarmagyň pursatlaryny ýüze çykarmaga,görnüşleriniň üýtgedilmegine,siňdirilmegine mümkinçilik berýär.

Akymyň çyzgysynyň seljerilmesiniň netijesinde logistika ulgamynyň her bir bölümçesi üçin göwrüminiň häsiýetini we işleriň ýerine ýetiriş möhletlerini,şeýle hem gözegçiligiň barlygyny ýa-da onuň ýoklugyny,önümleriň artyk saklanmagynyň sebäplerini we sarp edijilere ýetirip berlende talaby ödemeýän gijä galdyrmalary ýüze çykaryp bolýar.

Logistiki akymyň suratlandyrylyşynyň grafiki usulynyň sadalyk (ýönekeý) uniwersal,görkezme häsiýetli tygşytlylyk – onuň belli bolmaklygyna we iş ýüzünde köp ulanylmagyna itergi berýärler.Ýöne iş ýüzünde şol usulyň ulanylyşynda bir topar çäklendirmeler bar:**Birinjiden**,logistika ulgamynyň bölümçeleriniň sanynyň artdyrylmagy we şol ulgamlaryň çylşyrymlylygynyň köpelmeginde grafiki çyzgy şeýle bir uly bolup bilýär,munuň netijesinde seljermäniň serişdesi hökmünde öz gymmatyny ýitirýär**;Ikinjiden**,logistiki akymyň seljermesiniň grafiki çyzgylary iş ýüzünde hereket edýänligi bilen tapawutlandyrylýar,bu logistiki hadysalaryň häsiýetlerini güýçlendirmekde seljermäniň geçirilýän wagtynyň dowamynda we onuň netijeleriniň gymmatlyklarynda şöhlelendirilýär.

## *II.6.__Logistiki aragatnaşyk ulgamynda maglumatlary işläp taýýarlamak hem-de modelirlemek__*

Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň gözleginde ýük daşamaklygyň amatly hadysalarynyň öňünden öwrenmekligiň ýol-ýodalary,önümleri sarp edijilere ýetirmegiň amatly tertipleşdirilip düzülmegidir.

Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň gözleginde ýük daşamak boýunça amayly ýol-ýodalaryň işläp düzmeklik hadysasynyň öňünden öwrenilmegi we önümleri sarp edijilere ýetirmegiň şertleri amatly bolan ýagdaýda tertipleşdirip düzmekligi köplenç nazarda tutmalydyr.Bu maksatlar üçin ulgamlaýyn modeli ulanylýar.ulgamlaýyn modeliň seljermesi wagtyň ätiýaçlandyrylmagyny gözläp tapmaklygyň aýgytly ýollaryny,ýerleriň inçelik bilen ýüze çykarylyşyny,resurslaryň täzeden peýdalanylmagy usullary bilen ýerine ýetirilýär.

Logistiki Menejmentiň ulgamynda bölekleýin modelleri **PERT** – seljermesi **(PERT – Program Evaluation and Review Technigue)** amatly usullar hökmünde köplenç belli bolup durýar.Olar birnäçe görnüşde bolup:olardan **PERT** – **cost** – harajatlary amatlaşdyrmak**;PERT** – **time** – wagtyň rejeli ulanylmagy;**PERT** – **reliability** – ähtibarlylygyň ygtybarlylygynyň amatlaşdyrylmagy.

Bölekleýin **(setewoý)** modelirlemegiň esasynda metodologiýa ýatandyr we önümleri öndürijiden sarp edijä çenli bolan üpjünçilik logistika guramaçylygynda,alyş-çalyş logistikasynda,distributiwleýin ugurlarda we torlardaky gurluşlarda lomoý ammarlaryň ýerleşdirilmeginiň, hyzmat ediş **(serwis)** merkezleriniň we logistiki ulgamynyň beýleki bölümleriniň işlerini proýektirlemekde ulanylýar.Meselem,bölek satuw **distributiw** ugurlary we torlaryny proýektirlemek üçin deňagramlylyk usulyny ulanmaklyk maksadalaýyk hasap edilýär.Bu usul proýektirlenýän **distributiw** ugurlaryň we torlaryň wagtlaryň ölçeglerini taýýarlamagyň bahasynyň we derejeleriniň **kompleksleýin** hasabynyň ýörelgelerinde bahasyny öňünden çen bilen kesgitleýär.

Bölekleýin modelleriň ölçegleri mogeliň amatlaşdyrmagyň esasy algoritmleriniň kömegi bilen ýeňil hasaplary amala aşyrýar.Ol bölümleriň tertipleşdirilen işleriniň tutuş **kompleksiniň** meýilleşdirilmeginde iň az harajatlar we gysga möhletlerde ýerine ýetirmäge,sarp edijilere hyzmat etmekligiň hilini ýokarlandyrmagy üçin tagallalara itergi berýär.

Logistiki hojalyk aragatnaşyklarynyň emele gelmeginde **Matrisa modelirlemeginiň** ulanylyşy pudakara balansynyň modeliniň ulanylyşy bilen düzgün bolşy ýaly baglanyşdyrýar.

Pudakara balansynyň modeli – halk hojalygynyň pudaklarynyň arabaglanyşygynyň seljermesini geçirmäge kömek edýär,şolaryň arasynda önümleriň çykarylmagynyň,nyzmatlaryň paýlanylmagyna önümiň gutarnykly emele gelmegini we bir topar aspektlere seljerme geçirmäge kömek edýär.Ý okarda agzalan usul regionlarara hojalyk aragatnaşyklarynyň logistiki gözleg işleri geçirilende hem ulanylýar we aýratyn pudaklary dürli hil ýagdaýlarynda gäz ýetirmäge kömek edýär**:Bir tarapdan** islegiň jeminiň bildirijisi hökmünde we onuň yzynda duran beýleki pudaklaryň hödürleýän marerial gymmatlyklary satyn alyjylaryň (modeliniň terminleriniň içinde “harajatlar”) **beýleki tarapdan** – teklibiň jeminiň bildirijisi hökmünde we onuň yzynda duran material gymmatlyklary öndürijiler – satyjylary (“önümiň çykarylyşy”). Pudakara

balansynda pudaklaryň arasyndaky mukdar aragatnaşygy göni harajatlaryň ylmy esaslandyrylan koeffisentlerde we önümleriniň doly harajatlar koeffisentlerde aňladylýar.Pudakara balansynda täzeden işlenende elementleriň arasyndaky esasy baglanyşyklary – önümçilik,paýlamak, alyş-çalyş we sarp etmegi suratlandyrýar.Bu modeliň kömegi bilen ykdysadyýetiň ösüşiniň köp mümkinçilikli hasaplaşyklary geçirmekligi,onuň ösüşiniň deňagramlylygy kämilleşdirilmegini,pudakara aragatnaşyklaryny pähimli ýola goýmaklygy gigmal önümçilik sferasynyň gurluşynyň arabaglanyşygyny üpjün etmekligini amala aşyrýar.

Pudakara balansy – bu balans usulynyň ösüşi weol material – tehniki üpjünçiligiň çigmal balansynyň hasaplaşygy bilen jebis baglydyr.Şeýlelikde hojalyk aragatnaşyklarynyň logistiki balaglarynyň iş tejribesinde grafiki ,grafiki – seljeriş usullary,torlaýyn modelirlemesi,matrisa modelirlemesiniň usullary,matematiki programmirleşdirmegiň we başga usullary bilen baglydyr.Bu ýerde usullaryň her bir birleşmede durmak bilen,aýratynlyk ulanylandaky çäklendirmelerini ýitirýärler.Bu logistikanyň hereket ediş döwürleriniň baglanyşmagyna täsir edýär.

### *II.7.__Logistiki emele gelmelerde saýlamaklygyň we ölçeg derejeleriniň düzgünnamalarynyň ulanylmagy__.*

Guramaçylygyň görnüşleriniň ösüşiniň ähliumumy kanunlar bilen ugrukdyrylýar.Ol kanunlaryň biri hem saýlap almak ýa-da seçip almak kanuny bolup durýar.Logistiki işlerde bu kanunlar bilen hemişe şübhesiz gabat gelinýär:Logistika ulgamynyň konstruktirlenýän döwründe şu ulgam üçin talabalaýyk maksatlary we gönükdirmeleri,komponentleri saýlap alýarlar.Ssýlap – seçip almak kanuny materiýanyň hereketiniň ähli görnüşlerinde hereket edýär.Ol guramaçylygyň görnüşleriniň ösüşini ugrukdyrýar.Filosofiýada seçep almaklyk kanuny – dialektiki kanunlara degişli bolup,ulgamlaýyn obýektleriň konstruktirlemegiň uniwersal mehanizmi bolup durýar.

Saýlap – seçip almak kanunynyň hereket edýän ýerlerinde bidüzgünçilik kanunlary hem ýüze çykýar,eger-de olaryň biri bölüminde garşylygy daşardan täsir edýän güýje görä ýeterlik bolmasa,onda bütewiligiň dargamak hadysasy başlanýar.

Haçanda logistiki ulgamyň içinde guramaçylygyň işjeňligi artdyrylsa,onda logistiki ulgam durnukly bolýar.Ýöne bu haçan mümkin bolup biler,haçanda ulgamyň gurnalýan döwründe seçip almak kanunyna beýleki ähliumumy kanuna – ölçemeklik kanuny goşulýar ýa-da birikdirilýär.

Logistikada **"ölçeg**" termini **"tertip","ýola goýmak'** hil taýdan ölçeginiň üýtgemegine getirýän mukdar baglanyşyklary açyp görkezmek üçin manyda ulanylýar.

***Filosifiýada*** ölçeg kanuny dialektikanyň kanunyna degişli bolup,ilki bilen aşaky basgançaklardan ýokarky basgançaklara,bir kategotiýadan beýleki kategoriýa (takyklygyň beýik derejesiniň) akyl ýetirmekligiň hereketiniň uniwersal görnüşi bolup durýar.Materiýanyň hereketiniň ähli görnüşlerinde ähliumumy kanunlar hereket edende,özüniň aýratyn mazmuny bilen tapawutlylykda,ýöne özboluşly gatnaşyklara görä kanunlaryň üsti bilen ýüze çykýarlar.Şeýdip,ölçeg kanuny mukdar üýtgemeleri hil üýtgemelere geçmek kanunynyň üsti bilen ýüze çykýar.

Ölçeg kanunyny hasaba almak bilen,logistiki biliminiň ösüşiniň kanunalaýyklyklara çykyp bolýar,logistika ulgamlaryň emele gelmeginiň amaly wezipeleriniň dogry çözgüdini tapmak mümkin.Logistika ulgamynda dargamak elementleriň ýokary konsentrasiýasy hil üýtgemelere getirýär.Hil üýtgemeleri ulgamyň ýykylmagyna getirip bilerler ýa-da ulgamy – ulgama garşy gaýtadan döremegine getirýär:Her bir ulgamda ters bolan ulgam başdan onuň esasynda ýatandyr.

Ölçeg kanunynyň işleýşi logistika ulgamlarynyň konstruktirlemek basgançaklarynda hem-de hereket ediş hadysalarynda hem logistiki ulgamyň hereketiniň başlarynda başlangyç hyjuwly hereketinde:Täjirçilik sertleşigini

baglaşylanda alyş-çalyşmaklygyň ölçegleri belli edilýär,(deňagramlylygy) gymmatlyklaryň ekwiwalentlikleri,deňliklerini gazanyp bolýar.

## *BAP III. Üpjünçiligiň logistikasynyň hereket ediş döwri:Meýilnamalaşdyrmak we operatiw dolandyryş*

### *III.1.Üpjünçiligiň logistikasynyň hereket ediş döwri*

***"Döwür","Цикл"*** – düşünjesi wagt içinde we gurşowda aýlowly hereket, ýagny dolanyp aýlanyp gelýän hereket diýmegi aňladýar.

***Logistiki döwür*** – ykdysady akymyň hereketiniň gutarnykly aýlawyny emele getirýän,özara bagly bolan hadysalaryň,wakalaryň jemidir.

Aýlawly hereket umumy akymyň görnüşinde özara gatnaşyklary özüne goşup alýar,bularyň her biri döwrüň häsiýetnamasyna eýelik edýär,anyk hereket etmekligiň maksadyny özünde saklaýar.

Şu alamatlary boýunça üpjünçiligiň logistiki döwrini,önümçiligiň logistiki döwrini,ýerleşdirmegiň logistiki döwrini aýratyn görkezip bolýar.Bu ýagdaýda üpjünçilikde,önümçilikde we ýerlemekde wagt boýunça birleşdirilen logistiki döwürleriň jemini – ***doly logistikanyň döwri diýilýär.***

***Integrasiýa*** *– bu ulgamyň özbaşdak differensirlenýän bölekleriň we işleriň bir bütewiligini aňladýar.Şeýlelikde,logistiki döwri üpjünçilik,önümçilik we ýerlemek logistikasy bilen baglanyşykly öwrenmek zerurdyr.Bu azda-kände logistikanyň goldaýan işlerinde giňden ýaýrandyr:Ulag işleri (transportirlemek),ýükleri daşamakda amatly ýollary işläp düzmek we ammarlara ýerlemeklik we ş.m.Şu ýagdaýda bulara transportirowkanyň logistiki döwri,ammara ýerleşdirmegiň logistiki döwri diýilýärler.*

***Üpjünçiligiň hereket edýän döwri (sikli) – bu içerki önümçilik zerurlyklary üçin önümçilik – tehniki häsiýetli önümleriň üpjünçiliginiň sargydynyň ýerine ýetiriliş döwri diýilýär.*** Bu doly logistiki döwrüniň bir bölegi bolup,oňa

**“Girişdäki logistika**” diýip aýdylýar.Olar doly logostiki döwrüniň jemleýji netijesi bilen, köplenç bagly bolup durýar.

*Hakyky doly bütin döwrüň ýerine ýetirilişiniň görnüşini emele getirmek etabynda wagt faktory uly rol oýnaýar.Şertnama baglaşylanda alyjylary satyn alyş baha bilen, wagtyň sarp edilişi (goşmaça harajatlary), olaryň sargydynyň ýerine ýetirilişinde garaşylýan döwürde hasaba alýarlar.*

Üpjünçiligiň integrasiýa ulgamynda logistiki işi işewürligiň özara iş salyşmaklygynyň guramaçylygynyň görnüşinde özüni görkezýär,munda ykdysady akymyň amatlaşdyrylýan hadysasynda wagtyň doly hasaby bilen üpjün edýär.Bu bazarda önümçiligiň strategiki we taktiki maksatlaryna ýetmekligine itergi berýär.

Logisttiki döwrüň emele gelýän döwründe umumy logistiki harajatlaryň azalmagy we çigmal akymynyň önümçiligi paýlamak fazasynyň ähli eraplarda,hiliň dolandyrylyşynyň esasy maksady bolup durýar.

Logistiki döwrüň dowamlylygy talaplaryň edilmeginiň wagtynyň aralygynda zerur harytlaryň alynmagynyň garaşylýan wagtyny arasyndaky interwaly bilen anyklap bolýar.Sargytlaryň ýerine ýetirilişiniň wagtynyň has ýokary derejesiniň göwrümi has giňişleýin bolup biler.Olar sagatlar bilen ölçenilýär we başga ýagdaýlarda aýlar bilen ölçenilip bilner.Müşderä gönükdirilen ykdysady şerlerde alyjy sargyt edilen harydyny almak üçin uzak garaşmaga isleginiň ýoklugyny bildirýär.

Kärhanalar doly logistiki döwrüniň ýerine ýetirmeklik wagtyny has mümkin bolan pes derejä çenli azaltmaga ymtylýar.Doly logistiki döwri näçe wagt boýunça dowamly bolsada,şonçada islegiň hereketiniň duýgurlygynyň tizligi peselýär we üpjünçilik ulgamynda emele gelmekligi peselýär.Pes duýgurlygy we emel edilmegiň peselmegi satyn alyş zolagynda we bazaryň sarp ediş önümçiliginde logistiki çözgütleriň aragatnaşyklary ýaramazlaşýar.Şu ýagdaýda üpjünçiligiň ulgamynyň her bir logistiki bölüminde rezerw ätiýaçlyklaryň döredilmeginde zerurlyk emele gelýär.Şonuň üçin doly logistiki döwrüň dolandyrylyşy

önümçiligiň möhletleri we material – tehniki üpjünçiliginiň bazar talaplary bilen ylalaşygyny hökman üpjün etmelidir.

Doly logistiki döwrüniň dolandyrylyşynyň ulgamynyň kämilleşýän döwründe,onuň ähli içki gurluşlarynyň hereket edişine hökmany üns bermelidir,onuň ähli içki gurluşlary bir bütewi görnüşde seredilmelidir.Doly logistiki döwrüň dolandyrylyşy,haçanda bazaryň ýagdaýynyň üýtgemelerini çalt duýýanlygyny bilen bolup geçýär,bu bazarda kärhanalaryň bäsleşik ýörelgeleriniň jebisleşmegine itergi berýär.

Doly logistiki döwrüniň wagtynyň azaldylmagy harytlaryň hakyky barlygynyň hökmany derejesini üpjün edýär we tutuş logistiki zynjyrynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrýar.Şu ýagdaýda loistiki döwrüň güýji barada,sarp edijileriň talaplarynyň düşbüligi hökmünde aýdyp bolar.

Doly logistiki döwrüň işjeňligi ähli hereket edýän zolaklarynda bolup geçýän üýtgemeleri hökmünde (logistiki bölümleriň we olaryň arasyndaky arabaglanyşygy,olara hyzmat edýän maglumat tehnologiýalary we menenjerleriň pikirleriniň keşbi) daşky gurşowynyň faktorlarynyň täsir etmeginiň netijesinde (ilki bilen islegiň) baha bermelidir.

Logitikanyň operatiw seslenmesiniň güýji daşky gurşawyň üýtgemelerine we islegiň häsiýetine onuň maglumat bahalarynyň takyklygyndan we ulanylýan mallumatlaryň relewantnostyna (Relewantnost – maglumat talap edijilik we alnan habarlar bilen aradaky manydaş gatnaşygy) bagly bolup durýar.Operatiw seslenme logistikanyň bölümleriniň tagallalarynyň, harytlaryň akymynyň täze görnüşini emele getirmek üçin (tagallalarynyň) birleşmek ukyplarynda ýüze çykarylýar.Bu isleriň üýtgemelerine jogap duýduryşy bolup bilýär.

### *III.2.__Üplünçiligiň logistikasynyň döwrüni döredýän esasy hadysalaryň (prosesleriň) mazmuny.__*

Üpjünçiligiň logistiki döwri yzydigerli akyp geçýän hadysalary emele getirýär:esasy häsiýetleriň suratlandyrylyşy we tertipleşdirilen düzgünnamalar

bilen sargytlarň resmileşdirilişi;sargydyň üpjün edijä geçirilişi;sargytlaryň ýerine ýetirilişi;sargydyň sarp edijä eltip berlişi.

***Birinji hadysa*** – esasy häsiýetieriň suratlandyrylyşy we bellenen tertipde sargytlaryň resmileşdirileşi.Şu ýerde material resurslaryň deňeşdirilmegi ýa-da täzeden bahalandyrylmagy bolup geçýär.”Önümçiligiň üpjünçiligi zynjyrynda özara baglanyşyklary dogry bellemek hökmandyr.

Önümçiligiň içerki sarp edilişiniň gurluşynyň we sarp edilýän çigmal resurslarynyň hasaba alynmagyny (namenklaturasyny) kesgitlemeli.Ugradylýan gymmatlyklaryň ähli ölçeglerine (agramyna,göwrümine hem-de beýleki ölçeglerine) talaplaryň mazmunyny hökmany bilmelidirler hem-de material-tehniki üpjünçiliginiň meýilnamasyny işläp düzmeli.Meýilnamada hasaba almaklygyň her bir ýörelgesiniň ýöriteleşmegini we material resurslaryň kesgitli hasaba alnan toparyny öz içine alýar.

Mundan başgada önümlerden peýdalanýanlaryň talaplaryny öňünden bilmeli.Şol talaplary ugratmaklygyň hyzmatyny kesgitleýärler.Satyn almakda ylanylýan mümkinçilikler uly rol oýnaýar.Satyn almakda mümkinçiligiň üç görnüşi kabul edilen,olar çylşyrymlylygy we dowamlylygy bilen tapawutlanýarlar.

***Birinji mümkinçilik*** – satyn almagyň öňden synalyp görlen çäklerde we özüniň gowy netijesi bilen tanalýan material resurslarynyň sargydynyň ýerine ýetirilmegi.Bu mümkinçilikde üpjün edijiler bilen şertnama baglaşylmagy hemişelik häsiýete eýe bolýar we şertnamanyň möhletleri wagtly-wagtynda uzaldylýar.

***Ikinji mümkinçilikde*** – material resurslarynyň satyn alynmagynyň ölçegleriniň görnüşiniň üýtgemegi mümkin ýa-da material resurslaryny ugradyjylaryň çalşylmagy bolup geçýär.

***Ü çinji mümkinçilik*** – satyn alyş hadysasynyň guramaçylygy - ilknji satyn alyşdan soň, material resurslary ol ugradyjylardan hemişe satyn alnyp bilner.

Şeýle zerurlygy täze önümleriň çykarylmagy bilen bagly bolan önümçiligiň zerurlyklarynyň çalşygynyň,taýýarlanan önümleriň konstruksion häsiýetleri bilen täze tehnologiýany ulanmak we ş.m arkaly ýerine ýetirip bolar.Satyn alynýan material resurslaryň häsiýetnamalary ynamly bolmagynyň ölçegleri berkidilende baha görkezijileri we başgalary öz içine alyp biler.Satyn alynýan maretial resurslarynyň bäsleşige ukyplylygyny her bir ugradyjy boýunça meselesi çözülýär.

Täze material resurslary ugradyjylary saýlamakdan saýlamakdan öňürti,kärhanalaryň beýleki öndürijilerilerden satyn almagndan,özüniň öndürmeginiň amatlydygyny hem öňünden çözüp bolýar.Şeýle çözgüt ýörelgeleriň esaslandyrylmagyny aňladýar.

Taýýar önümleriň zerur komponentleriniň ýygnalmagy üçin özbaşdak önümçiligiň bähbidi ýörelgesiniň esaslandyrylyşy wertikal birleşiginiň ýokary derejesini bilen senagat korporasiýalaryna häsiýetli bolup durýar,ýöne bu ýörelge garşylyklaýyn häsiýete eýedir.

Material resurslarynyň satyn almaklygyň guramaçylygy belli bir kärhananyň ýerleşýän bazar sredasyna dogry baha bermekliginden we ugradyjynyň bazarynyň görnüşi bilen bagly bolýar.

Bazar sredasyna baha bermeklik, pudakda kämildäl bäsdeşligiň ýagdaýyny anyklamakdan başlanýar.Bazaryň ýagdaýlary dürli görnüşlerde bolup biler,ýöne köplenç bäsdeşlik dört ýagdaýda bolup bilýär:Erkin (arassa) bäsdeşlik;monopoliýa;oligopoliýa we monopolistiki bäsleşigi.

Monopoliýada we Oligopoliýada kärhana özüniň hususy baha syýasatyny gurnaýar.Her bir üpjün ediji özüniň bazarda nähili ýagdaýdadygyny bilmek bilen,bolup biljek üpjün edijileri bazar ýörelgelerini bahalandyrmak,ýöriteleşdirilmegini we beýleki häsiýetlerini bilmek kyn däldir.

Kärnana zerur bolan çigmal resurslarynyň ähli görnüşleri (namenklaturalary) boýunça mümkin bolan ýük ugradyjylary ýüze çykarmak maksadalaýyk hasap edilýär.

Üpjün edijileri gutarnykly saýlap almazdan öňürti olaryň häsiýetnamalaryny we zerurlygyň derejeleri äşgär etmek wajypdyr.Soňra her bir üpjün edijä baha berilýär we haýsy üpjün ediji bal alsalar,şolary bäsdeşlik esasynda saýlanyp alynýar.

Ü pjün ediji kandidatlar bilen öňünden dilden gepleşikler geçirilýär,onda geljekki üpjünçiligiň esasy ölçegleri barada gutarnykly ylalaşyga gelinýär.

***Ikinji hadysa*** – Üpjünçiligiň logistiki döwrüniň emele getirijisi – bu üpjün edijä sargydyň geçirilmegi.Üpjün edijileri gutarnykly seçip – saýlap alnandan soň üpjünçiligiň sargydy düzülýär we üpjün edijä ol sargydyň geçirilmegi amala aşyrylýar.Her bir sargyt kesgitli rekwizitlerden ybarat bolup durýar.Şu rekwizitlerden önümçilik we hyzmat ediş nyşanlarynyň toparyndan durýar.Sargytlarda önümleriň tehniki hasiýetleri görkezilen,onuň talap edýän mukdarynda,üpjünçiligiň garaşylýan wagty,yzyna gaýtarmagyň şertleri we kepillikleri we başgalar.

Ü pjün edijiler bilen ***“Hemme zady öz içine alýan şertnamasynyň”*** iş ýüzüne geçirilmeginiň giňden ýaýramagyny öz içine alýar.Çigmal resurslara her bir täze sargydyň resmileşdirilmegi wagtyň we serişdeleriň goşmaça harajatlaryny talap edýär***.”Hemme zady öz içine alýan şertnama”*** taraplaryň uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk etmegini çak edýär,onda üpjün ediji çigmal resurslaryny satyn alyja gaýtadan üpjün etmekligi şertnamada agzalan möhlediň dowamynda zerur bolan ýagdaýda ýerine ýetirmeklige borçlydyr.Çigmal resurslarynyň täze partiýalarynyň zerurlyklarynyň ýüze çykan ýagdaýynda satyn alyjy üpjün edijä habar berýär,ol öz gezeginde boýun alan borçnamasyny ýerine ýetirýär.

Satyn alyş işleriniň şeýle tertibi satyn almaklygyň toplanmagyna bir üpjün edijiden satyn alynýan çigmal resurslaryň göwrüminiň artmagyna getirmek bilen,şertleşik edýän taraplaryň arasyndaky hojalyk aragatnaşyklarynyň berkemegine,uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň emele gelmegine alyp gelýär.

***Ü çünji hadysa*** – Üpjünçiligiň hereket ediş logistiki döwriniň üçünji hadysasy üpjün edijiniň sargydy ýerine ýetirişiniň grafiginiň meýilnamalaşdyrylmagy bilen

baglydyr.Ony “üpjün edijiniň sargydy ýerine ýetirmegi” diýip atlandyryp bolýar. Ol ***“sargydyň önüm öndürijiden – ýerlenmegine “*** logistiki işiniň guramaçylygynyň doly we jikme-jik çyzgysynyň işläp taýýarlamagynyň amaly görnüşinde:***Ýük ugratmak;önümleriň daşalmagy;gaplyk we tara bilen üpjünçiligi;birleşdirip (konsolidasiýa) ugratmak;tehniki goldawy;önümleri kabul edip almaklyk we başgalary göz öňünde tutýar.***Bu ýerde sargydy ýerine ýetirmekligiň Operatiw – senenama meýilnamasynyň grafikleriniň maglumat goldowynyň we üpjünçilik boýunça maliýe borçnamalarynyň wagtly-wagtynda ýerine ýetirilişi wajyp rol oýnaýarlar.

Üpjünçiligiň logistiki döwrüniň bu hadysasynyň ýerine ýetirilýän wagtynda önümçilik maksatnamasyndaky üýtgemeler häsiýetleýin ýagdaýy bolup durýarlar.Şonuň netijesinde üpjünçiligiň şertnamalaryň ölçegleriniň üýtgemeleri ugradylýan önümleriň bazasyndaky üýtgemeler we üpjünçilikdäki näsazlyklardyr. Logistiki amallaryň ýerine ýetirilişiniň we üpjünçiligiň önümçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň talap edilýän möhletleriniň mümkin bolan näsazlyklar bilen bagly, harajatlaryň azaldylmagy bilen ýüze çykan çäklendirmeleri hasaba almak arkaly işläp taýýarlamak zerurdyr.

Üpjünçiligiň logistiki döwrüniň ***Dördünji hadysasy*** – bu hususan sargydyň sarp edijilere ýetirilmegi bolup durýar.Çigmal resurslarynyň sarp edijä ýetirilmeginiň ýerine ýetirilişiniň proseduralary üpjünçiligiň möhletleriniň üznüksiz gözegçilik edilişi üpjünçiligiň göwrüminiň we hiliniň monitoring ulgamynyň kömegi bilen bilelikde hereket edýär.Monitoring ulgamy material-tehniki üpjünçiligiň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişine kömek edýär.Monitoring we gözegçilik sargytlaryň ýerine ýetirilişiniň meýilnamalaýyn görkezmeleri we hakyky netijeleri bilen üznüksiz deňeşdirilmegini üpjün edýär.

Çigmal akymlarynyň hereketiniň maglumat goldawy sargydyň üpjünçiliginiň mümkin bolan üýtgemelerine we näsazlyklaryna talap hökmünde Menejmentiň ulgamynyň ýitileşmegi we uýgunlaşmagy jogap hökmünde ýardam edýär.Sargydyň ýerine ýetirilişinde bir çeşmeden beýlekä çalt geçmekliginiň

mümkinçiligini göz öňünde tutmak – ekspeditoryň we daşaýanlaryň operatiw çalşygy we beýleki üýtgemeler haryt akymynyň döwrebap görnüşlerinden peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

### *III.3. <u>Üpjünçiligiň logistikasynyň döwrüniň meýilnamalaşdyrylyşy we operatiw dolandyrylyşy</u>*

Logostika ulgamynda meýilnamalaşdyrmagyň elementleri hökman bolmalydyr,diňe şu ýagdaýda üýtgeýän daşky gurşawyň şerlerinde bu ulgamy netijeli hasap edilýär.Meýilnamalaşdyrmak – amallaryň sebäpli modelleri işläp düzmek umumy görnüşde düşündirýärler.

***Meýilnamalaşdyrmak – bu işläp düzülen we ýerine ýetirmeli meýilnamalaryň iş ýüzünde amal etmekligiň hadysalarynyň işlenip düzülmegi we mundan beýläkki gözegçiligi hem-de meýilnama düzediş girizilmegi,üýtgäp durýan şertleriň talabalaýyklygyna aýdylýar***.Mundan başgada maglumatlaryň işläp düzülişiniň hadysasy,ol önümizdäki işleriň esaslandyrylmasyna,maksada ýetmekligiň amatly şertleriniň ýüze çykarylmagyna gönükdirilen.

Logistikada meýilnamalaşdyrmagyň derejelerini aýyl-saýyl etmek wajypdyr.

***Strategiki meýilnamalaşdyrmak – bu meýilnamalaýyn işleriň aýratyn görnüşi,ol strategiki çözgütlerde işläp düzmekligi bolup geçýär (maglumatlar görnüşinde,proýektirlenen görnüşinde we maksatnamalar görnüşinde hem-de meýilnamalar görnüşinde).Strategiki meýilnamalaşdyrmagyň hereket edýän döwründe onuň syýasaty işlenip düzülýär.***

*Taktiki meýilamalaşdyrmak – bu aýratyn çäreleriň meýilnamalaşdyrylmagy,ol çäreler srtategiki maksatlaryň ýerine ýetirilişine we olaryň durmuşa geçirilmegi üçin resurslaryň ýüze çykarylmagyna bagly bolup durýar.Agzalan etapda resurslary logistikanyň aýratyn ugurlary boýunça paýlamaklygy amala aşyrylýar.*

*Operasion (operatiw) melilnamalaşdyrylmagy – ýokary derejeli ýolbaşçylar tarapyndan öňde goýlan tabşyryklary ýa-da bellenen meseleleriň çözgütleriniň*

*serişdeleriniň saýlanylmagy.Şu görnüşiň çäklerinde logistikanyň her bir ugrunyň aýratynlykda meýilnamalaşdyrylmagy amala aşyrylýar.*

Meýilnamalaşdyrylmagyň ýörelgeleri (talaplary) – meýilnamalaýyn resminamalaryň esasy başlangyç ýagdaýlary esaslandyrmagyň düzgznleri we guramaçylygynyň işlenip düzülmegini açyp görkezýär.Olar ykdysadyýetiň ösüşi bilen bir hatarda hemişe üýtgemekligi,kämilleşmekligi,täze mazmunlar bilen hökman çalşyrylmagy hökman bolup geçmelidir.Meýilnamalaşdyrmak – indiki talaplary aýyl-saýyl edýär:

***1)Meýilnamalaşdyrmagyň zerurlygynyň talaby (her bir işi ýerine ýetirilende meýilnamalaryň ulanylmagy ahli ýerlerde we hökmany hasap edilýär);***

***2)Meýilnamalaryň umumylygynyň talaplary (kärhananyň sosial – ykdysady ösüşiniň umumy ýa-da jemleýji meýilnamasynyň işlenip düzülmegi)***

***3)Meýilnamalaşdyrylmagyň üznüksizliginiň talaplary (her bir kärhanada ähli hojalyk işleriniň meýilnamalaşdyrylmagynyň hadysasy,guramaçylyk hadysasy,tejribe alyşmak hadysalary özara baglanyşyklydygyny aýtmak bolar);***

***4)Meýilnamalaryň ýitileşmeginiň talaplary (ykdysady meýilnamalaşdyrmak işiniň sazlaşdyrylmagy we bellenen görkezijilere düzediş girizilmegine mümkinçilik berýär);***

***5)Gatnaşygyň taraplary (hiç kim beýlekiler üçin netijeli meýilnamalaşdyrmagy işläp düzüp bermeýär)***

Logostiki ulgamy boýunça meýilnamalary düzülende meýilnamalaşdyrmagyň ýürelgelerine eýerilmegine onuň netijeliligini has ýokarlandyrýar.

***Logistiki ulgamynyň dolandyrylyşy*.**

Logistiki ulgamynyň dolandyrulyşynyň guramaçylyk gurluşy indiki wezipeleri ýerine ýetirmäge borçlydyr:

**I**.Logistika ulgamyny işläp düzmek we bir görnüşe getirmekligi,munda shemalaýyn ýörelgeleri we ýagdaýlara daýanmalydyrlar.Hojalyk amallarynyň netijesinde kärhananyň logistika ulgamynda täzeden döredişleriň wagtal-wagtal zerurlygy ýüze çykýar.Köplenç şeýle üýtgemeleri düýpli häsiýete eýe bolup durýar,şonuň üçin ähli logistiki ulgamynyň umumy täzeden dikeldilmegi bolup geçýär.

**II**.Logistikanyň strategiýasyny şereketleriň bazar strategiýalaryny hasaba almak bilen proýektirlemek we iş ýüzünde amala aşyrmak.Logistiki ulgamyň işe ukyplylygy önümçilik sferasynda,ýerlemekde,maýa ýatyrmakda,zähmet resurslarynda,tehnologiýalarda strategiki we taktiki syýasaty bilen şertlendirilýär.Şular we beýleki elementler umumy dolandyryşyň gidişinde we logistikanyň strategiýasynyň emele gelýän döwründe üns bermek hökmanydyr.

**Logistikanyň dolandyrmagyň wezipeleri ýolbaşçylara iki sany jogapkärçiligi ýükleýändir:**

*1)Logistikanyň strategiki wezipeleri boýunça kabul edilen çözgütleriň ýerine ýetirilişi barada takyk we wagtynda ýokary derejeli ýolbaşçylara maglumatlary bermek,şeýle hem işleriň hakyky ýagdaýy barada habar bermeli;*

*2)Ýerine ýetişijileriň öňünde geçirilýän işleriň we çäreleriň guramaçylygy we sazlaşyklygy hem-de hödürlenen üýtgemeleriň seljerilmesiniň netijesiniň soňuna çenli alyp barylmagy.*

III.Akym hadysalarynyň aňly-düşünjeli maksatnamalaşdyrmak logistiki ulgamynyň toplumlaýyn (kompleksleýin) dolandyrylyşy.Bu işler dürli görnüşdedir:

- Daşarky ulag serişdeleri (transportlary) dolandyrmak;
- Içerki ulag serişdeleri (transportlary) dolandyrmak;
- Önümçilik hadysasyny meýilnamalaşdyrmak we gözegçilik;

- ❖ Ätiýaçlyklaryň ýagdaýyna gözegçilik etmek we guramaçylygyň meýilnamalaşdyrylmagy (çigmal ätiýaçlyklary,haryt ätiýaçlyklary aradan aýrylmazdan weş.m.)

***IV****.Dolandyrmagyň özara baglahyşykly hereketlerini ara alyp maslahatlaşmalydyr.Hojalyklaryň bölümlerinde ähli dolandyryş gurluşlar logistika bilen baglydyr.Her bir ykdysady önümçilik ulgamynda täsirini ýetirmekligiň jogapkärçiligi paýlaşmak üçin aýratyn bölümleriň we ähli gurluşyň bütewiliginde wezipeleriň çözülmeginiň aýratynlyklarynda durup geçmek wajypdyr.*

***V****.Kärhananyň özbaşdaklygynyň meselelerini çözmeli.Kärhananyň ykdysadyýetiniň takyk bölüminiň dolandyrylyşynyň,sosial sferasynyň aýratynlyklaryndan başga Logistiki ulgamynyň proýektirlenmeginde we dolandyrylmagynda hojalyk gurluşlarynyň häsiýetli aýratynlyklary wajyp rol oýnaýar.*

Kärhananyň ortalyk aýratynlygy bilen hem-de talabalaýyk hereket edişi bilen bir hatarda logistika merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik häsiýetiniň käbir bölümleriniň derejelerinde dolandyryş alnyp barylýar.

Şeýlelik-de Dolandyryş jogapkärçiligi dürli gurluşlaryň bölümleriniň arasynda bölünýär ýa-da bir sazlaşdyrýan merkezlerde ýygnalýar.

### *III.4.Resurslaryň sarp edilişiniň meýilnamalaşdyrylmagynyň logistiki gözgaraýyşlary (konsepsiýalary) (MRP)*

Kärhanada logistiki ulgamyň guramaçylygynda sarp edijileriň resurslaryň meýilnamalaşdyrylmagynyň konsepsiýasy ***(Reguirements / resource planning RP*** – sarp etmegiň we resurslaryň meýilnamalaşdyrylmagy) esas hökdünde alynylýar.

***MRP*** – ulgamlary ***"Itergi berýän görnüşi"*** logistiki ulgamlara degişlidir.***MRP-I,MRP-II (Materials manufacturing reguirements / resource planning) –*** materiallaryň sarp edilişiniň meýilnamalaşdyryş ulgamy ýa-da Resurslaryň önümçilikde meýilnamalaşdyrylyşy.

***MRP*** – ulgamlarynyň iş ýüzüne geçirilmegi – çalt hereket edýän kompýuterleriň ýüze çykmagy bilen amala aşyryldy.

***MRP*** – ulgamlarynyň esasy maksatlary:Önümçiligi meýilnamalaşdyrmakda we sarp edijilere önümleriň ýetirilmeginde çigmallara matetiallara bolan islegi kanagatlandyrmak;çigmallaryň,mareriallaryň ätiýaçlyklarynyň pes derejede gorap saklanylmagy;harajatlary azaltmaklyk maksady bilen satyn alyş amallarynyň,üpjünçiligiň rejesine,önümçiligik amallarynyň meýilleşdirilşiniň ýola goýulmagy.

***MRP – I*** ulgamy öz içinde çigmalyň zerur mukdarynyň anyklanmagyndan başlanýar,(mukdary – Bazaryň anyk döwürde talap edýän sanawy,sarp edijilik maglumatlaryň hasabyna salgylanmak bilen) soňra ulgamyň önümçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirmegi üçin (çigmalyň,marerialyň) zerur mukdaryny hasaplap çykarýar.Munuň üçin kompýuteriň maglumatlar çeşmesinde maglumaty saklanýar,olar önüm öndürmek üçin zerur materiallaryň,çigmallaryň esasy düzümleriniň we namenklarurasyna degişli bolýar;Önümçilik bölümçelerinde material resurslarynyň we çigmal üpjünçiliginiň wagtynyň pursatlarynyň ulgamy we beýlekiler.Şeýlelik-de maglumatlaryň çeşmeleýin ulgamyny we talabalaýyk dolandyryş personallary ammardaky materiallaryň,çigmallaryň ätiýaçlyklarynyň hakyky barlygy we möçberi barada hem-de olaryň az mukdardadygynyň golaýlygy barada,olaryň ýerini dolmak zerurlygynyň we wagty barada maglumat berýär.

***MRP – I*** ulgamynyň kemçiliklerine degişli bolup:Ol hasaplary çykarmagyň has uly göwrümini,başlangyç maglumatlaryň has uly göwrümini öňünden işläp taýýarlamak,işleriň gysga wagtlaýyn üýtgemelerine duýujylygy pes bolýandyr.Mundan başgada bu ulgamdan peýdalanylanda ulag serişdeleri üçin we sargytlaryň işläp taýýarlanmagy üçin harajatlar köpelýär.Kärhanalaryň bir wagtda we alada etmegi ätiýaçlyklaryň derejeleriniň peselmegine we harytlaryň mukdaryna az wagty harajat etmek bilen çykarylmagyna (seriýalaýyn önümçilik) geçilmegi.

***MRP – II*** ulgamy ***MRP – I*** ulgamynyň ýetmezçiliklerini ýok etmek bilen bagly göreşiniň netijesi hökmünde ýüze çykdy.

***MRP – II*** ulgamy öňki hereket edýän ulgamyndan başga, maliýe meýilleşdirmesiniň ekementleri öz içine alýar.Onuň bilen meýilleşdirnäniň has ýitiligini üpjün edýär we ätiýaçlyklary dolandyrmak boýunça logistiki çykdajylaryň peselmegine itergi berýär.

***Ö nümçiligi guramaçylygynda sarp etmekligi kanagatlandyrykmagy üçin zerur bolan çigmal resurslarynyň möçberiniň we wagtynyň yzygiderlikde anyklanylmagynyň ulganynyň çyzgysy.***




***Şekil.III.1.MRP-I ulgamynyň senenamalaýyn meýilnamalaşdyrylmagynyň çyzgysy.***

***Sarp edilişiň we resurslaryň paýlanylşynyň meýilnamalaşdyryşmagynda logistiki gözgaraýşy (konsepsiýasy) (DRP)***

***DRP*** *– ulgamlarynyň toparyna* ***DRP – I,DRP – II*** *(Distribution reguirements /resource planning – resurs önümleriň paýlanmagynyň meýilnamalaşdyrylmagynyň ulgamlary)* ***DRP*** *– ulgamlary sarp ediş isleglериniň ugurlaryny kesgitlemäge gönükdirilen,isleg kärhana tarapyndan gözegçilik edilmeýär.****DRP*** *– ulgamy grafik boýunça esaslandyrylan meýilnamanyň üsti bilen kärhananyň önümlerini peýdalanmak ulgamynda, taýýar önümleriň ätiýaçlyklaryny köpeldilýär we üpjünçiligiň hemme hadysasyny ýerine ýetirilýär.*

**DRP - ulgamyndan peýdalanmak marketig artykmaçlyklaryna degişli bolup:**

- ❖ Hyzmat etmegiň derejesiniň gowylandyrylmagy,taýýar önümleriň üpjünçiliginiň wagtynyň gysgaldylmagy arkaly we sarp edilişiň talaplaryny kanagatlandyrmak arkaly;
- ❖ Önümleriň täze görnüşleriniň bazara çykarylmagynyň kämilleşdirilmegi;
- ❖ Ö nümleriň uly bolmadyk derejede ätiýäçlyklary bilen çykarylmagy barada çözgütleriň öňden görülmek we duýdyrylmak mümkinçiligi;
- ❖ Taýýar önümleriň ätiýaçlyklarynyň we käkhananyň galan amallary bilen dolandyrmaklygyň ähmiýetli sazlaşygy;
- ❖ Hyzmat etmekligiň hasabyna taýýar önümleriň ätiýaçlyklaryny dolandyrmaga esaslandyrylan alyjylaryň talaplaryny ýokary derejede kanagatlandyrmaga bolan ukyplylygy.

**DRP – ulgamlarynyň ulanylyşynyň logistiki artykmaçlygy:**

- ➢ Logistiki harajatlaryň taýýar önümleriň ätiýaçlyklarynyň dolandyrylyşy bilen bagly üpjünçiligiň sazlaşdyrylmagy arkaly peseldilmegi;
- ➢ Ätiýaçlyklaryň azaldylmagy,üpjünçiligiň ýeriniň we möçberiniň has takyk anyklanylmagynyň hasabyna;
- ➢ Ammaryň eýeleýän meýdanynyň üpjünçiliginiň peselmegi,ätiýaçlyklaryň azalmagynyň hasabyna;
- ➢ Logistiki harajatlaryň ulag serişdelere düşýän paýynyň azaldylmagynyň salgytlar boýunça has netijeli dolanýan aragatnaşygynyň guramaçylygy arkaly;
- ➢ Önümçilik amallarynyň we önümleri paýlamak boýunça amallaryň arasynda oňaýly sazlaşygyny.

Her bir döwrebap ulgamda bolşy ýaly **DRP –I** ulgamynyň hem kemçilikleri bolup,olar ugratmaklygyň anyk sazlaşyklygy maglumatynyň ulanylmagyna we paýlamagyň ulgamynda taýýar önümleriň paýlanylmagynyň her bir ugrunyň we merkezi üçin ätiýaçlyklaryň dolandyrylmagyna salgylanýar.

**DRP** – ulgamynda ätiýaçlyklaryň meýilnamalaşdyrylmagy – paýlanylýan merkezleriň we logistiki ulgamynyň galan bölümleriniň arasynda alyş-çalyşyň ýerine ýetirilişiniň has ynamly bolmagy zerurlyk bolup durýar.

**DRP – II** ulgamy **DRP** ulgamlarynyň ikinji nesli bolup durýar.Munda maglumatlaşdyrmagyň döwrebap usullary we algoritmleri ulanylýar,personal kompýuterleriň lokal setlerine we telekommunikasion – elektron ýaýlymlara salgylanýar.

DRP – ulgamy sarp edijileriň islegleriniň maglumatlaşdyrylmagynyň has netijeli modelleri peýdalanylýar.

## *III.5.<u>Kompýuter tehnologiýasynyň maglumatlarynyň esasynda çigmal resurslarynyň sarp edilişiniň meýilnamalaşdyrylyşy</u>*

Kompýuter tehnologiýasynyň maglumatlarynyň esasynda çigmal resurslarynyň sarp edilişiniň meýilnamalaşdyrylyşy önümçilik üçin material resurslaryň we komponentleriň üpjünçiliginiň kanagatlandyryş hadysasyny amatlaşdyrmak,material resurslaryň taýýar we gurarnykly tamamlanmadyk önümleriň ätiýaçlyklaryny pes derejede goldap saklanmagyna täsir edýärler,önümçilik amallarynyň hem-de material resurslarynyň üpjünçiliginiň we satyn alyş hadysalarynyň meýilnamalaşdyrylmagynyň sazlaşdyrylmagydyr.

***MRP – ulgamlary "Itergi berýän görnüşi" häsiýetli logistiki ulgamlara degişlidir.MRP – ulgamlarynyň iş ýüzüne geçirilmegi – çalt hereket edýän kompýuterleriň ýüze çykmagy bilen amala aşyrylmagy bolup,mareriallaryň sarp edilişiniň meýilnamalaşdyryş ulgamy ýa-da resurslaryň önümçilikde meýilnamalaşdyrylyşy bolup hyzmat edýär.***

**MRP** – maglumat goldawynyň aýratynlygy şulardan ybarat:taýýar önümlere bolan islegiň,onuň işiniň hyjuwlylygy hökmünde gulluk edýär.Ilki bilen ahyrky önümiň näçe mukdarda we haýsy möhletde geçirmegiň zerurlygynyň ölçegleri bellenilýär.Soňra önümçiligiň gidýän döwrüniň çigmal resurslaryna bolan islegini kanagagatlandyrmak üçin çigmal resurslarynyň hasap edilýän möçberi we sarp

ediljek wagty belli edilýär.***Bu hadysa “giriş” ölçegleri,sarp edijileriň sargytlary bolyp,çykarylýan önümlere bolan islegiň maglumat bahalary bilen berk hasaba alnandyr.***

***“ Çykyş” ölçegleri talap edilýän material resurslarynyň aýratynlyklary boýunça;üpjünçiligiň möçberi we wagty boýunça;üpjün edijilere çigmal resurslara bolan sargydynyň möçberi boýunça;önümçiligiň çykarylyşynyň mümkin bolan üýtgemeleri boýunça;marerial resurslaryň üpjünçiliginiň möçberi we ýetiriň bermekligiň grafikleri boýunça;çigmal resurslarynyň we taýýar önümlere bolan talaplarynyň güýjüni ýitirmegi.***

**MRP** – maglumatlaryň önümleriniň ulanylmagy esasynda material-tehniki üpjünçiligi meýilnamalaşdyrylmagy bir topar kemçilikli taraplary hem bardyr. Bu kemçilikler **“Itergi berýän”** görnüşiň ulgamynuň häsiýetlerine görä bolup bilýär.Meselem,ätiýaçlyklaryň hökmany barlygy we islegi ýeterlik takyk yzarlanylmaýar.Bu ulgamlar berk tertipleşdirilen önümleriň çykarylyşyna salgylanýar.Onuň tejribesinde material resurslary we doly gutarylmadyk önümleri önümçilikde bir bölümden beýleki bir bölüme itip çykarylýar.Soňra taýýar önümler görnüşinde paýlanmak logistikasynyň ulgamyna geçýärler.

Islegiň birden üýtgeýän döwründe ýa-da üpjün edijileriň işleriniň ynamsyz bolmagynda önümçilik maksatnamasynyň material-tehniki üpjünçiliginiň näsazlyklaryny artyk öndürýän ýa-da ätiýaçlyklaryň döredilmeginiň hasabyna aradan aýryp bolýar.Şeýle ätiýaçlyklaryň barlygy kärnanalaryň dolanyşyk serişdeleriniň dolanşygynda ýaramaz ýagdaýda suratlandyrylýar,çykarylýan önümleriň özüne düşýän gymmatynyň artmagyna alyp gelýär.Şonuň üçin **MRP –** görnüşiniň ulgamlary haçanda,çigmallara,materiallara we gurnalýan önümlere islegi kärhananyň taýýar ahyrky önümiň islegine göniden-göni bagly bolýanlygy bilen bagly ýagdaýlarda ulanmak maksadalaýyk diýip hasap edilýär.




***III.5.1. şekil.”Itergi beryän”ulgamyň gurluşynyň meýilleşdirişi.***

- ***Önümçiligiň içki bölümleri*** — ***Çigmal akymlary***
- ***Doly taýýar däl önümleriň ammary*** — ***Maglumatlaryň akymy***

Önümçiligiň guramaçylygy **“itergi berýän”** ulgamy bilen bir hatarda **“çekiji görnüş”** ulgamy hem ulanylýar.Şol ulgamlardan biri bolup,ýapon ulgamy bolan mikrologistiki önümçilik **“KANBAN”** ulgamy ulanylýar.

**“KANBAN”** – ulgamy üznüksiz akymy çalt gurnamaga ukyply we ätiýaçlyklary hiç hili talap etmeýän üznüksiz önümçilik akymynyň ähmiýetli guramaçylygy üçin ulanylýar.

**“KANBAN”** – ulgamy 1972-nji ýylda ýapon korporasiýasy “Toýota motors” ilkinji bolup işlenip düzülip,hem-de iş ýüzünde amala aşyryldy.Häzirki döwürde bu ulgam ABŞ-ň we günbatar Ýewropanyň aglaba **“Maşyngurluşyk**” şereketleri giňden peýdalanýarlar.

Bu ulgam önümçilikde **“çekiji”** mikrologistiki ulgamlarynyň ilkinji iş ýüzüne geçirilmegini äşgär edýär.Akymlaýyn önümçiligiň guramaçylygynda önümleriň işläp taýýarlanmagy ýa-da gurnalyşy etap boýunça ýerine ýetirilýär.Her bir yzygider etabyň özi zerurlyklar arkaly öňündäki etaplarda önýän önümleri çekip alýar.”**KANBAN”** – ulgamy döredilmezden öň däp bolan öňki usullar ulanylýardy,haçanda taýýarlanýan önümler indiki etaba “itergi berýän” hadysasy ýüze çykyp,önümçilik indiki etaba kabul etmäge taýynmy ýa-da ýoklygyna bagly bolmazdan hereket edýär.

**“KANBAN**” ulgamy boýunça işleriň gidişinde taýýarlaýjy – seh sarp ediş sehiniň takyk sargydy bilen berk baglydyr.Önümleriň öndürilişiniň tertibi plastik konwertyndaky ýöriteleşdirilen kartoçkalarynyň dolanyşygynyň esasynda emele gelýär**.(“KANBAN”** – terjime edilende “kartoçka” diýmegi aňladýar.) Bu ulgam önümçiligiň bir uçastogyndan beýleki uçastogyna maglumatlaryň ýazgysynyň we geçirilmeginiň ulgamyny özünde saklaýar.Kartoçkalaryň iki görnüşi giňden ýaýrandyr:**Saýlap alynmagyň kartoçkasy we önümçilik sargydynyň kartoçkasy.**Olar önümleriň öndürilişiniň we sarp edilişiniň möçberi barada maglumatyny geçirip berýärler.

**Saýlamak kartoçkasynda detallaryň we gurnalýan önümleriň mukdary takyk görkezilýär,olary mukdarynyň işläp taýýarlamagyň öňündäki uçaskalarynda saýlanyp alynmagy hökmanydyr.**

**Önümçilik sargydynyň kartoçkasy öňde duran önümçilik uçaskasynda ýygnalmagynyň hem-de taýýarlanmagy hökmany bolan detallaryň mukdary barada maglumatlary öz içinde saklaýar.**

*Bu kartoçkalar öndüriji kärhananyň içinde,onyň şahamçalarynyň içinde hem-de köpsanly üpjün ediji kärhanalaryň arasynda dolandyrylýar.*

*Önümçiligiň meýilnamasy bazar konýukturasynyň üýtgemeleriniň hasabyna her gün emele gelýär,ýöne maglumatlaryň akymy kagyz görnüşinde has pes derejä çenli getirilen – **KANBAN** kartoçkalara çenli.*

***KANBAN** ulgamynyň ulanylşy uly ähmiýeti berdi we önümleriň ýokary bäsdeşligi bilen şertlendirilýär.Bu ähmiýetliligiň esasy mysalynda şu aşakdaky aýdyp bolar:*

- *Çykarylýan önümleriň hiliniň ýokarlandyrylmagy;*
- *Önümçilik döwrüniň dowamlylygynyň azaldylmagy;*
- *Dolanyşyk serişdeleriniň dolandyrylyşynyň has çaltlandyrylmagy;*
- *Önümçiligiň özüne düşme gymmatynyň peseldilmegi;*
- *Ätiýaçlyklaryň düýbünden aýrylmagy;*

- *Önümçilik ätiýaçlyklarynyň 50% çenli azaldylmagy;*
- *Haryt ätiýaçlyklarynyň azaldylmagy.*




***III.5.2. şekil.”Çekiji” ulgamyň gurluşynyň meýilleşdirişi.***

- ***Önümçiligiň içki bölümleri*** ***Çigmal akymlary***

- ***Doly taýýar däl önümleriň ammary*** ***-Maglumatlaryň akymy***

## *III.6.<u>Çigmal,material resurslara bolan islegi anyklamagyň usullary.</u>*

Üpjünçiligiň logistikasy ulgamynyň wajyp ugurlarynyň bir hem çigmal,marterial resurslara bolan islegi usullaýyn anyklamak bolup durýar.Çigmal,material resurslara bolan işlegi anyklamagyň usullary şulardan ybarat bolup:

***Göni hasaplaşyk geçirmek usuly***.Bu usul hem öz gezeginde birnäçe görnüşlerden durýar hem-de aýratynlyklary: **detallary boýunça,önümleri boýunça,önümçilikde önümleriň bar bolan toparynyň naýbaşy görnüşleri boýunça,meňzeşligi boýunça we başgalar.**

**Detallary boýunça usuly – gurarylmadyk önümçilik üçin material resurslaryň zerurlygynyň iş ýerleri üçin çigmal resurslarynyň goýberilişiniň ýerine ýetirilişinde;Hereket edýän operatiw önümçilige gerek bolan material resurslara islegiň meýilnamalaşdyrylyşynyň anyklanmagy;Bu usulyň artykmaçlygy şulardan ybarat bolup – önümçiligiň tehnologiýalaýyn zynjyrynyň ähli stadiýalarynda takyk detallarynyň barlygyny hasaba almak bilen,belli bolan material resurslara bolan islegi has takyk anyklamaga**

**mümkinçilik berýär.Emma muny ulanmak üçin material resurslarynyň sarp edilişiniň detallar boýunça kadalary barada talabalaýyk gelýän maglumatlaryň bolmagy wajypdyr hem-de şu usul hasaplaşyklarda uly göwrümli hasap edilýär.**

*Önümler boýunça usuly – tutuş bir önüm üçin harajatjaryň kadalary ulanylmagyna hen-de bu önümleriň çykarylmagynyň önümçilik meýilnamalaryny sazlamakda esaslandyrylýar.Şu usulyň paýlanylyşy kärhanalarda köp namenklaturaly önümçilik kärnanalarynda örän uly göwrümli zähmedi talap egýär.Bu kemçiligi aradan aýyrmak üçin birmeňzeş önümleriň toparlary üçin görnüşleriň naýbaşylary boýunça (bu şeýle önüm bolup, onuň harajatlarynyň normasy önümleriň toparlary boýunça ortalyk öçege alnan kadasy ýakyndan gabat gelýär) usullaryndan peýdalanylýar.*

Eger-de önümleri öndürmegiň täze görnüşi meýilleşdirilse we onuň bilen bagly harajatlaryň kadalary işlenip düzülmedik bolsa, onda **"meňzeşlik"** boýunça material resurslara bolan islegiň hasabatynyň usulundan peýdalanyp bolýar.Bu ýagdaýda çykarylýan önümleriň harajatlarynyň kadasynyň üýtgemeginiň meňzeş bolan önümleriň deňeşdirilmegi boýunça güz öňünde tutýan koeffisiýenti ulanyp bolýar.

Senagat önümçiliginiň köp pudaklarynda material resurslaryna bolan islegler üçin taýýarlamagyň usuly ulanylýar;Meselem demir-beton önümleriniň,plastik önümleriniň,aýna önümleriniň azyk-senagat önümleriniň öndürilişi birnäçe düzümleýin çigmallarynyň önümçilikde ulanylşyna çenden tutýar.Öňden işläp düzülen maglumatlaryň häsiýetleri bilen önümleri öndürmek üçin onuň ýasalyş täri işlenip düzülýär.Garyşyk usulda ýasalyş tärinde çykarylýan önümleriň öndürilişiniň her bir çigmalyň göterim gatnaşygy görkezilýär.

Üpjünçiligiň däp bolan usullarynyň kömegi bilen çigmal resurslaryň her gesekki uludan harajat edilşinden soň, ätiýaçlyklary ýol berilmeýän derejelere çenli azaldylmaga getirip biljer,öwezini dolmaga ilki bilen meýilnama boýunça işleriň

ugruny kesgitlemäde ýol açyp berýärdiler.Şol bir wagtda ýygnalýan önümçilikde (esasanam bir görnüşiň ýerine ýetirilişinde; **Meselem,teplowozlaryň gurluşygynda,gämi gurluşygynda) çigmal resurslarynyň her gezekki uly möçberde harajat edilişinden soňra, olaryň ulanylyşynda uzak döwürleýin arakesme ýüze çykýar.Bu ýagdaýda ätiýaçlyklaryň gaýry goýulmasyz öweziniň dolunmaklygy maksadalaýyk bolup durmaýar.**

***Mareial – tehniki üpjünçiliginiň Ykdysadyýet – boýunça meýilleşdirilýän ugurlary dürli-dürlidir.Material resurslaryň zerur ugurlara meýilnamalaşdyrylyşy bolsa, olardan has wajyplarynyň biridir.Bu ýerde meýilnamalaşdyrmak şu adalgalarda ýerine ýetirilýär:Esasy önümçilikde;ätiýaçlyk şaýlary öbdürmek boýunça önümçiliginde;kömekçi önümçilikde;ylmy-barlag we tejribeleýin-konstruksiýa işlerinde;önümleriň doly işlenip çykarylmagynda;kepillikli hyzmatlaryň ýerine ýetirilişinde;ulanmak we bejergi zerurlyklarynda;Jemagat hojalaklarynda;***

**Esasy önümçilikde** esasy we kömekçi material resurslary ulanylýar.Esasy materiallara bolan isleg görnüşleriň ölçegleri boýunça, çykarylýan önümlere görä hasaplanylýar.Material resurslarynyň harajatlaray önümçiligiň bölümleri könelmäniň möhletleri bilen düzgünleşdirilýär.Könelmäniň kadalaşdyrylan möhletleri diňe wagtyň ölçeginde dälde,edilen işleriň ölçeglerinde (geçilen ýoluň / km;ýükleriň agramy /tn,kg,we başg.) bellenilmegi mümkindir.Ätiýaçlyk şaýlarynyň öndürilmeginde ätiýaçlyk şaýlarynyň görnüşiniň her birine material resurslaryň kadalaýyn harajady esasy önümçilikde hasaba alynýar hem-de esasy materiallary ulanýan sarp edijileriň talaplaryny hasaba almak bilen hasaplanylýar.

**Esasy önümçilik we ätiýaçlyk şaýlaryň önümçiligi kömekçi materiallara hem-de gunalmaga degişli önümleriň satyn alynmagyna zerurlyk çekýär hem-de kömekçi resurslaryň sarp etmekligiň hasabyna ýerine ýetirilýär:**

***a)Önüçiligiň meýilnamalaşdyrylyşy üçin harajatlaryň jemleýji kadalardan ugur alynmagy;***

***b)Kömekçi materiallaryň harajatlarynyň kadalary esasynda obýekt boýunça hasabaty;***

Bejergi – ekspluatasion zerurlyklar üçin material resurslara bolan islegi material resurslaryny ulanmak üçin talaplaryň esasynda,kärhanalaryň hojalyk gulluklaryndan düşýän bejeriş işleriniň görnüşi bilen baglylykda hasaplaşyk geçirip bolýar.

Önümleriň doly işlenilmegi we kepillendirilen işleriň anyklanan sarp edijiligiň talaplary boýunça material resurslarynyň takyk möçberlerini talap edýär.

Jemagat hojalyklarynyň material resurslaryna bolan islegi esasy we kömekçi önümçiligi üçin ýangyjyň,elektrik energiýanyň takyk kadalarynyň harajatlaryny öz içine alýar.Material resurslarynyň birnäçe görnüşleri üçin çykdajylaryň kadalary ýa-da könelmäniň möhletleriniň kadalaryny (konselýar harytlary,hojalyk harytlary) bellemek mümkin däldir.Şu ýagdaýda çigmal resurslary üçin isleg boýunça hasaplaşyk geçirmek üçin öňki döwürlerde ulanylan göwrümi barada maglumatlardan peýdalanylýar.Bu has ýönekeý kuwwatly koeffisiýentleriň usuly bolup dyrýar,Ol geçen döwürleriň material resurslarynyň hakyky sarp edilenini hasaba alýar,olar önümçilik mýilnamasynyň üýtgemesiniň koeffisiýentlerini hasaba almak bilen düzedilýär.Hakykatda bu usul ulanylýan düzediji koeffisiýentleri esaslandyrmagyň nukdaýy nazarynda subýektiw hasap edilýär.Muny diňe soňky derejeli ýagdaýlarda ulanmak bolýar.

Geçen döwürleriň material resurslarynyň hakyky harajatlary barada statistiki görkezijileriniň ekstropolýasiýa usuly pes subýektiw bolup durýar.Bu usuy ulanmak arkaly birnäçe döwürleriň maglumatlary seljermäge sezewar edilýär we geljek döwürler üçin çigmal resurslaryna islegiň ösüş depgininiň esasy ugurlary boýunça amala aşyrylýar.Şu ýerde matematiki statistikanyň we ähtimallyklaryň teoriýasy ulanylýar.

Material resurslarynyň isleglериniň belli bir döwürde üýtgemegi niýetleýin aýdyňlaşdyrylyşynyň egri-çyzyk görnüşi (göni çyzykly,giporboliki we parabola

baglanyşyklary we ş.m.) dogry anyklamak zerurdyr.Çigmal resurslarynyň isleginiň ösüş depgininiň has ýokary derejede açyp görkezýän egri-çyzyk görnüşi saýlamanda ylalaşygyň ýörelgesini hökman belläp geçmelidir.

***Matematiki – statistikada ol ýa-da statistiki gepotezanyň statistiki gökezijileriniň talablaýyklygynyň barlagynyň usullaryny birleşdirýän ýörite bölüm aýrylyp berlendir.Saýlap almak we gepotetiki anyklamaklygyň arasyndaky ylalaşygyň barlygy bilen bagly amallaryny geçirende ylalaşygyň ölçegi düşünjesini ulanýarlar***.

Bu ölçeg tejribä daýanan netijeleriň emperiki görkezijileriniň,olaryň teoriýalaýyn aňlatmalaryndan gyşarmalarynyň ýüze çykarylmagy arkaly anyklanylýar.

**“Ylalaşygyň ölçeginiň”** amatly bolan egri çyzygy has talabalaýyk bolup durýar.

Şeýlelik bilen,zerur çigmal resurslara islegiň kärhananyň hojalyk önümçiliginiň ähli ugurlary boýunça hasaplanyp çykylýar.Bu islegi anyk wagt interwalyna material-tehniki üplünçiliginiň meýilnamasynda görkezilip alnyp barylýar.Şol bir wagtda kärhanada taýýar önümleriň çykarylmagyna önünden meýilleşdirilmedik (nobatdan daşary) sargytlary hem gelip düşýärler.Olary ýerine ýetirmek üçin material resurslara we goşmaça üpjünçiligiň guramaçylygy hem zerurdyr.Bu iş çigmal resurslaryň sarp edilişiniň maglumatlaşdyrylyşy bilen bagly bolýar.Çigmal resurslaryň sarp edilişiniň maglumatlaşdyrylyşy üçin ykdysady-matematiki usullary we modelirlemek,ulgamlaýyn seljermäniň usullary,anyklaýjylaryň bahalandyrmagynyň usullarynyň dürli görnüşlerinden peýdalanylýar.

## *III.7.<u>Çigmal resurslarynyň kadalaşdyrylyşy we harçlanyşynyň kadasy</u>.*

Logistiki ulgamlarynyň arabaglanyşyklary dürli ölçegleri eýe bolup,mukdarlaýyn bahalandyrylmaga boýun egýändir.Kadalaşdyrmak – bu kabul edilen kadalara laýyklykda mukdarlaýyn deňagramlylyklarynyň bellige alnyş hadysasysyr.Ähmiýetli logistiki ylgamynyň proýektirleme hadysasynda kadalylyk

we kadalaýyklyklary ullakan ýörelgeleýin häsiýete eýedir.Olar şu ýagdaýlarga ýüze çykýar.

a)Kärnhananyň önümçilik düzgünnamalarynyň rejesinde deňagramlylygyklaryň üpjünçiligininde ýüze çykýar.

b)Çigmal resurslarynyň iş ýerlerine wagtynda ýetirip berilmegi – bu önümçilik hadysasynyň wagtly-wagtynda ýerine ýetirmegini her bir işiň sazlaşyklygyny aňladýar.

Resurslary gorap saklamagyň täsirli serişdesi kadalaşdyrmak bolup çykyş edýär.Ylmy – tehniki ösüşiniň goşmaça goldawynyň we mareriallaryň,çigmallaryň ulanlyşynyň gözegçiliginiň instrumenti bolup çykyş edýär.

Mareial resurslarynyň kadalaşdyrylyşy logistiki ulgamynyň çigmal akymlarynyň meýilnamalaşdyrylmagynyň we guramaçylygynyň sazlaşdyrylmagynyň we gözegçiliginiň gollanmalaýyn üpjünçiliginiň dolandyryş täsirliliginiň ýerine ýetirilmegine mümkinçilik berýär,materiallaryň sarp edilişiniň hadysasynda resurslaryň gorap saklanmagynyň täsirini ýetirýär. Çigmal resurslarynyň kagalaşdyrylyşy çigmallaryň,materiallaryň,ýangyjyň,energiýanyň harajatlarynyň kadalaýyn görkezijileriniň işlenip düzülişiniň hadysasy bolup durýar.Bu hadysa indiki tertipde çykarýar:Kadalaşdyrmagyň obýektiniň bolup aýrylmagy,kadalaşdyrmagyň gelip çykyşyny anyklanmagy;önümçiligiň guramaçylygynyň we peýdalanylýan tehnologiýany hasap almak bilen çigmallaryň harajat edilişiniň önümçiliginiň hakyky şertleriniň täsirine baha berilmegi;kadalaşdyrylmagyň gelip çykyşynyň maglumatlarynyň,gözegçiliginiň netijeleriniň we ölçeg geçirmekligiň esaslarynda başdaky kadalaýyn görkezijileriniň hasaplamasy;toparlaýyn we beýleki ýlaldylan we ortalyk kadalaşdyrylan görkezijileriniň hasabyna alynmaklygy;kadalaşdyryjy görkezijileriň proýektleriň seljermesi we anyklanylyşy;bu proýektleriň tassyklanylmagy;

Material resurslarynyň harajat edilişiniň kadalaşdyrylyşy üpjünçilik logistikasynyň “Girişde” ýerleşdirilýär.Kadalaşdyrylmagy öwrenmegiň predmeti – kadanyň ykdysady tebigaty we mazmuny,çigmallaryň harçlanyşynyň guramaçylygy we kadalarynyň işläp düzülişiniň usuly bolup durýarlar.Kaalaşdyryş hadysasy tehniki ylymlar bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.Ç igmallary gorap saklamak we kadalaşdyrmak pudaklarynda guramaçylygy üçin ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda tehnologlaryň taýynlyklary ýerine ýetirilýär.

Material resurslarynyň harçlanyşynyň kadasy – önümçiligiň takyk guramaçylyk tehniki şertlerinde hil taýdan öndürilişi üçin çigmalyň,materiallaryň ýangyjyň,energiýanyň aňrybaş mümkin bolan meýilnamalaşdyrylan möçberi bolup durýar.

Material resurslaryň harçlanyşynyň kadasy harajatlaryň meýilnamalaýyn ölçegi bolup durýar.Ol material resurslaryň tygşytly we sazlaşykly ulanylşyny göz öňünde tutýar.Material resurslarynyň harçlanyşynyň kadasy – material resurslarynyň sarp edilişiniň meýilnamalaşdyrylyşy hadysasynyň esasy gurluşlaryndan biri bolup durýar,resurslary gorap saklamagyň wajyp faktorydyr.Hojalyk amallarynyň meýilnamalaýyn ulgamynda çigmal resurslaryň harçlanyşynyň kadalary kärhanalaryň özleri işläp düzýärler,ýöne dolandyryşyň döwlet organlary tarapyndan gözegçilik edilýärdiler.Olar ministrlikler we wedomostwalar bilen hökmany suratda ylalaşýardylar,SSSR-iň Döwlet meýilleşdirişinde,Döwlet gurluşygynda,Döwlet üpjünçiliginde merkezleşdirip tassyllanylýardy.Bazar ykdysady şertlerde kärhanalaryň material resurslarynyň harçlanyşynyň kadalaryny Döwlet organlary bilen ylalaşmazdan özbaşdak işläp düzýärler.Bu resurslaryň goralmagy üçin tutuş jogapkärçilik dolylygyny olaryň özlerine ýüklenýär.Ýöne şu görnüşiň jogapkärçiliginiň gözegçiliginiň usullary şu döwürde ýokdur.Bu tutuş ýurtlar boýunça çigmal resurslarynyň gigden harçlanyşynyň has ýokarlanmagyna alyp gelgi.Önümleriň (işleriň,hyzmatlaryň) öndürilişi üçin çigmal resurslarynyň çykdajysynyň kadasyny emele getirýän

sanawy onuň düzümini häsiýetlendirýär.Ol önümçiligiň pudaklaýyn aýratynlyklary bilen şertlendirilendir.

Çigmal resurslarynyň harajadynyň ýekeleýin kadasynyň görnüşleýin düzümini öz içine alýar:haýyrly (teoriýalaýyn,arassa) çykdajy (agramy,göwrümi,meýdany,yzynlygy) ;aýrylmasy kyn bolan tehnologiki ýitgiler;

Çigmal resurslarynyň harçlanyşynyň umumy önümçilik kadasynyň görnüşleýin düzümi:Sehleriň kömekçi zerurlyklary üçin tehnologiki harajady;sehleriň içki ulgamlaryndaky we täze görnüşleri ýola goýmakda bolýan ýitgiler.Harçlanmagyň kadasynyň gurluşy onuň aýratyn elementleriň düzümini we mukdar gatnaşygyny häsiýetlendirýär.

Harçlanmagyň kadasynyň gurlanyşynyň seljermesiniň zerurlygy maglumatlaryň dürli çeşmeleriň esasynda dürli usullaýyn tärler bilen onuň her bir elementiniň aňladylşynyň anyklanyşy bilen şertlendirilýär.Meselem,çigmal resurslarynyň harçlanyşynyň ýekeleýin kadasynyň gurluşynyň ykdysady seljermesi “maşyngurluşygyň” önüminiň birligini çenden tutup:Arassa agramynyň barlygy;tehnologiki galyndylary;aradan aýyrmagy kyn bolan tehnologiki ýitgiler;munda arassa agramyň paýynyň gurluşlaýyn üýtgemeleri önümleriň konstruksiýasynyň kämilleşdirilmegi baradaky çäreleriň ähmiýetiniň derejesine şaýatlyk edýär,emma galyndylaryň we ýitgileriň paýyny azalmagy önümçiligiň tehnologiýasynda ulanylýan hil baraga şaýatlyk edýär.

## *III.8.<u>Çigmal resurslaryň çykdajy edilişiniň kadasynyň klassifikasyýasy,çigmal resurslarynyň kadalaýyn görkezijileri (normatiwi).</u>*

Çigmal resurslarynyň çykdajylarynyň kadalary indiki alamatlary boýunça klasifikasiýa edilýär.Önümçiligiň abzallaşdyrmaklygyň derejesi boýunça;çigmal serişdeleriniň üpjünçiliginiň abzallaşdyrmaklygyň derejeleri boýunça;çykdajylaryň düzümi boýunça;

Önümçiligiň abzallaşdyrylmagynyň derejeleri boýunça (ýa-da kadalaşdyrylan obýekt) material resurslaryň kadalary (hormalary) ýekelikde we toparlaýyn hem-de ortaça ölçeglerdäki kadalara bölünýärler.

Çykdajylaryň ýekebara (indiwidual) kadalary amallar,detellar we önümler boýunça kadalardan durýarlar.Olar detallar üçin,ýygnalýan bir önüm üçin,önümler üçin önümiň göwrüminiň ýa-da agram birliklerinde kadalaýyn resurslarynyň çykdajylaryny anyklaýarlar.

Çykdajylaryň toparlaýyn kadalary (normalary) bellenen namenklaturasy boýunça we meýilnamalaşdyrmagyň derejeleri boýunça,ortaça hasaplanan ölçegleri hökmünde hasap edilýär.Olar birmeňzeş önümleriň (işleriň,hyzmatlaryň) birmeňzeş görnüşleriniň ulaldylan birlikleri üçin peýdalanylýar.Toparlaýyň kadalary hasaplamak üçin maglumatlaryň esasy çeşmesi çykdajylaryň indiwidual kadalary we detallaýyn namenklaturasyndaky önümleriň öndürilişiniň maksatnamasy bolup durýar.Orta arifmetikalaýyn ölçegleri tapmaklygyň düzgznleri boýunça ýerine ýetirilýär.

Material resurslarynyň kadalarynyň abzallaşdyrylmagy boýunça çykdajylaryň normasy ýöriteleşdirilen (takyk hili,görnüşi,ölçegi kysymy profillerde) we jemleýji (namenklaturalaýyn toparlar boýunça) çykdajylaryň ýöriteleşdirilen kadalary çigmal resurslarynyň her bir görnüşi üçin bellenilýär.Meselem:takyk kysymly demir listiniň ölçegini 3x1000x2000мм çykdajysynyň kadasy,olar resurslaryň assortimentleýin takyk görnüşlerine degişli bolup durýar.Bu kadada önümiň gurluşynyň ähli nobatlaýyn üýtgemeleri önümleriň taýýarlanyş täri, çigmal resursiarda kärhanalaryň häzirki sarp edilişiniň üpjünçiliginde, önümçiligiň tehnologiýasynyň üpjünçiliginde operatiw ýagdaýda şöhlelendirilýär.Jemleýji kadasy – resurslaryň birmeňzeş görnüşleriniň çykdajysy,bu resurslar boýunça sarp edilişiň hasabaty we marerial balanslary düzülýär.

Material resurslarynyň çykdajylarynyň kadalary heteket edýän döwri boýunça tapawutlandyrylýar:ýyllyk,çärýekleýin,aýlyk.

Material resurslarynyň çykdajylarynyň strategiki kadalary 5 ýyldan ýokary bolan döwürlere işlenip düzülýär.Material resurslarynyň çykdajylarynyň kadalary dürli ölçeg birliklerinde bellenilýär:Natural ölçeg birlikleri (önümler,detallar,demir önümler – ton,kg,kubmetr,kwm, desgalaryň meýdany we ş.m) bahasynyň ölçegi (manatda,çykarylýan önümleriň müňläp ýa-da million manatda ýa-da ýerine ýetirilen işleriň göwrümi) enjamlaryň işgärleriň ýa-da kärhananyň (bir smenadaky,hepdedäki,aýdaky we ýyldaky işleriniň wagt) işgärleriň we işleýän enjamlaryň sany,işgärler,gullukçylar hem-de enjamlar.

Energetiki resurslaryň çykdajylarynyň kadalary tehnologiki we umumy önümçilik,ýyladyş,wintilýasiýa,yşyklandyryş çykdajylary girýär.

### *Çigmal resurslarynyň kadalarynyň görkezijileri (normatiwleri)*

Kada görkezijilerini normanyň elementleýin düzümi bölekleri görnüşde häsiýetlendirip bolar.Olar aýratyn amallaryň ýerine ýetirilmegi üçin udel harajatlary (meselem, 1m$^2$ meýdany reňklemek) hem-de önümçilik hadysalaryň görnüşleri boýunça tehnologiki galyndylary we materiallaryň,çigmallaryň ýitgilerini öz içine alýarlar.

Material resurslarynyň kada görkezijileri materiallaryň,çigmallaryň kadalarynyň elementleýin düzümi boýunça böleklerini şekillendirip görkezýär.Material resurslarynyň kada görkezijilerine şular degişlidir:

a)Önümçilikde çigmallaryň we materiallaryň ýitgileriniň we tehnologiki galyndylarynyň görkezijileri;

b)Çigmal önümçiliginde udel harajatlary agramynyň, yzynlygynyň,meýdanynyň birliklerine ýüzlekeý 1m$^2$ meýdanyň bir gezekleýin reňk çalnanda reňkiň udel harajadynyň kada görkezijisi material resurslarynyň kada görkezijileriniň esasy bolup – bu ýerine ýetirilen işleriň,öndürilýän önümleriň birligine çigmallaryň material harajadynyň esaslandyrylan kadalarynyň işläp taýýarlanmagyny üpjün etmelidir.

Kada görkezijileri hasaplaryň jikme-jik hasabatly tejribeleýin ýa-da utgaşdyrylan usullary bilen işlenip düzülýär.Bu wezipeleri ministrlikleriň tehnologiki we pudaklaýyn düzümleri meşgullanýar hem-de şular boýunça kärhanalaryň talabalaýyk gulluklary meşgullanýar.Geçen döwürlerde kada görkeüijileri umumy döwlet ähmiýetli häsiýeti bardyr.Olar ýöriteleşdirilen ylmy-barlag institutlary tarapyndan işlenip düzülýärdi (Meýilnamalaşdyrmak we kadalaşdyrmak boýunça ylmy-barlag instituty,material-tehniki üpjünçiligiň ylmy-barlag instituty)

Esasy önümçilik ugurlaryna degişli bolmadyk önümleriň öndürilmegi üçin çigmal resurslarynyň harajadynyň kada görkezijilerini sazlamakda kärhanalar önümçilik ugurlaryň pudaklaryndan kada görkezijilerini peýdalanyp bilýärdiler.

Kadalaýyn görkezijileriň derejesine konstruksiýalaýyn we tehnologiýalaýyn faktorlary uludan täsir edýärler:önümleriň tehniki derejesi,onuň hili,detallaryň elementleýin mukdary,olaryň geometriki görnüşleriniň çylşyrymlylygy,uzak möhletliligine,ynamlylygyna,talaplary,materiallaryň ykdysady çalşyryjylaryň nili we mykdary,ulanylýan abzallary,guramaçylyk ykdysady faktorlary hem uludan täsir edýär.

## *III.9.__Çigmal resurslarynyň kadalaşdyrylmagynyň usullary__*

Kadalaşdyrylmagyň usullary – çigmallaryň,materiallaryň,ýangyjyň energiýanyň,ätiýaçlyklaryň we harajatlaryň kadalarynyň görkezijileriniň işlenip düzüliş usullarydyr.

Logistikaga çigmal resurslarynyň kadalaşdyrmagyň usullary hakyky maglumatlaryň tutuş jeminiň,şol sanda esaslaýyn kada getirji faktorlarynyň barlagyna çen tutýar.Kada görkezijileriniň mukdar aňlatmalary matamatiki hasaplamalaryň kömegi bilen anyklanylýar.Amallarda kadalaryň görkezijileriniň we kadalarynyň işläp taýýarlanmagy kadalaşdyrmagyň indiki usullardan biriniň kömegi bilen ýerine ýetirmek mümkin.

***Hasabat – seljermeleýin usuly;tejribeleýin – esaslandyrylan;statistiki hasabat;ulaldylan kada görkeziji usuly;geçiriji – koeffisiýent;utgaşdyrylan usuly***.

***Hasabat – seljermeleýin usuly*** – harajatlaryň ýekeleýin kadasyny işläo taýýarlamak üçin ulanylýar we konstruktorlaýyn proýektirleme,tehnologiýalaýyn we beýleki tehniki resmi düzgünnamalarynyň maglumatlary boýunça,elementleýin hasaplaşyklarynyň ýerine ýetirilişinde esaslandyrylýar.Iş çyzgylary konstruktorlaýyn ýöriteleşmegini,ýasalyş tärleri we beýleki tehnologiki reglamentlerinden peýdalanýarlar.Galyndylaryň we ýitgileriň möçberleri göni hasaplaşyk usuly bilen tehnologiki hadysalaryň kartalarynyň kada ölçegleri, materiallaryň biçiminiň kartalary,taýýarlyklaryň ölçegleriniň delilnamalary,material resurslarynyň işläp taýýarlanmagynyň ylalaşygynyň kartalary hasaba almaklygy bilen anyklanýar.Çigmal resurslarynyň kada ölçegleriniň şu usulynyň peýdalanylyşy harajatlaryň kadalarynyň esaslandyrylmagynyň ýokary derejesini üpjün etmäge mümkinçilik berýär,aradan aýrylmasy kyn bolan tehnologiki galyndylaryň we ýitgileriň emele gelýän ýerlerini anyklamaga mümkinçilik berýär we olaryň aradan aýrylmagynyň ýollaryny bellemäge mümkinçilik döredýär.Kadalaşdyrmagyň şu usuly has kämil hasaplanylýar,näme üçin diýseň – bu tehniki ykdysady hasabatlary anyk önümçilik şertleriniň seljermesi bilen öz içinde birleşdirýär.

***Kadalaşdyrmagyň tejribeleýin – esaslandyrylan usuly*** – Gurluşykda,gazylyp alynýan pudaklarda,himiki – tehnologiki esaslandyrylan önümçilikde,çigmal resurslarynyň harajadynyň kadalaşdyrmakda ulanylýar.Bu usulda tejribe – labaratoriýalaýyn we tejribe – önümçilik usullary aýratyn bolup durýar.Bu ýagdaýlarda harajatlaryň ýekeleýin kadalarynyň işläp taýýarlanylyşy bir ýagdaýda labaratoriýa şertlerinde,beýleki ýagdaýlarda hakyky önümçilik şertlerinde öndürilýän önümleriň (işleriň,hyzmatlaryň) göwrüminde we olaryň harajatlarynyň ölçeglerde esaslandyrylýar.Tejribeleriň has ýokary mümkin bolan sanawynda we önümçiligiň tehnologiýalaýyn reglamentiniň göz öňünde tutan tertiplerde geçirmek zerurdyr.Material resurslarynyň harajadynyň kadalary has ynamly netjeleriň saýlap

alynmagynyň usulyny,statistiki-matematika usuly bilen hasaplanyp çykarylan orta aňlatmasynyň görkezijilerini ulanmaklyk bilen bellenilýär.

Kadalaşdyrmagyň statistiki – hasabat usuly – geçen döwür üçin önümiň (işiň) birligine çigmallaryň takyk harajagy barada statistiki (buhgalterçilik,operatiw) maglumatlarynyň seljermesinden gelip çykýan çigmal resurslarynyň harajadynyň toparlaýyn we ýekeleýin kadalarynyň işläp taýýarlanmagynyň usullaryny anyk görkezýär.Tehnologiýalaryň konstruksiýalarynyň gabat gelmegi we önümçiligiň guramaçylygy hökmany suratda hasaba alynmalydyr.Kadalaryň işlenip düzülmegi baradaky hasabaty hökman dogry bolmaly,çigmal resurslarynyň hakyky harajadyny doly we takyk şekillendirmekdir.Şu usullaryň ulanylyşy çigmal resurslarynyň harajagynyň kadalarynyň peselmeginiň görkezijileriniň hasabatyny çigmallary gorap saklamagyň meýilnamalaşdyrylan maksatnamalaryndan gelip çykmagyndan çen tutýar.Şu ýerde beýleki önümçiligiň çigmallaryny gorap saklamagyň tejribesini göz öňünde tutmak wajypdyr.

Haçanda,kadalaryň hasaplaşygynyň beýleki usullaryny ulanyp bolmaýan ýagdaýlarynda,bu usul arzan deňeşdirilen ýa-da seýrek ulanylýan materiallaryň kadalaşdyrylyşy üçin ýygy-ýygydan ulanylýar.

***Ulaldylan kada görkeziji usuly*** – detallaryň talabalaýyk alamatlary boýunça klassifikasiýasynda esaslandyrylan:meýilnama boýunça;işläp taýýarlamagyň usullary boýunça;görnüşleri boýunça we ş.m. detallaryň toparlary boýunça klassifikasiýa edilýär,soňra her topardan birmeňzeş gşrnüşi saýlanyp alynýar.Oňa kadalar we kada görkezijileri hasaplanylýar.Şondan soňra täze önümler üçin materiallaryň harajadynyň kadalaryny düzediji koeffisiýent bilen hasaplap çykarýar.Alnan kadalar het topar boýunça ulaldylýar.Netijede materiallaryň harajadynyň ýöriteleşdirilen we jemleýji kadalaryny anyklaýarlar.

Geçiriji koeffisiýentleriniň usuly anyk derejeli subýektiw häsiýetli bolsada,ondada täze önümleriň önümçiligine girizilen ýagdaýynda harajatlaryň kadalary hasaplanylanda peýdalanylýar.Şu usulyň manysy täze bir nusganyň

taýýarlanylyşynyň çylşyrymlylygynyň onuň hil häsiýetleriniň we taýýarlanyş tehnologiýalarynyň önümçilikdäki önümiň häsiýetleri bilen gabat gelmeginde bolup durýar.

***Kadalaşdyrmagyň amal edilişinde utgaşdyrma usuly*** ulanylýar.Ç igmal resurslarynyň harajadynyň ýekeleýin kadalary işläp düzülende iki ýa-da üç usuly bir wagtda ulanylýan ýagdaýlarda bu usul ulanylýar.Hasabat-seljermeleýin usullarynyň birleşmegi has maksadalaýyk hasap edilýär.

Utgaşdyrylan usulda materiallaryň udel harajadyny öňünden anyklanylýar,soňra tejribeleýin usul bilen hasaplamalar geçirýärler,harajatlaryň kadalary takyklanýar we düzediş girizilýär.Bu usul himiki tehnologiýalarda (betonyň himiki çigmallarynyň önümçiligi) esaslandyrylan önümçiliklerde peýdalanylýar.

## ***III.10.<u>Çigmal resurslarynyň kadalaşdyrylmagynyň usullarynyň ulanylyşynyň ähmiýetine baha bermek we çigmallaryň goralyp saklanylmagy.</u>***

Çigmal resurslarynyň harajadynyň kadalaşdyrmagyň usullarynyň ulanylmagynyň ähmiýetliligi resurslarynyň ölçegleriniň kömegi bilen baha berilýär.Olardan has wajyplary:önümiň çykarylyşynyň görkezijisi;material resurslarynyň ulanylyşynyň koeffisiýenti;çigmal talap edijiliginiň görkezijileri;adaty azalmanyňkadasy we başgalar.

Semantika – sözüniň manysy dil biliminiň söz hem-de aňlatmalaryň manylaryny,olaryň üýtgeýşini öwrenýän ugurdyr.

**“Resurslary gorap saklamak”** adalgasynyň semantiki manysy iki aýratyn sözden**”resurslar”,”goramak”** emele gelýärler.

Resurslaryň ähli görnüşleriniň umumy häsiýeti önümçilikde we sarp edijilikde olaryň gatnaşygynyň bolup biljek mümkinçiligi bolup durýar.Şu ýerde önümçilik we sarp ediljek resurslary çäklendirilendir.Şonuň bilen adalganyň ikinji düzümleýin bölüminiň gorap saklamak çykmagy şertlendirilendir**.”Gorap saklamak”** – bu resurslaryň tygşytly we sazlaşykly ulanylmagydyr.Önümçilikde

bolşy ýaly sarp edjilikde hem resurslaryň dolandyrylmagynyň esasy wezipesi sazlaşykly paýlanmagy bolup durýar.Egerde resurslar ýeterlik bolsa,onda tygşytly ulanmagyň we has amatly paýlanmagyň meselesi ýüze çykmaýar.Resurslaryň sazlaşykly we tygşytly ulanylmagynyň meselesi olaryň özgelere seredeniňde ýeterlik üpjünçiliginiň ýoklugy ýa-da resurslaryň ýetmezçiligi (defisiti) bilen ol ýa-da beýleki döwrüň dowamynda resurslara bolan islegi bilen deňeşdirilip öňünden çözülýär.

**Edebiýatlarda "Resurslary gorap saklamak" adalgasy iki manyda öňe sürülýär.**

***Birinji öňe sürülýän ýörelge*** – "Resurslaryň gorap saklanmagy" önümçilik döwrüniň (gazylyp alyanlardan – sarp ediş pudaklara) ähli etaplarynda gymmatlyklaryň we energiýanyň az harajat edilişi bilen hem-de ahyrky önümleriň önümçiliginiň we ýerlenmeginiň hadysasydyr.

Ikinji öňe sürülýän ýörelge – adamlaryň pikirine görä "Resurslaryň gorap saklanmagyna" ahyrky önüm hem goşulýar.Olaryň sarp edijilik häsiýetleri boýunça sarp edijileriň talaplaryna we resurslaryň amatly ulanylşyna talabalaýyk gelmelidir.Olar energiýa we suwuň sarp edilişiniň peseldilmeginiň zerurlygyny belläp geçýär.Energiýany we suwy sarp etmeklik daşky gurşowyň wajyp durnuklaşdyryjylary bolup durýar.Köp görnüşli ahyrky önümleriň önümçiliginde sarp edijilik,meselem:suwuň sarp edilýän agramyndan çigmalyň agramynyň iki esse artykmaç durýar."Resurslaryň gorap saklanylmagy" adalgasy önümleri öndürmekde we olaryň sarp edilişiniň pes derejedäki udel kadalary bilen çgmallaryň we önümçilik galyndylarynyň utgaşdyrylan gaýtadan işlenmegi metal galyndylarynyň,makalaturanyň,ýylylygyň we suwuň we ş.m.gaýtadan resurslaşdyryp ulanylmagy tebigy resurslaryň tygşytlanmagy hökmünde traktowka edilýär.Bu iki ýörelgäniň hereker etmek üçin doly hukugy bardyr.Olar "resurslaryň gorap saklanylşy" adalgasy "tygşytlylyk" adalgasynyň giňden aýdylyp geçilmegi netijesinde emele geldi we ol resurslaryň ähli görnüşlerine degişli bolup biler.Emma resurslaryň harajadynyň kadalarynyňçendenaşa peseldilmegi (şu talaby

Döwlet sargytlarynyň ýerine ýetirijileriň bäsleşiginiň saýlawynda has gowy ýüze çykýar.Işler amal edilende geljekgi önümleriň hiliniň peselmegi bolup geçýär we harydyň tutuş emele geliş döwrüniň dowamynda gymmatyň ýokarlanmagy ýüze çykýar.

Satyn alyjy bir gezeklik satyn alyşda (gysga döwürde) bahalaryň tygşytlanylanda abzallaryň hiliniň pesliginiň çalt depginde çalşyrylmagynyň zerurlygyna özüni duçar edýär,bu orta möhletli döwürde harajatlaryň ýokarlanmasyna getirýär.

Mareial resurslarynyň tygşytlylygy ýokary kadalaýyn ätiýaçlyklarynyň ýok edilmeginiň,materiallaryň,çigmallaryň ulanylşynyň,galyndysyz tehnologiýanyň özleşdirilişiniň,çigmal resurslarynyň harajatlarynyň ösüş kadalarynyň ulanylmagynyň hasabyna ýerine ýetirilýär.

Önümleriň emele geliş döwrüniň başlangyç derelelerinde çigmal resurslarynyň tygşytlylygy önümleriň tehnologiýa taýdan ýokarlandyrylmagynyň meňzedip ýasalmagy gymmadyň hereket edişiniň seljerilmesi modelirlemäniň usllaryny ulanmaklygyň hasabyna ýerine ýetirilýär.

Çigmal resurslarynyň tygşytlanmasynyň anyklanylyşy resurslary gorap saklamagyň wajyp faktorlary bilen üstüni dolduryp bolýar.Olar ykdysady – guramaçylyk faktorlarynyň toparlaryna degişlidir.

Resurslary gorap saklamagyň ykdysady – guramaçylyk faktorlary tygşytlylygynyň indiki çeşmelerini öz içine alýar.Materiallaryň harajatlarynyň kadalaşdyrylyşy,material-tehniki üpjünçiliginiň ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi,çigmal resurslarynyň sarp edilişiniň anyklanylmagynyň has kämil ykdysady – matematiki usullarynyň ulanylmagy,ulag – ammar amallarynyň daşalýan çigmallar bilen kämilleşdirilmegi we ş.m.

Resurslaryň gorap saklanmagy tehnologiki we tehniki faktorlarynyň wajyplyyny hasaba almak bilen bazar ykdysadyýetinde onuň ykdysady – guramaçylygynyň düzüm bölekleriniň işjeňleşmegi uly rol oýnaýar.

Daşary ýurtlaryň tejribelerine esaslanyp tygşytlamagyň Ykdysady – guramaçylyk faktorlarynyň goşylmagy mareiallaryň ätýaçlyklarynyň 40-60% çenli azaldylmagy,dolanyşyk serişdeleriniň 20-40% çenli dolanyşygyny çaltlandyrmak,ulag çykdajylary 7-20% çenli gysgaltmaga mümkinçilik berýär,ýükläp – düşürmeklik işlerini we çigmal resurslarynyň gorap saklanylmagy üçin çykdajylaryň 15-30% çenli azaldylmagyny gazanyp bolar.

## *BAP.IV.Üpjünçiligiň logistiki Menejmenti (Dolandyrylşy).Hereket etmekligiň aragatnaşygy we mazmuny*

### *IV.1.Logistiki Menejment*

Logistiki menejmenti işjeň kuwwata eýe bolup durýar.Ol üpjünçiligi,önümçiligi,täjirçiligi,marketingi bir ýerde jemleýji hem-de olaryň arasyndaky özara gatnaşyklary ýokarlandyrýar.Bazaryň halkara ýörelgeleriniň guramaçylygynyň ulgamlaýyn çemeleşmek bilen hususy ýörelgesini işläp düzdi.Bu ýörelge logistikanyň menejmentinde iş ýüzüne geçirilýär.

Logistiki menejment – bu kärhananyň strategiki wezipelerini ýerine ýetirmek üçin logistikanyň ösüş depgininiň äşgär edýän tabşyrygynda maksatlaýyn ugurlary gurnamagyň iş ýüzünde amalaaşyrylmagynamümkinçilikberýär.Şeýlelik-de logistiki menejment – bu üpjünçilik ulgamynda ykdysady akymlaryňdolandyrylyşynyň görnüşleriň,görnüşleriniň,usullarynyň,serişdeleriniň jemidir.

Önümçiligiň strategiki wezipelerini ýerine ýetirmekliginde logistiki ösüş depgininiň goşluşmagy üçin ulanylýar.

Logistika sarp edijiligiň we material-tehniki üpjünçiligiň marketingiň we menejmentiň ulgamlaýyn tehnikalardan we kibernetikadan we beýleki ylymlardan teoriýanyň öňdebaryjy üstünliklerini öz içinde öndürmegi başardy.Bazaryň halkara ýörelgeleriniň guramaçylygyna ulgamlaýyn çemeleşmegiň öz ýörelgesini hödürlemegi bilen logistiki menejmentiniň konsepsiýasynda üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Logistiki menejmenti material-tehniki üpjünçiliginde ulanylmaklygy – bu görülýän çäreleriň jemidir,bu çäreler satyn almaklyk amallarynyň dolandyrylyşy bilen bagydyr.Olar kärhanalaryň gurluşlarynyň arasyndaky (satyn alyş bölümi,önümçilik bölümi,marketing, maliýe bölümi we ýerleşdiriş bölümi) önümçiligiň içindäki gapma-garşylyklarynyň ýatyrylmagyna itergi berýär we daşarky guramaçylyk aragatnaşyklarynyň (üpjün edijiler bilen,sarp edijiler bilen) amatlaşdyrylmagyna itergi berýär.Daşarky guramaçylyk aragatnaşyklary tutuş logistika zynjyrynyň material-tehniki üpjünçiliginiň hadysasynyň gatnaşyjylarynyň arasynda ýüze çykýar.

Üpjünçiligiň logistiki menejmentiniň wezipeleri biznesiň maksatlary bilen arabaglanyşykda çözülýär.

***Logistika – Mehejmentiň integrallaýyn instrumenti bolmak bilen,materiallaryň ýa-da hyzmatlaryň hem-de olar bilen bagly bolan (maliýaniň,maglumatlaryň we beýlekileriň) akymlarynyň has ähmiýetli (umumy harajatlary azaltmak nukdaýy nazarynda,önümlere we hyzmatlara bolan islegiň hiline ahyrky sarp edijileriň) talaplarynyň kanagatlandyrylmagy***.




*IV.1.Menejmentiň düzümlerinde logistika*

## IV.2.<u>Üpjünçiligiň logistiki menejmentiniň ýörelgeleri (prinsipleri) we logistikanyň tabşyryklary (missiýasy)</u>

Ýörelge (prinsip) latyn sözi bolup,başlangyjy esaslandyryjy,ýagdaýylaryň döreýän çeşmesi hökmünde,amallaryň esasy düzgünleri diýmegi hem aňladýar.Bu düşunje ylymlaryň dürli ugurlarynda ulanylyp,logistikada hen öz ornuny tapýar.

Logistikanyň teoriýasynyň garaýşyndan ugur alyp,logistiki menejment düşünjesi üpjünçiligiň ulgamynda ykdysady akymlaryň dolandyrylyşynyň ýörelgeleriniň,serişdeleriniň,usullarynyň we görnüşleriniň jemi hökmünde aýdyp bolar.Üpjünçiligiň logistikasynda ähmiýetli gurnalan menejmenti üpjünçilik ulgamynda we tutuş kärhananyň bäsleşige ukyplylygyna uly täsir edýär.Üpjünçilik ulgamynyň sferasynda dolandyrylyşynyň netijesiz alnyp barylmagynyň hasabyna ýitgileri köplenç ýagdaýlarda üpjünçiligiň ununy çykdajylayndan 30-40% möçberini öz içine alýar.Şonuň üçin üpjünçiligiň logistiki menejmentiň ýörelgesi gollanmasyny ulanmak maslahat berilýär.Sazlaşdyrylmadyk logistikanyň ýitgileriniň azaldylmagy üpjünçiligiň hadysalarynyň mazmunynda hem-de guramaçylygygyndaky äşgär edilýär.

Abraýly kärhanalar şular ýaly hil taýdan kämilleşdirilmegi indiki ýörelgeleriň esasynda gurnaýarlar.

***Birinji ýörelge*:**Satyn alynýan bahadan salgy almakdan – Umumy gymmatlyga tarapyna barmagydyr.Ol ähli harajatlaryň berk hasabyny amallarda äşgär edýär.Şu wagt köpçilik sarp edijiler üçin şertleşik baglaşynda esasy ýärelge bolup,pes satyn alyş bahasyna salgylanmaklygy bolup durýar;

Logistiki zynjyrynyň beýleki bölümlerde ýokarda agzalan ýöregeleriň esasynda emele gelýän harajatlara ýeterlik üns berilmeýär.Haçan-da çigmal resurslaryny satyn alnyşynyň amallary harajatlaryň ýokarlanmagyna alyp gelýän hem bolsa,harajatlaryň umumy möçberiniň azaldylmagyny gazanmak hökmanydyr.Kärhana harajatlaryň umumy möçberi barada habarly bolsa-da,onda-da şonyň nasabyna kärhana üpünçiliginiň jogapkär çözgütlerini kabul edip bilýär we harajatlaryň bir pudaklarda azaldylmagy beýleki pudaklarda harajatlaryň artmagynyň öňüni alýar.Eger-de harajatlaryň umumy möçberiniň

bahalandyrylmagynyň geçirilişinde satyn alyş bahalara bagly bolmadyk harajatlaryň azaldylmagynyň, göwrüminiň ulalmaklygynyň mümkinçilikleri aradan aýrylýar.

***Ikinji ýärelge:***Menejmentiň hereket edişiniň diligine baglanyşygyndan keseleýin baglanyşygyna utgaşdyrylmagyny ündeýär.Eger-de üpjünçiligiň logistikasy doly garaşsyz gurluş ýaly,logistiki ulgamynyň başga bölümleri olaryň wezipeleri bilen bagly bolmadyk:üpjünçiligiň we sargydyň ýerine ýetirilmegine,üpjün edijilerden indirimleriň (skidkalar) alynmagyna salgylanmak bilen ýokary netijeleri gazanmaga ýeterlik ukyby bolmaýar.Üpjünçiligiň logistikasynyň dolandyrylyşy keseleýin baglanyşdyrýan aragatnaşyklaryň ulanylmagy esasynda gurnamak bolar.Üpjünçiligiň logistikasynda satyn alynýan önümleriň ählisi üçin sarp edijileri goşmak hökmandyr. Bu bahadäl harajatlary has peseltmäge,satyn alynýan önümlere goýulýan hemme talaplary bir ýere jemlemäge mümkinçilik berýär.

***Ü çünji ýörelge***: Üpjünçiligiň logistikasynda şu ugurda hünäri bar bolan tejribeli hünärmenler meşgullanyp bilerler.Eger-de maliýe we material akymlaryna gözegçilik edýän ýokary tejribeli hünärmenler gymmatlaryň jogapkärçilige laýyk gelmeýän ulanylyşy üçin aýlyk haklaryny alýan bolsalar,onda şu ýagdaýda üpjünçilikde ýol berlen wyždansyzlyk geleşiklerden we hyýanatçylyklardan boýun gaçyrmaga ýol berilmeýär.

***Dördünji ýörelge***:Menenjerlikde ülňüleýin çemeleşmekden – wezipeleriň çözülmeginiň innowasiýalaýyn usullara salgylanmak bilen üpjüçnçiligiň ähniýetli dolandyrylyşy üçin däp bolan administratiw usullar ýeterlik däldir.Üpjün edijileriň döwrebap seljermeleýin baha bermekligini we düzgünleşdirilen usullaryny ulanmak zerurdyr. Üpjün edijileriň bazarynyň stohastiki maglumat beriş ulgamyny,ätiýaçlyklaryň dolandyrylyşynyň innowasion modelleri, ätiýaçlyklaryň azaldylmagy üçin biri-biriniň ýerini tutýan önümleriň kataloglary,resurslaryň amatly sarp edilişiniň modelleri,elektrik täjirçiligini we başgalary ulanmak wajypdyr.

***Bäşinji ýörelge***:Maglumatyň ýönekeý kabul edlmeginden ol maglumaty düşünmäge we seljermäge salgylanýar.Üpjünçiligiň ulgamynyň tutuşlygyna ýagdaýynyň ösüşine kabul edilen maglumatlaryň täsirini bilmek zerurdyr.Çigmal resurslaryň ulanylyş hadysalaryny içinden görmek zerur,üpjünçiligiň bazarynyň ösişiniň ymtylyşyna düşünmeli we üpjün edijileriň ykdysady häsiýetlerini hasaba almaly hem-de özleriniň önümçilik zerurlyklaryna agzalan hadysalaryň täsirini harajatlaryň möçberini düşünmek gerekdir.Bulary hasaba almazdan üpjün edijilere we bäsdeşlere bolan garaýyşyna biynjalyk ýagdaýa düşmegi mümkindir.Maglumat bilen iş tejribelere eýe bolmakda üpjünçilik ulgamynyň dolandyrylyşynyň ähmiýetine taýýarlanmagyna logistika bboýunça hünärment täsir etmeklige ukyplydyr.

***Logistikanyň tabşyrklary (missiýasy***)

Menejmentiň umumy teoriýasynda **“missiýa” – ‘tabşyryk”** adalgasy ulanylýar.Ony logistiki menejmentde hem ulanyp bolýar,ýöne şu sözüň doly manysy bilen, ýagny doly laýyklykda gabat gegmelidir.Menejmentde **“tabşyryk”** adalgasy azyrak üýgtgedilen manyda ulanylýar – baş ýörelge hökmünde kärhananyň amallaryna baglydyrlar,Biznesiň özboluşly filosofiýasy **“tabşyryk”** sözi ykdysadyýetde ulanylanda **“logapkärçilikli wezipe:tabşyryk,haýsydyr işiň roly,niýetlemek” diýmegi aňladýar.**

Daşary ýurt edebiýatlarynda logistiki tabşyrygy **“7 Rs”** düzgüni hökmünde aýtmak bolar,ýa-da logistiki Muks hökmünde (logistiki galyndy) aýdylýar.Şu düzgüniň mazmuny şulardan ybarat:Anyk sarp ediji üçin zerur önümleriň barlygy talap edilýän mukdarda we talap edilýän hili boýunça gerek bolan ýerde bellenilen wagtda üpjün edilmegi başgaça aýdylanda logistikanyň ösüş depgininiň kömegi bilen logistikanyň esasy ýörelgesi amallarda iş ýüzünde amala aşyrmak bolar.Logistiki tabşyrygynyň şeýle öňe sürülmegi öňki ýaly doly anyklanmadyk.Şeýle hem logistikanyň esasy ýörelgeleriniň iş ýüzünde amala aşyrylmagyna logistikanyň ähli ösüş depgini gönükdirilendir.

***Logistiki tabşyrygy – bu kärhananyň strategiki wezipelerini ýerine ýetirmek üçin logistiki ösüş depgininiň ulanylmagyny öz içine almagydyr.***

Logistikanyň ösüş depgini kärhananyň maksatlaýyň ýörelgeleriniň talap edilýän tabşyryklaryň çäklerinde iş ýüzünde amal edip bolýar.Meselem,bazarda kärhananyň bäsdeşlik artykmaçlyklarynyň ýokarlanmagynda strategiki faktorlaryň rolyny öz üstüne almagy.

Logistiki tabşyryklarynyň iş ýüzünde amal edilmegi biznesiň önümçilik we marketingiň strategiýasynyň ösüşiniň umumy konsepsiýasyha garşy bolmaly däldir.

***Logistiki tabşyrygy biznesiň üstünlikleriniň dowamlylygy üçin esas hökmünde material,maliýe,maglumat,hyzmat akymlarynyň umumy menejmentini üpjün edýär.***

**“7 Rs”** düzgünnamasynda biznesiň guramaçylygynyň logistiki tabşyrygynyň wajyp häsiýetleri şöhlelendirilýär.Hil harajatlary kärhana umumy marketing we üpjünçilik strategiýasyna gabat gelýän logistiki tabşyryklaryň össdürilmegi mümkindir.

Kärhanada logistikanyň maksady – biznesde uzak döwürleýin üstünlikleri üçin esas hökmünde material we hyzmat akymlaryň umumy menejmentiniň üpjün edilişidir.

Logistikanyň tabşyrygynyň we ylalaşylan strategiýasynyň ýoklugy işleriň üýtgemegine kärhanalaryň duýgurlygynyň gijä galmaklygyna getirip biler,geljekde mahrum bolmagyna gerirýär.Logistiki tabşyrygy satyn alyş,önümçilik we marketing strategiýalarynyň bileleşmegine bäsleşik ukybynyň ýokarlanmagyna,hyzmatyň gowylandyrylmagyna önümiň ýokary hilini üpjün etmäge ukyplydyr,kärhananyň dünýägaraýyşly bolmaklygyna we haýyrly bolup çykyş etmegi bolup durýar.

Logistiki tabşyryklarynyň niýetlenmegi esasy – kärhananyň bäsdeşlige ukybynyň ýokarlanmagynyň srtategiki faktorlary hökmünde gulluk etmegi bolup durýar.Kärhananyň bäsdeşlik artykmaçlyklarynyň esasy häsiýetleri:Çykarylýan önümleriň hilinde we hyzmatlarda lider bolmagy;harajat etmekde liderligi;önümleriň sarp ediliş bazarynda özüni gowy tarapdan tanatmak (bazar differensiýasy);biznesiň strategiki pisintleri bir ýa-da birnäçe sigmentlerde;

Bäsdeşligiň artykmaçlyk üstünligi üpjünçiligiň sazlaşykly guralan logistikasy itergi berýär.Harajatlaryň azaldylmagy önümleriň sarp ediş bazarynda harajatlarda lider bolmagyň üpjün edilmegine ýol berýär.Emma hyzmatyň we serwisiň derejesiniň we hiliň öňde baryjy häkmünde özüni gowylykda tanatmak ugrunda berkeýär.

## *IV.3.**__Emlägiň umumy (jemleýji) bahasy.Üpjünçiligiň logistikasynyň haýyrlylyk ähmiýeti – Utilitler.__***

Logistikada soňky döwürlerde harajatlaryň düzüminiň anyklanmagynda täze usullaýyn çemeleşilmegi giňden ulanylýar.Daşary ýurt edebiýatlarynda ol **“TOTAL cost of onnership,TCO**”,aýdylýar, bu terjime edilende **“emlägiň umumy (jemleýji) bahasy**” diýmegi aňladýar.Täzeden çemeleşmeleriň manysy – logistiki menejmentiň birinji ýörelgesine laýyk gelýär.Satyn alyş bahasy logistiki harajatlaryň material resurslary satyn almaklygyň esasynda “görünýän bölümi”hökmünde seredilýär.Harajatlaryň beýjeki “görünýän bölümi” zähmediň satyn alnan serişdeleriň ulanylmagynyň gymmaty bilen anyklanylýar.

Diňe satyn alyş bahasyna salgylanylmagy harajatlaryň has köp jemlenmegine alyp gelýär.Meselem,abzallar islege görä pes bahadan satyn alynmagy,ýöne ol abzallaryň doly işe düşürilmeginiň gymmatyna elektrik energiýasyny tehniki hyzmatlardan we beýlekilerden bolup,artykmaç çykdajylary işläp başlanda ýüze çykaryp hasaba almaklygy bilen onlarça esse satyn alyş nyrhyndan ýokary bolýar.

Satyn alyş nyrhlary boýunça tygşytlananda iş ýagdaýynda berlen zähmet serrişdeleriniň goldawy üçin geljekki çykdajylary we häsaz bolan abzallaryň işsiz

durmagyndan çekilen zyýanlary hasaba almalydyr.Şeýlede bolsa,satyn alyş üpjünçiliginiň harajatly bölegi bolyp durýar,satyn almaklygyň diňe hadysasy amatlaşdyrmaga bolan çemeleşmesi – bu nädogry amal edilmegidir.Material resurslarynyň deňe satyn alyş döwürlerinde däl-de,olary ulanmak hadysasynda harajatlaryň gysgaldylmaguny göz öňünde tutmaly.Şeýlelek-de “emlägiň jemleýji bahasynda” satyn almagyň anministratiw harajatlary,ulag we gurnamak,hyzmatlar boýunça,bejergi işleri boýunça hen-de material resurslaryň we enjamlaryň gaýtadan ulanylmagy boýunça harajatlary,döwük enjamlaryň bejergi işleriniň we üpjünçiliginiň gijä galmalary,önümçilik ýitgileri goşulýar.

***Üpjünçiligiň logistikasynyň haýyrlylyk ähmiýeti – utilitleri (utility)***

**Haýyrlylygyň ähmiýeti Utilit – ähmiýeti (utilitler)** – haýyrlylygyň ýokarlanmagyny aňladýar.Logistiki amallary başdaky material resurslara anyk bolan peýdany üstüne goşýan,sarp edijiler üçin taýýar önümiň has ýokary umumy peýdalylygy emele getirýär.Üpjünçilik logistikasynda şulary tapawutlandyryp bolar:Ýükleriň haýyrlylygy (utiliti),wagtyň haýyrlylygy (utiliti),görnüşleriň haýyrlylygy (utiliti).

**Haýyrlylyk ähmiýeti – utilitler** – düşünjesi daşary ýurt edebiýatlarynda adalda hökmünde alnyp,logistiki menejmentiň üpjün ediş ulgamynda goşmaça peýdalary döretmäge ymtylmak bolup durýar.Goşmaça gymmatyň logistikasynyň kömegi bilen iş ýüzünde amal edilýär.**(Value added logistics VAL)** Logistikanyň we marketingiň dolanyşyk sferasynda goşmaça önümleriň taýýalanmagy üçin başdaky material resurslara anyk peýdalary goşýar,sarp ediji üçin has ýokary umumy peýdalylygy emele getirýär.

Logistika üçin ýeriň haýyrylygy, wagtyň haýyrlylygy has wajyp bolup durýar.Logistiki amallar hem-de görnüşiň haýyrlylygy gowylanýar.Meselem,taýýar önümleriň görnüşiniň saýlanylmagy hil taýdan konsolidasiýasy,ulaldylmagy taýýar önümleriň görnüşiniň üýtgemegine alyp barýar.Bularyň gaplanyş häsiýetleri,ýük ölçegleri düýpden başgaça bolýar.

Ö nüm öndüriji **(satyjy)** bilen sarp edijiniň **(alyjy)** arasynda giňişlik we wagt aýrybaşgalygynyň ýeňip geçmegiň guramaçyly – harytlaryň ýerleşdirilmegi bir ýerden,ýagny olaryň artykmaçlyk edýän ýerinden (ätiýaçlyklar) başga ýere,ýagny bu haryda islegiň bar ýerine (alyjylara) logistikanyň işiniň açary bolup durýar.Logistiki marketingiň we täjirçiligiň fiziki çäklerini giňeldýär,taýýar önümlere ýeriň haýyrlylygyny goşýar,diňe harydyň gymmatyny ýokarlandyrmak bilen çäklenmän,ony ýerleşdirmegiň mümkinçiligi hem artýar.

Haryt sarp edijiniň mätäçlik çekýän döwründe hökmany bolýar.Logistiki menejment harytlaryň strategiki ýerleşdirilişiniň we hyzmatynyň distributiw ulgamlarynda ätiýaçlyklarynda derejeleriniň sazlaşykly goldawy hasabynda wagtyň haýyrlylygyny ýüze çykarýar.Ýeriň we wagtyň haýyrlylygy transport ulgamynyň hasabyna emele gelip bilýändir.Transport ulgamy taýýar önümleriň çalt ýerleşdirilmeginiň boýunça islegiň geografiki nokatlaryny üpjün etmäge ukyplydyr.Logistiki çözgütleriň ähmiýetliligini ýörite tehnologiýalary hakyky wagtyň göwrümindäki logistika **(Time based logistics,TBL)** hem-de çalt duýgurlyk usuly **(Quick response,QR)** arkaly ýokarlandyryp bolar.

## *IV.4.<u>Logistika ulgamynyň gurluşynyň derejeleri</u>*

Logistiki ulgamlary birnäçe kiçi ulgamlardan ybarat bolup,olar daşky gurşawy bilen ösen aragatnaşyklara eýe bolup durýar.Logistiki ulgamynyň elementleriniň gabat gelmeleleriniň maksadynyň birligini üpjün edýär.Logistiki ulgamynyň işleýşi şu maksada bagly bolyp durýar.Logistiki ulgamynyň gurluşy köp dürli derejelerdedir.Material akymlarynyň geçiş hadysasy bir kärhanadan beýleki bir kärhana makroderejede şöhlelendirilýär.Logistiki ulgamynyň elementleti hökmünde bu ýerde kärhanalaryň özleri hem-de olary baglanyşdyrýan transport ulgamy çykyş edýär.Kärhananyň hereket edýän içki bölümleri içki ulgamy emele getiriji häsiýete eýe bolan miktoderejede logistiki ulgamynyň gurluşynyň bölümleri çykyş edýärler:

1)Ü pjünçilik – çigmallaryň logistiki ulgamynyň üpjünçiligini ýerine ýetirýär.

2)Önümçilik – bu ulgam üpjünçiligiň ulgamynyň ýanaşyk material akymlaryny kabul edýär we dürli önümçilik tehnologiki amallaryň ýerine ýetiriliş hadysasynda hem dolandyrylýandyr.

3)Sarp ediş – kärhananyň logistiki ulgamynda çigmalyň çykyp gidişini üpjün edýär.

Makrologistiki ulgamy – bu ulgam ykdysadyýet akymlarynyň dolandyrylyşynyň ulgamydyr,ol kärhananyň dürli pudaklary we sferalary söwda,transport we araçy guramalar hem-de aýratyn ýurduň ýa-da ýurtlaryň topary ykdysadyýetiň dürli infrastrukturasyny eýeleýär.Şeýle ulgamlar täjirçilik,sosial,ykdysady,harby,ylmy we beýleki wezipeleriň çözgüdi üçin administratiw – territoriýalaýyn eýeleýän meýdany derejesinde emele gelýär.Makroogistiki ulgamlaryň döredilmeginiň maksatlary mikrologistiki ulgamlarynyň gurluşynyň ýörelgelerinden we maksatlaryndaň ägirt uly derejede tapawytlanyp biler.Makrologistiki ulgamynyň emele gelmeginiň we amatlaşdyrylmagynyň ýörelgeleriniň täjirçilik ölçeglerden başga ylmy,ekologiýa,sosial,syýasy we beýleki maksatlary bolup biler.Meselem,regionyň ekologiki ýagdaýyny gowylandyrmak üçin regionlaýyn transport – ýük akymlarynyň amatlaşdyrylmagynyň makrologistiki ulgamy döredilmegi mümkindir: bu ulgamyň ugurlaýyn amatlaşdyrylmagy transport akymlarynyň paýlanylyşy,ýük daşamaklygyň transportlaşdyrmagyň bir görnüşinden beýleki bir görnüşe geçmegi we ş.m. esasy wezipesi bolup durýar.Makrologistiki ulgamda regionara haryt çalşygynyň,pudakara birliginde hereket edişiniň,umumy peýdalanylýan ammarlaryň ýerleşdirilmeginiň,ýük terminallarynyň ugrukdyryjy logistiki merkeşleriniň wezipeleri çözülip bilner.

Makroliogistiki ulgamlarda elementleri içki önümçilik gatnaşyklary bilen baglydyr.Makrologistiki ulgamlarda elementleriň arasyndaky baglanyşyklaryň esasy:Täjirçilik,sosial,ekologiýa,ylmy we beýleki gatnaşyklary emele getirýärler.Logistiki ulgamyň bölümleri hökmünde çykyş edýärler.Material resurslaryň üpjün ediji kärhanalary,önümçilik kärhanalary we olaryň şahamçalary,sarp ediş,söwda,dürli derejedäki araçy kärhanalar,transport we

ekspedisiýa kärhanalary,biržalar,banklar we konsalding kompanyýalary,maglumat-kompýuter hyzmat ediş kärhanalary we başgalar.

Makrologistiki ulgamynyň proýektirlenmesi dünýä ykdysady hadysalarynyň globallaşdyrylmagynyň bir bütew logistiki ulgamyndaky integrirlenen ykdysady akymlara Konglomeratlara kärhanalaryň uly taparynyň birikdirilmegi bilen baglydyr.

Konglomerat – önümilik koperasyýasy bilen bagly bolmadyk,ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna degişli bolan kärhanalary birleşdirýän – kapitallaşdyrylan birleşikleriň bir görnüşidir.

Konglomeratlar şulary öz içine alyp biler: Maliýe – senagat toplumlaryny ýa-da korporasiýalary – bulara iri banklar we milli ýa-da halkara derejede maliýe – senagat kepitallarynyň birleşmegi bolup durýar.

Mezologistiki ulgamlary – degişli kärhanalaryň geografiki ýerleşişiniň ýagdaýyna bagly bolmazdan hereket edýärler.Şeýle ulgamlaryň gurnalyşy maglumat akymlaryny dolandyrmakda esaslandyrlýar.Korporasyýanyň logistikasy (mezologistika) esasan maglumatlaşdyrylan häsiýete eýe bolup durýar.Logistiki ulgamyň derejesi näçe ýokary boldugyça,şonça-da maglumat akymlara has uly üns berilýär.Mezologistikanyň esasy instrumentleri bolup,halkara hasaplaýyş ulgamlary bolup gurýarlar.

Mikrologistika ulgamynyň derejesi biznesiň guramaçylygynyň anyk görnüşine bagly bolup durýar.Olar üpjünçilik hadysasynda, önümçilikde we sarp edijilikde çigmal we onuň bilen bagly akymlarynyň dolandyrylyşy we amatlaşdyrylyşy üçin niýetlenendir.Şeýle logostiki ulgamlary anyk kärhanalaryň strategiki maksatlaryny hasaba almak bilen gurnalýar we esasy operatiw hadysalaryň amatlaşdyrylmagyna gönükdirilen.Mikrologistiki ulgamy aýratyn kärhanalaryň iş sferalaryny eýeleýärwe onuň özbaşdak elementleriniň çäklerinde lokal meseleleriň çözgüdini üpjün edýär.

Mikrologistiki ulgamlaryň arasynda önümçiligiň içerki logistiki ulgamlary,daşarky logistiki ulgamlary we integrirlenen mikrologistiki ulgamlary tapawutlandyryp bolar.

Önümçiligiň içerki logistiki ulgamlary önümçiligiň tehnologiki döwrüniň çäklerinde çigmal akymlarynyň dolandyrylyşyny amatlaşdyrýar.Şular ýaly ulgamlaryň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:Gutarylmadyk önümçiligiň ätiýaçyklarynyň azalmagyny,önümçilik döwrüniň möhletleriniň gysgaldylmagy,tehnologiki (önümçiligiň içindäki) transport ulaglarynyň işiniň amatlaşdyrylmagy we başgalar.

Önümçiligiň içerki logistiki ulgamynyň hereket edişiniň amatlaşdyrylmagynyň ýörelgeleri:önümçilik – tehniki döwrüniň sazlaşdyrylmagy,çykarylýan önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegi,taýýar önümleriň hiliniň talap edilýän derejesi üpjün edilende önümçilik döwrüniň möhletleriniň azaldylmagy bolup durýar.

Daşarky logistiki ulgamlary önümçiligiň içerki logistiki ulgamyna çigmal akymlarynyň üpjünçiliginiň hadysasynyň amatlaşdyrylmagy we dolandyrylyşy bilen hem-de şol ulgamdan çykyp gitmegi bilen bagly bolan wezipeleri çözýärler.Şeýle görnüşdäki ulgamlaryň bölümleri üpjün ediji we ugrukdyryjy pudaklaryň elementleri bolup durýar,şu ulgamlarmaterial resurslaryny üpjün edýänleriň önümçilik firmasynyň içerki önümçilik bölümlerine hem-de taýýar önümleriň ammarlardan ahyrky sarp edijilere çenli akymlarynyň herekediniň üpjünçiligi boýunça logistiki amallary ýerine ýetirýärler.

Daşarky logistiki ulgamynyň esasy wezipesi bolup,çigmal resurslarynyň herekediniň we haryt ugradyjy ulgamlarda taýýar önümiň sazlaşykly guramaçylygy hem-de trahsportirlenek,ammarlaşdytmak,gorap saklamak,ýükleriň gaýtadan işlenip düzülmegi,material resurslaryň we taýýar önümleriň ýerleşdirilmeginiň wagtynyň gysgalmagy we sarp edijileriň sargytlarynyň ýerine ýetirilişiniň wagtynyň gysgalmagy hasap edilýär.

Bileleşikdäki (Integrirlenen) makrologistiki ulgamynyň çäkleri ugrukdyryjy ulgamyň çäkleri ugrukdyryjy ulgamyň ýakyndaky logistiki amallar.Önümçiligiň içerki logistiki hereketleri material resurslaryň satyn alnyş hadysalarynyň önümçilik-täjirçilik döwri bilen bagly bolup durýar.Bu ulgamyň wezipesi öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin material,maliýe,maglumat we hyzmatlaryň akymynyň dolandyrylyşynyň amatlaşdyrylmagynyň hadysalarynda wagt we gurşowlaýyn faktorlaryň has doly hasabatynyň üpjünçiligi bolup durýar.Birleşdirilen logistiki ulgamlarynyň emele gelmegine bagly bolan şertleri şulardan ybarat:Önümçiligiň hem-de ugrukdyryş döwrüniň ähli etaplarynda hiliň dolandyrylyşy we umumy logistiki harajatlarynyň peselmegi bolup durýar.Mikrologistikasy logistiki ulgamynyň aýratyn bölümleriniň çäklerinde lokal meseleleri çözýär we ulgamyň öňünde goýlan maksatlar we wezipeleriň iş ýüzünde amal edilmegi üçin ykdysady akymlaryň dolandyryş boýunça logistiki amallaryň ýerine ýetirilişini sazlaşdyrýar.

## *IV.5.__Mareial – tehniki üpjünçilik gullugynyň hereket edýän zolagy__*

Mareial – tehniki üpjünçilik bilen bagly bolan logistiki amallar bazarynda kärhananyň bäsleşik ýörelgeleriniň berkemeginde wajyp adalga bolup durýar.Üpjünçiligiň logistikasy – bu köpugurly çylşyrymly hadysasy bolup – ol logistiki ulgamyň gözegçiliginden,hyzmat etmekden,material gymmatlyklaryň satyn alynmagy we beýleki ugurlara degip geçýär.

**Marterial – tehniki üpjünçilik gulluklara şu aşakdaky amallar berkidilendir:**

- Çigmallaryň ,mareiallaryň, ýarymfabrikatlaryň, gurnalmaga degişli enjamlaryň we abzallaryň bazarynyň öwrenilmegi.Şu amalyň ýerine ýetirilişiniň çäklerinde sarp edýän kärhananyň we üpjün edijileriň bazarynda hödürlenýän material resurslarynyň namenklaturasynyň seljermesi bilen bagly soraglar çözülmeli;Beýleki kärhanalaryň dürli materiallaryň ulanylyşynyň tejribesini öwrenilmegi;Üpjün edijileriň bazaryny,baha

syýasatyny we olar tarapyndan ulanylýan goşmaça gymmadyň we indirimleriň ulgamynyň öwrenilmegi;Harytakym ulgamynyň seljermesi we üpjünçiligiň görnüşini kärhana üçin (tranzit ýa-da ammar) elýeter we amatly ugrunyň saýlanyp alynmagy.

- Material – tehniki üpjünçiliginiň meýilnamalaşdyrylyşy amallaryň iş ýüzüne geçirilmeginden çen tutýar:Häzirki we geçen hasabat döwürde material – tehniki üpjünçiligiň hadysalarynyň seljermesi;Meýilnamalaşdyrylan döwürde çigmallaryň sarp edilişi barada maglumat bermek we olaryň sarp edilişiniň hasabaty;Meýilnamalaşdyrylan döwürde material resurslarynyň satyn alnyşynyň möçberini we olaryň üpjünçiligi üçin pul serişdeleriniň sarp edilişiniň anyklanylyşy;Bolup biljek üpjün edijilik bilen aragatnaşyklaryň düzgünnamalaşdyrylmagy we olardan material resurslary satyn almak barada meseleleriň çözlüşi;Material resurslaryna bolan sargytlaryň işlenip düzülişi we olary sarp edijilere hödürlenilmegi,Material resurslaryny satyn almak üçin sarp edijiler bilen şertnama baglaşylmagy;Önümçilik ätiýaçlyklarynyň zerur möçberiniň hasabynyň çykarylyşy we olaryň emele gelmegi üçin dolanyşyk serişdeleri bilen üpjünçiligiň anyklanyjyşy;Kärhananyň material – tehniki üpjünçiligi üçin operatiw meýilnamalarynyň işlenip düzülmegi.
- Material resurslarynyň satyn alynmagy barada operatiw işi – bu amal dürli üpjün edijilerden material resurslarynyň daşalmagynyň meýilnamasynyň işlenip düzülmegini öz içine alýar;ulag serişdeleri bilen üpjünçiliginiň (zerur bolan transport serişdelerine ygtyýar bermek üçin talaplaryň düzülişi) aýdyňlaşdyrylmagy;Üpjün edijiler tarapyndan önümleriň ugradylyşynyň gözegçiligi;Kärhanalaryň alada etmegi bilen öz zerurlyklaryny material resurslary bilen üpjün etmekliginiň guramaçylygy;Ýükleriň transportirlenmegi hadysasyna gözegçilik edilmegi hem-de maliýe we buhgalter gulluklarynyň öz wagtynda töleg etmek bilen bagly bolan meseleleriň çözgüdi;Araçy guramalaryň üsti bilen çigmal resurslarynyň satyn alynmagynyň guramaçylygy;Kärhana zerur bolan materal

resurslarynyň üpjünçiliginiň operatiw hasabaty we satyn alnyşynyň operatiw-senenama meýilhamasynyň seljerilmesi;Üpjünçiligiň sertnamasy boýunça borçnamalarynyň üpjün edijiler tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçiligi we özara geleşikler boýunça meseleleriň çözlüşi;Material resurslarynyň meýilnama esasynda önümçilige hakyky sarp edilişiniň ýüze çykarylmagy,önümçilik ätiýaçlyklaryha gözegçilik etilmeginiň sazlaşygy.

- Material resuralarynyň gorap saklanylmagy we guramaçylygy – gelip gowuşýan çigmal resurslarynyň niliniň we mukdarynyň girişdäki gözegçiliginiň ýerine ýetirilişi;bu gözegçilik material resurslaryň gorap saklanylmagyň üpjünçiligi,saklanylýan ýerleri boýunça ýerleşdirilişi we ýükleriň düşürilmeginiň kabul edip alnyşy bilen baglanyşygy;Ö nümçiligi sarp etmäge çigmal resurslarynyň taýýarlanylyşy (sehleriň sargydynyň toparlanyşy),ugradylýan çigmal resurslarynyň ýüklenmeginiň guramaçylygy;
- Kärhananyň içki bölümleriniň material-tehniki üpjünçiligi we olaryň çigmal resurslaryna bolan isleginiň meýilnamalaşdyrylyşy,çigmal resurslarynyň goýberilişine çäkleriň işlenip düzülişi we laýyklyk resminamalaryň düzülişi, iş ýerlere çigmal resurslaryny ýetirip bermegiň we goýberilmeginiň guramaçylygy;iş ýerlerinde sehlerde ätiýaçlyklaryň ýagdaýyna gözegçiligi.
- Ykdysady seljerme – wajyp görkezijilere baha bermeklik we meýilnamalaşdyrylysy;ol görkezijiler ýerine ýetirilýän işleri boýunça göwrümini we hilini şöhlelendirýär;üpjünçiligiň harajatlarynyň seljermesi we ähmiýetliliginiň ýüze çykarylyşy.

## *IV.6.<u>Esasy önümçilik gorlarynyň satyn almaklygyň (edinmekligiň) aýratynlyklary</u>*

Esasy önümçilik fondlarynyň satyň alynmagy göni alyp – satuw görnüşinde,kärende görnüşinde we lizing görnüşinde bolup biler.Olar fiziki we moral taýdan materiallaryň könelmesine sezewar edilýär.Ehjamlaryň satyň alnyş gymmatynda olaryň bahalary umumy harajatlaryň bahasy bilen baglanyşdyryp bolar hem-de satmakdan soňky hyzmatyň gymmatyny goşmak bilen onuň

görnüşiniň mümkinçiliginiň barlygy ýa-da ýoklugy bilen baglanyşdyrmak zerurdyr.

Esasy önümçilik gorlarynyň jemlenen sarp edijilik gymmaty kärhananyň önümçiliginiň ösüş depginini emele getirýär.Onuň göwrümi önümçiligiň meýilnamalaşdyrylan möçberinden ugur alyp hem-de “Resurslaryň gorap saklanyşy” mümkinçiliklerini hasaba almak bilen anyklanylýar.Bu ýagdaýda statistiki kadalaýyn we maglumat beriş usullary ulanylýar.Zähmet serişdeleriniň bazarynyň tapawutlndyrylan aýratynlyklara eýe bolup durýar.Bu aýratynlyklar konýunktura emele getirýän faktorlarynyň toplumynyň ösüşine täsir etmegi bilen şertlendirilýär.Esasy önümçiligiň gorlaryny satyn almak bilen bagly birnäçe meseleleri aýdyňlaşdyralyň:

**a)**Şertleşigiň ýokary bahasy – gymmat baha abzallaryň satyn alynmagy kärhanalaryň hususy ätiýaçlyklarynyň we amortizasiýa fondunyň gymmatyny ýokarlandyrýan maliýe goýumlaryny talap etmäge mümkindir.Käwagt abzallary satyn almaklygyň gymmaty şeýle ýokary bolup biler belin,şeýle ýagdaýda bu şertleşigi maliýeleşdirmekde aýratyn usuly talap edýär:borçnamalaryň goýberilmegi,obligasiýalaryň çykarylmagy,gijä galdyrmalar,abzallaryn kärendesi;

**b)**Şertleşik barada maglumat bermegiň gizlenmegi – ulaglaryň we abzallaryň satyn alnyşy kärhana üçin strategiki ähmiýetine bagly we täze tehnologiýalaryň özleşdirilişi bilen bagly bolan täjirçilik syrlarynyň gorap saklanylmagy talap edilýär,ýogsam tehnologiki we başga ýitgileriň uly töwekgelçiligi mümkindir.

**ç)**Maşynlar we abzallar beýleki materiallary seredeniňde seýrek satyn alynýar;Zähmet serişdeleriniň satyn alynmagynyň ýygylygy könelmäniň (amortizasyýa) möhleti bilen fiziki we moral taýdan köpelmegi bilen anyklnylýar.

**d)**Jemlenen (umumy) harajatlaryň emele gelmeginiň aýratyn tertibi – maşynlaryň we abzallaryň satyn alynmagynyň harajatlarynyň anyklanylmagy – tutuş bir topar ölçegleri hasaba almak bilen baglanyşyklydyr.Olaryň diňe başlangyç bahasyny hasaba alynman,abzallaryň mümkin bolan boş durmagynyň harajatlary,öňden

hasaplanan könelmesiniň we mejbury bejergi we hyzmatlar zähmet haklarynyň çykdajylarynyň paýlanylşy,şeýle hem ulaglaryň göni çykdajylary hasaba alynýar.Bu ölçegleriň käbirini anyklamak kyn bolup durýar.Meselem,ätiýaçlandyryş üçin çykdajylary,göterimleriň tölenmegi,amortizasiýa (hemişelik harajatlar) maşynlar we abzallaryň işlemedik ýagdaýynda hem bu harajatlar hasaplanylýar.Köplenç abzallary satyn alyş harajatlaryny anyklap,haçanda olar girdejiler bilen kompensasiýa ediljekdigini aýtmak kyndyr.Ö nümçilikde esasy gorlaryň ulanylşynyň hil taýdan jemlenişi wajypdyr.

Esasy gorlaryň ulanylyşynyň ähmiýetini anyklamak üçin gorlaryň netijelilik görkezijilerinden peýdalanylýar – öndürilen önümleriň gymmaty esasy gorlaryň bahasynyň birligine gatnaşygydyr.Şeýle hasaplaşyklarda görkezijiler wajyp rol oýnaýar.Gorlaryň sarp edijilik göwrümi maşynlaryň we abzallaryň ulanylmagynyň netijesinde çigmal resurslarynyň tygşytlylygyr.Abzallara bolan islegi taýýarlamagyň esasy bolup durýanlygyny göz öňünde tutmaly.Ol ýa-da beýleki abzallaryň wajyplygy anyklanandan soň çözgüt kabul edilýär.Olar satyn alynmagyny gaýry goýmak ýa-da çaltlandyrmak.Şeýle çözgüt kabul edilende birnäçe şertler goýulýar.Goşmaça zähmet serişdeleriniň amallarynyň işjeňliginiň peselýän döwürlerde seýrek satyn alynýarlar,hatda şol döwürde olaryň gymmaty arzan hem bolup biler.Täze abzallaryň satyn alynmagy daşynyň goralmagy bilen köplenç bagly bolýar.Abzallaryň täzelenmeginiň möhletlerine emläk salgydy we beýleki tölegler täsir edýärler.

Işleýän abzallar bilen bagly bolan ulanylan harajatlary we abzallaryň işe düşürilýän döwründe edilen harajatlar wajyp rol oýnaýar.Satyn alnan abzallaryň gurnalmagy,bar bolan önümçilik hadysalarynyň kontekstinde,kärhananyň işiniň tutuş tygşytlylygy we energiýa sarp edijilik möçberiniň çäginde seredilmegi wajyp ähmiýete eýedir.

Täze maşynlaryň,abzallaryň we beýleki tehnikalaryň satyn alynmagynyň sebäpleriniň hatarynda biznesiň ösüşiniň täze mümkinçilikleri;gaýtadan satyn

alynýan esasy önümçilik gorlarynyň tehniki taýdan hyzmat edilende we ulanmakda resurslaryň tygşytlylygy;önümçiligiň ýokarlandyrylmagy;hil taýdan ösüş;gymmatlyklary ulanmakda ynamlylyk;zähmet harajatlarynyň we wagtyň tygşytlanyşy;uzak möhletleýin peýdalanylmagy;howpsyzlyk çäreleri;daşky gurşowyň goralmagynyň wezipeleri;garaşylmadyk ýagdaýlar.

### *IV.7.Hyzmatlardan peýdalanmaklygyň (satyn almaklygyň) aýtatynlyklary*

Satyn almak işlerinde hyzmatlardan peýdalanmaklyk we satyn alynmagy giň gerimde alnyp barylýar.Kärhanalar tarapyndan satyn alynýan hyzmatlary dürli görnüşlerde bolup durýar:Komunal,ulag,konsalding hyzmatlary,maglumatlary işläp düzmek we beýlekiler.Dürli hyzmat ediş kärhanalarynyň edýän hyzmatlary ulanylyş häsiýetleri boýunça we özüniň niýetlenişi boýunça dürlüdir.Bu amallar bilen hökman hünärmentler meşgullanmalydyr.Şonuň üçin köp kärhanalar logistika boýunça menenjerlere hyzmatlaryň satyn alnyşy boýunça amallary olaryň üstüne ýükleýärler.

Hyzmatlaryň bolan ýokary islegiň we hyzmatlar sferasynyň ýokary depginde ösüş şertlerinde kärhanalaryň tarapyndan satyn alynmagy boýunça pul serişgeleriniň göwrümi hemişe giňelýär.Satyn alyş amallarynyň çuňdan öwrenilişi merkeziň anyk bahalandyrmagy boýunça serişdeleriň 54%-mi haryt üçin harçlanman,hyzmatlar üçin harajat edilýär.

Harytlar bazarynda hyzmatlary satyn alyş amallarynyň ähmiýetiniň ýokarlandyrylmagy kärhananyň işleriniň netijeliliginde uly täsiriniň bolmagy mümkindir.

Hyzmatlaryň satyn alynmagy özüniň aýratynlyklaryna eýe bolup durýar,olar öz tebigaty bilen şertlendirililen:Syzylmaklyk,goralmaýanlygy,hyzmatlaryň hödürlenme hadysasynyň we peýdalanylmagyň aýrybaşgalap bolmaýanlygy.

Ykdysady edebiýatlarda hyzmatlaryň tebigatynyň düşünje hökmünde aýdylyşy dürli ýagdaýda gabat gelýär.F.Kotleri tarapyndan hödürlenen düşünjeler köplenç

ulanylýar: **“Hyzmat – bu her bir amalyň bir tarapdan beýleki bir tarapa hödürlenmek mümkinçiligidir;Hiç bir zada eýe bolmaklyga getirmeýän – syzylmaýan hereketdir.Onuň hödürlenmesi material gymmatlyklar bilen bagly bolup biler”**

Eger-de hyzmat syzylmaýan häsiýetde bolsa,onda onuň satyn alynmagy kynlaşýar.Onuň hilini öňünden bahalandyrmak mümkinçiliginiň ýoklugy,hyzmatlaryň sanawynyň hili barada olardan peýdalanylandan soňra bilip bolýar.Hyzmatlaryň ýerine ýetirilişiniň ülňileriniň işlenip düzülmegi hem kynlaşýar.

Hyzmatlaryň ähmiýetli satyn alynmagy edil haryt satyn alnyşy ýaly,esasy maksady hyzmatyň has ýokary hiliniň satyn alynmagy bolup durýar.Hyzmatlar satyn alnanda onuň hiliniň we mukdarynyň görkezijileri,hyzmatyň ýerine ýetirilişiniň şertleri,ondan peýdalanmaklygyň harajatlary,üpjün edijileriň we hyzmatdan peýdalanýanyň özara gatnaşyklarynyň ýitileşmegi göz öňünde tutulmalydyr.

***Harytdan tapawutlylykda – Hyzmady hiç bir ýerde gorap saklap bolmaýar.Bu ýagdaýlar satyn alyş amallarynyň guramaçylygynda kynçylyklary ýüze çykarýar:Hyzmatlaryň hiline gözegçiligi hyzmaty ýerine ýetirýän wagtynda ýa-da ýerine ýetirilip bolandan soňra geçirip bolar.***

Hyzmatlaryň hödürlenişi we gözegçiligi bilen bilelikde bir wagtda ýerine ýetirilýän hem bolsa,hyzmatlaryň ýerine ýetiriliş hadysasynda üýtgemeleri girizmeklik kynlaşýar.Bu hyzmatlar satyn alnanda hil taýdan häsiýetleriniň peselmek töwekgelçiligini ýokarlanýar.

*Hyzmatlaryň satyn alnyş amallary şulary öz içine alýar:Hyzmatlara bolan islege akyl ýetirip bolýanlygy we onuň aýratynlygyna düşünmeklik;mümkinçilikleriň we beýleki çeşmeleriniň gözleginiň öwrenilmegi;bahalarynyň we hyzmatlaryň hödürlenmeginiň mümkinçilikleriniň deňeşdiriji seljermesi; wajyp şertleriň goşulmagy bilen, hyzmatlaryň satyn alnyşy barada ylalaşygyň işlenip*

*düzülmegi;Hyzmadyň amal edilişiniň dolandyrylyşynyň (şertnamanyň şertleriniň ýerine ýetirilişi) ýerine ýetirilişiniň gözegçilik edilmegi;Ýerine ýetirilen hyzmatlaryň hasaba alynmaklygy we hyzmatlardan peýdalanýanlaryň talaplaryna laýyk gelýändigine baha berip bolar.*

## *IV.8.Döwlet söwdasy*

Hojalyk amallarynda hökümediň gatnaşygynyň bir görnüşi – Döwlet sarp edijiligi bolup durýar.Olumumy bähbit düşünjesiniň haýryna hyzmat edýär.Döwlet söwdasy (satyn alyjylygy) işiniň durmuşa geçiriliş usuly,harytlaryň (işleriň,hyzmatlaryň) dürli görnüşleriniň Döwlet zerurlyklarynyň kahagatlandyrylmagynyň görnüşi bolup durýar.

**"Zeryrlyk"** adalgasy – kanunalaýyk delilnamalarda – **"ýetmezçilik"** – düşünjesi dälde,sözüň doly manysynda **"zerurlyk","gereklilik"** düşünjelerde kabul edilýär.

***Döwlet söwdasy (satyn alnyşy) salgyt töleýjileriň serişdeleriniň hasabyna alnyp barylýar.Diňe şu ýagdaý – bazaryň ol ýa-da beýleki subýektleriniň saryn alyş amallarynyň döwlet söwda sferasyna gatnaşygyny anyklaýar.Döwlet söwdasy häkimiýediniň dikliginiň ähli derejelerinde hökümet agzalary tarapyndan ýerine ýetirilýär.Döwlet derejelerinde;döwlediň subýektleriniň derejesinde;ýerli häkimýetleriň organlarynyň derejelerinde.Döwlet organlarynyň häkimýetleriniň harytlara,işlere we hyzmatlara bolan isleglere döwlet kärhanalary hem-de ykdysadyýetiň hususy sektorynyň subýektleri kanagatlandyrýarlar.***

Döwlet söwdasy özüniň mazmuny boýunça degişli kärhanalaryň laýyk gelýän bölümleriniň satyn alyş amallaryndan hiç hili tapawudy ýokdur.Olaryň tapawudy söwda işlerinde býujet we býujetden daşarky fondlaryň serişdeleri harajat edilýär.Bu satyn alyş amallary kanun boýunça berkidilen ýagdaýlaryň döwlet tarapyndan ýörite işlenip düzülen düzgünnamalara laýyklykda geçirilýär.

Döwlet üpjünçiliginiň wezipeleri hususy kärhanalaryň üpjünçiliginiň wezipeleri bilen deňeşdirip bolýar.Bu wezipeleriň içinden şulary saýlap almak

mümkin.Islegleri kanagatlandyrmak üçin kepillendirilen üpjünçiligi;harytlaryň standartlaşmak arkaly ýitgileriň we çalşyrylmagynyň peseldilmegi;satyn alynýan çigmallaryň hiliniň standartlarynyň gowylandyrylmagy we düzgünleriň ýerine ýetirilmegi;biznes boýunça hyzmatdaşlar we kärhanalaryň beýleki gulluklary bilen satyn alyş boýunça bölümçeleriň amallarynyň arasynda bileleşigi we baglanyşykly hereket etmekleri;satyn alyş amallarynyň resurslary gorap saklamakdan ugur almagy üpjünçilik ulgamynyň ähmiýetliliginiň ýokarlanmasy;üpjün etmekligiň talaplarynyň ýerine ýetirilişi we hiliň kepillendirilmegi.

Döwlet söwdasy hususy zerurlyklar üçin satyn almakdan diňe olaryň maliýeleşdirilmeginiň serişdeleriniň çeşmeleri,sargytlaryň ölçegleri boýunça däl-de,döwlet söwdasynyň amala aşyrylýan döwürlerde jemgyýetçilik,ekologiýa,sosial,syýasy,ykdysady meseleler hem çözülýanligi bilen tapawutlanýar.

Döwlet söwdasynyň (satyn alnyşynyň) senagat kärhanalaryň satyn alyş amallaryndan esasy tapawutlary şulardan ybaratdyr:

**1)Döwlet söwdasy has berk kanuny çäklerde ýerine ýetirilýär hem-de býujet çäklendirmeler hem bardyr;**

**2)Döwlet söwdasy sargydyny ýerleşdirmegiň lobbirlenmegi – satyn almakda jojapkär gullukçylara sargytlaryň ýerleşdirmegi barada kabul edilen çözgütler boýunça goşmaça esaslary hödürlemek üçin mejbur edýär;**

**3)Döwlet maksatnamalarynyň ýörelgelerine laýyklykda ösüş depginleri pes bolan regionlarda kärhanalaryň goldowy üçin ugrukdyrylan sargytlaryň maksatlaýyn ýerleşdirilişi;**

**4)Gizlinligiň ýoklugy;**

**5)Satyn alynýan harajatlaryň hiline baha bermekligiň resmi häsiýeti;**

**6)"Açyk tender" esasynda satyn almak üçin boýunça şertnamalary baglaşmagyň bäsdeşligine ýykgyn edilmekligi;**

**7)Döwlet söwdasy görnüşi we möçberi boýunça kanuny tassyklanan düzgünler esasynda reglament edilýär.**

## *IV.9.Döwlet zerurlyklary üçin sargytlaryň ýerleşdirilişiniň ýörelgeleri (prinsipler)*

Döwlet söwdasynyň ulgamynyň esasynda indiki ýörelgeler bilen utgaşyp gidýär.Düýpli aýdyň bolan ýörelgesi (satyn almak barada maglumadyň elýeterliligi); hasabat bermekligiň ýörelgesi (satyn alyş amallaryny we tassyklanan düzgünleriň ýerine ýetirilişi we ähmiýetli gözegçilik); bäsdeşlik ýörelgesi (erkin bäsdeşlik aýratyn ýagdaýlary basaba almazdan); adalt ýörelgesi (ähli gatnaşyjylar üçin deň bolan mümkinçilikler); ähmiýetlilik ýörelgesi (talap edilýän üstünliklere ýetilmekde býujet serişdeleriniň tygşytlanmagy).

**Aýdyşlygyň we maglumat elýeterliliginiň ýörelgesi -** bäsdeşlileriň yglan edilenligi barada hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde olaryň hetijeleri barada bildirişleri çap edilmegi aýdylýar,satyn almaklygyň açyk görnüşiniň ýörite hadysasyny ulanmagyny ündeýär.

**Hasabat bermek ýörelgesi** – satyn alyş amallarynyň ýerine ýetirilişiniň ähli etaplary boýunça hem-de has wajyp çözgütleriň ýazmaça hasabynyň ýöredilişiniň görnüşinde iş ýüzüne geçirilýär.

**Jogapkärçilik ýärelgesi** – çösgüt kabul edilýän şahslar kanunda göz önünde tutulan borçnamalaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda raýatlyk,administratiw we jenaýat jagapkärçiligine çekilýär.

Sertleşige gatnaşýan taraplara **adalatly we deňlik gatnaşygynyň ýörelgesi** – üpjün edijilere bagly bolmadyk hyzmatlaryň, işleiň,harytlaryň gelip çykyşyna we milli degişliligine,eýeçiligiň görnüşlerine hukuk – guramaçylygynyň görnüşlerine,döwlet sargytlarynyň amala edilişine bolan hukugyna bäsleşigine gatnaşyjylaryň deňlik ýörelgelerini ähli üpjün edijilere bermek mümkinçiligi döredilýär.Emma döwlet zerurlyklary boýunça harytlar bilen üpjün ediji bolmak hemmelere başartmaýar: Döwlet üpjünçiligi işlerini ýerine ýetirijileriň düzgün-

tertipleri,hünärmentleriň tejribesi,ýöriteleşdirien enjamlarynyň bolmagy,ammarlarynyň hem-de ýörite desgalarynyň barlygy we olaryň hiliniň talabalaýyklygy,rugsatnamalarynyň (Lisenziýalarynyň) barlygy,hünär edinmekli işleriniň tejribeliligi,hödürlenýän harytlaryň hiliniň gowylygy,töleglere ukyplylyk nukdaýy nazarynda ber iş ýüzünde amal edilýär.Bu talaplar ähli üpjün edijiler üçin birmeňzeş hem-de olaryň arasyndaky bäsleşigi çäklendirilmeýär.Bular döwlet zerurlyklary üçin hyzmatlaryň işleriniň önümleriň üpjünçiliginde gatnaşygyny hökümet tarapyndan bellenilen talaplaryny kanagatlandyrýan üpjün edijä mümkinçiligi ýerine ýetirýär.

**Býyjet serişdeleriniň netijeli harajat edilişiniň ýörelgesi** – harytlaryň, işleriň,hyzmatlaryň satylmagyndan wagtyň faktorynyň we satyn almak üçin harajatlaryny hasaba almak bilen peýdanyň toplumlaýyn serişdeleriň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.Döwlet zerurlyklary üçin satyn almaklygyň guramaçylygynyň esasy görnüşi bäsdeşlik (söwda – tengerleri).Bu harytlaryň ýerleşdirilişine,hyzmatlaryň ýerine ýetirilişine ýa-da potratlaýyn işleriniň geçirilmegine sargytlaryň berilmeginiň ýeterlik barlanan usulydyr.Bular bäsdeşlik resminamasynda öňünden yglan edilen şertler boýunça,ýaryşmak,adalatlylyk,ahmiýetlilik,ýörelgelerinde şertleşilin möhletlerde geçirilýär.

Üjün etmek üçin Döwlet kontrakty (şertnamasy) – söwda bäsleşikleriniň ýeşijisi bilen – bäsdeşligiň resminamalarynyň talaplaryna laýyk gelýän tertibini has amatly şertlerde hödürleýjisi bilen baglaşylýar.

Üüjünçilikdäki döwlet konttrakty (şertnamasy) – bu şertnamanyň şeýle gärnüşi bolup,borçnamalar baradaky ähli talaplaryň,kanunalaýyk düzgünnamalar bu amallarda ulanylýar.

Döwlet dolandyryş organlary bilen harytlar,işler we hyzmatlary hödürleýän taraplaryň arasynda şertnama baglaşylýar.

Döwlet tarapyndan geçirilýän bäsleşik söwdalary açyk we ýapyk bölümlere bölünýärler.Olar bir ýa-da iki etapda geçirilip bilner.Satyn almaklygyň başga usullary (baha kotirowkalarynyň) talaplary we bir çeşmeden satyn alynmagy) satyn alynmagyň uly bolmadyk göwrümde ýa-da ykdysady ösüş ministrligi tarapyndan ýörite rugsady boýunça aýratyn ýagdaýlarda ulanylyp bolar.

Bäsdeşligiň geçirilmeginiň esasy maksady döwlet satyn alyş (söwda) bazaryndaky bäsleşigi birden galdyrmagy mümkin bolan kontur agentleriň uly toplumynyň çekilmeginiň hasabyna grçirilip durýar.

## *IV.10.Üpjünçiligiň logistikasynyň strategiýasy.*

Strategiýa – jemgyýetçilik hadysalarynyň dolandyrmaklygyň sungatydyr:Dogry we geljegi uzagyndan görüp bilýän, maglumat bermek arkaly esaslandyrylan meýilnamalarynyň sungatydyr.

Üpjünçiligiň logistikasynyň strategiýasy – kärhananyň uzak möhletli maksatnamasynyň hereket ediş döwründe “Ü pjünçilik – önümçilik” materiallarynyň akymynyň ylmy esaslandyrylan meýilnamasydyr.

Strategiki çözgütler – ösüşleriň ähli faktory herekede getirýän çözgüdidir.Dolandyryş ylmynda Strategiýa – kärhananyň ösüşiniň uzak döwürleýin maksadaokgunly ugry hökmünde seredilýär;Ol kärhananyň işiniň sferasynda,serişdeleriň we görnüşleriň ulgamynyň içki aragatnaşyklaryna hem-de kärhananyň öňde goýlan maksatlara alyp gelýän,kärhananyň daşky gurşowa gatnaşygy ýörelgesine degişli bolýar.

Strategiýa – düzgünleriň toplumy bolup,hojalyk maksatlaryna ýetmek üçin,dolandyryş çözgütleri kabul edilende kärhanalar bu düzgünlerden peýdalanýarlar.

Ähli kärhanalar üçin birgörnüşli ähmiýetli strategiýanyň bolmagy mümkin däldir.Bu ugurda birnäçe nusgalaýyn esaslandyrylan strategiýalaryň toparlary işlenip düzülýär we olardan her biri aýratyn şertlerde ähmiýetli bolup dyrýar.Olar

kärhananyň ösüşine dürli çemeleşmeleri şöhlelendirýär we logistiki ulgamynyň bir ýa-da birnäçe elementleriň (önüm,bazar,pudak,firmanyň pudaklarynyň içindäki ýagdaýy we ulanylýan tehnologiýa) ýagdaýynyň üýtgemegi bilen baglydyr.Her bir esaslandyrylan topary saýlanan strategiki ugry bilen tapawutlandyrylýar.Bu bir ýere jemlenen ösüşi aňjadýar.Onuň durnukly tehnologiýa bilen emele gelen pudaklaryň kärhanalary ulanýarlar.

Birleşdirilen (integrirlenen) ösüş – şu toparyň strategiýalary kärhananyň amallarynyň giňelmegini üçin täze gurluşlary goşmagyň hasabyna çak edýär.

Diwersifissirlenen ösüşi – kärhananyň giňelmegi täze bazarlaryň özleşdirilmeginiň we täze önümleriň goşulmagy bilen bolup geçýär.

Ösüş depgininiň peselmegi – geçen döwürlerde ýetilen derejeleriň aşaklamagynyň derejesiniň kesgitlenilmegidir.

Kärhanalar köplenç birnäçe strategiýalaryň sazlaşdyrylan görnüşini ulanýarlar.Olaryň jemlenişini kärhanalaryň ösüşiniň maksatlaýyn kesgitlemesinden we bazarda ösüni alyp barşynda saýlanan strategiýasyna baglydyr.

Kärhananyň ösüşi – çalt depginde,durnukly ýa-da hemme ýerlerde işleriň peselmegi mümkin bolup biler.Üpjünçilik ulgamynyň innowasion strategiýasynyň emele delmeginde:innowasion amallarynyň ugurlarynyň saýlanmagyny we esaslandyrylmagyny;innowasion proýektleriniň gurluşy we göwrümi,ýerine ýetirmekligiň möhletleri we buýrujylara geçirilmegiň şertlerini anyklamagy;täzelikleriň girizilmekliginiň dolandyrylyşynyň guramaçylyk gurluşlarynyň ýagdaýyna baha bermekligini amala aşyrýar;her bir strategiýa işleriniň netijesiniň diwersifikasiýasynyň mümkinçilikleriniň ýüze çykarylmagynyň hökman salgylanmalydyr.Anyk hojalyk şertlerinde gowrak,sazlaşykly,innowasion,amallarynyň ähli görnüşleriniň baha berilmegi netijesinde hemişelik esaslandyrylýar.

Logistiki strategiýasynyň işläp düzüliş hadysasy birnäçe etaplaryň işe düşürilmegini çak edýär:Üpjünçiligiň we olaryň maksatlary anyklanylmagy;ylmy

barlaglar barada maglumat berilmegi;wezipeleriň kesgitlenilmegi we ýörelgeleriň hem-de konsepsiýalaryň işlenip düzülmegi;faktorlaýyn seljerme;amallaryň meýilnamasy we işleriň tertibiniň düzülişi;býujetleşdirmek;kärhanalaryň hasabat syýasatynyň düzgünnamalarynyň kesgitlenilişi;tejribeleriň geçirilmegi;akymlaryň hereketiniň traýektoryýasynyň suratlandyrylyşy guramaçylyk gurluşlarynyň emele gelmegi;önümçiligiň ugrukdyrylyşynyň,sarp edilişiniň hem-de yzyna dolanýan akymlaryň (hyzmatlaryň ýerine ýetirilişi) meýilnamalaşdyrylyşy;täze tehnologiýalaryň netijeliligi däp bolan tenologiýalara görä mümkin bolan üýtgemeleri önümçilikde gorap saklamakda,gaplamakda,ýükleriň işlenip düzülmegi,transportlaşdyrmakda,maglumat akymlarynda,dolandyryşda peýdalanyp bolýar;kärhananyň içinde we daşky gurşowynda amallaryň bölünişiginiň we ugrukdyrylmagynyň mümkinçilikleri;işgärlere,önümçilige,transportirlemäge,gorap saklamaga,işlenip düzülmegine,maglumat akymlaryna täzeçe talaplary.

Logistiki üýtgemeleri boýunça zynjyrynyň ähli gatnaşyjylara ykdysady netijeliligi barada maglumat bermegi amala aşyrylýar.Ösüşleriň täze tendensiýalary:Transportyň dürli görnüşlerinden peýdalanmaklygyň ulgamlarynyň tehnologiki,ýükler boýunça amallaryň,ammarlaýyn abzallarynyň;önümleriň paýlanylyşynyň usullarynyň maglumat beriş tehnologiýalarynyň,çigmal fondlarynyň we gurluş bölekleriniň gymmatlyklarynyň üýtgemeleriniň tendensiýalarynyň hökmany hasaba alynmagy bolup durýar.

### *IV.11.Üpjünçiligiň logistikasynda gözegçilik (kontrolling),innowasiýalaýyn ösüş depgini hem-de innowasiýalaýyn amallary.*

Strategiki meýilnamalaşdyrmak hadysasynda dolandyryş çözgütleriniň netijeleriniň logistiki amallarynyň we hereketleriniň işleriniň ýerine ýetiriliş derejeleriniň hil we mukdar ölçeglerinde ölçeg geçirmek taýýarlyk işlerinde wajyp rol oýnaýar.

Bu üpjünçilik logistikasynyň strategiki meýilnamalaşdyrylmagynyň zerur şertidir,bu wajyp bolan yzyna dolanýan baglanyşygy üpjün edýär.Munuň üçin

gözegçiligiň instrumentleri zerur bolup durýar.Bu instrumentler – logistiki üpjünçiligiň strategiýasynyň amal edilişi barada dürli görnüşde maglumat serişdeleriň görkezilmegini we ulanylmagyny,sazlaşdyrylmagy abzallaşdyrylmagy,işläp taýýarlanmagynyň,alynmagynyň usullarynyň jemidir.

Kärhanada gözegçilik – Ykdysady amalyň hereketlendiriji,guramaçylykly ugurlara gönükdirilmegidir,operatiw we strategiki dolandyryş çözgütleri kabul edilende meýilleşdirilen,ykdysady,düşündiriş bermek amallarynyň işi düşirilmegi bilen bagly bolup durýar.

Gözegçilik (kontrolling) kärhananyň ykdysady taýdan dolandyrylyşynyň bütewilik konsepsiýasy hökmünde seredilýär,ol peýdanyň alnyşy bilen bagly bolan kärhanalaryň ähli nümkinçilikleririniň we töwekgelçilikleriniň içerki we daşarky häsiýetleriniň ýüze çykarylmagyna salgylanýar.

Gözegçiligiň (kontrollingiň) esasy amallary sulardan ybarat bolup dyrýar:Hyzmatlaýyn – hojalyk-täjirçilik amallary barada çözgütleri kabul etmegi üçin zerur bolan maglumatlaryň berilmegi.

Düşündiriş bermek boýunça amallar – işleriň hakyky netijeleriniň gyşarmalarynyň seljermesiniň maglumat görkezijileriniň kärnananyň dolandyrylyşynyň ähli derejelerinde çözgütleriniň kabul edilmegi üçin garaşylýan netijelerden peýdalanylanda baglaşylýar hem-de dürli derejeleriň maksatlarynyň sazlaşygy üçin amal etmekligiň serişdeleri we usullary bolup durýar.

Kärhanada kotnrolling ulgamynyň ähmiýetliligi telekeçilik hadysalarynyň kadaly we birleşdirilen melilnamasyndan we logistikanyň wajyp sferalarynyň gurluşlaşdyrylmagy (üpjünçilik,önümçilik,ugrukdyryjy) bilen bagly bolup durýar.Bu kontrolling gözlegleri bilen ýüze çykarylýan inçe ýollaryny administratiw ýollar arkaly öňe sürülen wezipeleriň çözgüdiniň has ähmiýetli usullarynyň üpjünçiligine işleriň guramaçylygynyň üsti bilen amal edilýär.Bu netijeleriň ölçegleri we olary gowylandyrmak boýunça çäreleri öz içine alýarlar:Ýerine ýetirmek bilen Birleşmegiň arasyndaky aragatnaşyklaryň

anyklanmagy;ýerine ýetirmegiň netijeleriniň çäre görmek boýunça aýratyn ulgamyny (mukdar we hil taýdan görkezijileri) kesgitlenilmegi we dlandyryş çözgütleriniň netijeleriniň göni ölçeg geçirilmegidir.

Kontrolling usulynyň işläp düzülişi – üpjünçiligiň logistikasynyň ähmiýetini galdyrmaga täsir edýän faktorlary ýüze çykarmagyň,bahalandyrmagy we deňeşdirilmegi zerur bolan görkezijileriň ähmiýetliliginiň esaslandyrylmagyny çen tutýar.Barlag üsti bilen deňeşdirilmeginiň ähmiýetliliginiň saýlanyp alynmagynyň ahyrky ýörelgesi üpjünçilik boýunça tutuş ulgamynyň bäsdeşlik boýunça artykmaçlyklarynyň ýokarlandyrylmagyna täsir etmek nukdaýy nazaryndan hökman bahalamak gerekdir.Köplenç ýagdaýlarda şeýle ölçegler şular ýaly aýdylýarlar:islegleriň kanagatlandyrylmagy,umumy logistiki harajatlar,logistiki döwriň hili,öndürijiligi we wagty.Şonuň üçin üpjünçiligiň ulgamynyň ukyplylygy logistiki strategiýasynyň işiniň amal edilişinde harajatlaryň artykmaçlyklaryny üpjün etmek bazaryň üstünliklerine ýetmek boýunça serişdesi bolup durýar.

***Üpjünçiligiň logistikasynyň innowasiýalaýyn ösüş depgini***.

Innowasiýa – harytlaryň konstruktirlenmesine,önümçiligine hem-de sarp edilişine nähilem bolsa täzeçe çemeleşmek we onuň netijesinde telekeçi-bäsdeşliriň öňünde artykmaçlyklary gazanýar.

Innowasiýalaýyn çemeleşme – haýdyda bolsa hojalyk amallaryň bir görnüşine peýdalanmak mümkindir:Täzelikler girizmeklik arkaly önümçilik harajatlaryny azaldýar,önümiň hilini ýokarlandyrýar,bäsdeşligiň mümkinçiliklerini artdtrýar.Täzelik girizilmekligiň ýüze çykmagy telekeçileriň öz işlerine döredijilikli gatnaşygy we kapitallaryň toplanmagyndan ugur alýar,hem-de onuň ykdysady özüni alyp barşynyň steriotipiniň üýtgemeginden çen tutýar.Kapital toplamagyň görnüşiniň üýtgemegine şular degişli bolup biler:Gysga möhletli goýumlardan,uzak möhletleýin goýumlara – inwestisiýalara geçýändir;girdejileriň peýdalanylyşynyň çemeleşilmegi hem üýtgeýär,geljek döwürde sarp etmek üçin,hereket edýän üpjünçilikden boýun towlanýar.

Logistikanyň guramaçylyk tärleri innowasiýalaýyn logistikanyň umumylaşdyrylan görnüşde logistikanyň ähli hereket ugurlarynda täzelik girizilmeginiň özleşdirilişi we durnukly öndürijiligini üpjün ediji tehnologiýalaryň we dolandyrylyşynyň guramaçylygyny eýeleýji innowasiýalaýyn görnüşleri we hil taýdan gurluşynyň häsiýetine düşünilýär.

Logistikada innowasiýanyň predmeti – Ykdysady akymlaryň traýektoriýasynyň,amatlaşdyrylmagy bolup durýar,olar logistiki zynjyrynyň ösüşiniň ähmiýetliliginiň ýokarlandyrylmagy harytlaryň hereketiniň umumy harajatlarynyň sazlaşdyrylmagynyň logistiki döwrüniň wagtynyň azaltmak maksady bilen aýlawly hereket edýärler.

Logistikanyň innowasiýalaýyn ösüşi esasy ugurlara degişli bolup,material akymlarynyň önüm häsiýetlere degişli bolan hem-de akymlaryň görnüşini kämilleşdirmäge degişli bolan innowasiýalary bolup durýar.**Birinji** ýagdaýdaky innowasiýalary,innowasiýalaýyn önümleriň (hyzmatlaryň) döredilmeginiň ýörelgesiniň öndürijiligi bilen,”nov haw” özleşdirilmegi bilen,ylmy-barlag usullary bilen işläp düzülişine bagly bolup durýar,**Ikinji** ýagdaýy innowasiýalaýyn maglumat beriş tehnologiýalarynyň guramaçylyk gurluşlarynyň,material akymlarynyň görnüşleriniň,ulgamlarynyň hemişelik täzelenmeginiň çylşyrymly meselelerini çözýärler.

Ylmy-tehniki ösüşiň ýokarlanmagynda innowasiýalara degişli bolmak bilen baş roly oýnaýar.Täzelikleriň girizilmegi üç sany esasy döwri öz içine alýar:

**Birinjisi –** ilkinji önümçiligiň özleşdirilişine çenli gözleglerden;**Ikinjisi** – ilkinji özleşdirmekden ähli halk hojalygynyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýeterlik önüm çykarylyşynyň ýola goýulmagyna çenli;**Ü çünjisi** –önümçilikde täzelik girizilmeginiň önümçiliginden ahyrky sarp edijileriň peýdalanmagyna çenli çykarylan önümleriň haýyrlylygyny we tehniki hyzmatlaryny goşup alýar.Täzelik girkizmekligiň şol stadiýalarynda geçmegi – innowasiýalaýyn hadysasy diýip aýdylýar.

Innowasiýalar bir gezeklik döredijilik bolman,üznüksiz ösüşi,hil taýdan kämilleşmegi hökmany bolup durýar,innowasiýalaýyn hadysalaryň ýerine ýetirilişi,täzelik girizilmeginiň manysyna gabat gelýän işjeň logistiki goldowyň ýerine ýetililmegini çak edýär.Bu ýagdaýda logistiki amallaryň özi hil taýdan üýtgemelere sezewar bolýar.Logistikanyň innowasiýalaýyn işleriniň ýerine ýetirilişiniň üstünligi ýokary derejede olaryň ähli hereket edýän meýdanynyň ylalaşylan işlerine bagly bolýar.

Logistikanyň innowasiýalaýyn ösüş gepgini – bu logistiki zynjyrynyň (ulgamynyň ýa-da logistikanyň haýsam bolsa hereket edýän ugrunyň ol ýa-da beýleki innowasiýany birinji ýerine ýetirmek ýa-da öndürip çykarmak (önümçilige kabul etmek) ukybydyr.

Logistikanyň innowasiýalaýyn ösüş depginini umumy innowasiýanyň ösüş depgini bilen garyşdyrmak bolmaz.Logistikanyň innowasiýalaýyn ösüş depginini – innowasiýanyň mundan beýläkki kämilleşmeginiň mümkinçiligi,onuň esasynda beýleki täzelikleriň ýüze çykmagy,täzelikleriň ýaýradylmagy we goşmaça netijelere ýetilmegi bolup durýar.

Innowasiýalar wagt içinden geçýärler we mazmuny boýunça tapawutlandyrylýarlar.Innowasiýany amal hökmünde,hadysa hökmünde,amalyň geçirilişi hökmünde aýryp görkezilýär.

**Innowasiýa hadysa hökmünde** – täzelikleriň özleşdirilmeginiň netijesi (innowasiýalaryň ýerine ýetirilişi) hökmünde çykyş edýär,ol harytlaryň önüm häsiýetlerde,hyzmatda,tehnologiýalarda,guramaçylyk düzüminde,önümçili abzallarynda – anyk görnüşe geçýänligi kabul edilýär.

**Innowasiýa amallaryň ýerine ýetirilişi hökmünde**- bu innowasiýany dörediji hökmünde yzygider üýtgemeleri üçin ýerine ýetirilýän amallaryň jemidir.

**Innowasiýa iş hökmünde** – ylmyň,tehnikanyň,önümçiligiň birleşdirilmeginiň täze görnüşleri bilen häsiýetlendirilýär.Olar maksatlaryň kesgitlenilişini serişdeleiň saýlanylmagyny we netijileriň üstünliklerini öz içine alýar.

Diýersifisirlenen ylmy merkezleriň (kuwwatly ylmy-tehniki toplumlar innowasiýalaryň işlenip düzülmegi boýunça we özleşdirilmegi çaltlandyrylmak boýunça) işleriniň giňden ýaýradylmagyna alyp barýar.Şeýle merkezler ylmy ugurlaryň giňişliginde gözleg işlerini alyp barmaga ukyplydyr,ähmiýetli ugurlarda döredijilik ösüş depginini we malyýe serişdelerini toplaýar we ylmy dersleriň arasyndaky, amal edilişleriň arasyndaky gözleglere salgylanýar.Işläp düzmekligiň şu görnüşi miýilnamalaýyn,maksatnamalaýyn toparlaryň güýçleri bilen ýerine ýetirilýär.Şu ýagdaýda bu düşünjeleriň bir ylmy sferadan beýleki ylmy sfera geçmegi üpjün edilýär hem-de ylmy-tehniki düşünjeleriň çendenaşa bölünmeginiň ýaramaz tehdehsiýalary ýeňip geçilýär,bu tehnikanyň,tehnologiýanyň,çigmallaryň täze görnüşleriniň döremegine itergi berýär hem-de täzelik girizilmegiň çalt özleşdirilmek meseleleri çözülýär.

***Ü pjünçilik logistikasynda innowasiýalaýyn amallar*.**

Innowasiýalar – işleriň bir görnüşi hökmünde kärhananyň telekeçilik işiniň haýsam bolsa bir elementiniň hil taýdan üýtgemegi barada meýilleşdirilen,toplumlaýyn,maksadalaýyk işleriniň jemidir,bu işler ylmy-tehniki ösüşleriň aýdyňlaşdyrýan täze material-tehniki bazarynda amala aşyrylýar.

Innowasiýalaýyn amallar “Önümçilgiň üpjünçiliginiň” iş ýüzünde amal edilýän innowasiýalaýyn hadysalary öz içine alýarlar.

Üpjünçiligiň logistikasynda innowasiýalary şeýle alamatlary boýunça klassifikasiýa edip bolýar:

- Mazmuny boýunýa – tehniki,guramaçylyk,ykdysady;
- Täzelik girizmekligiň derejeleri we geçirilen üýtgemeleriň çuňlygy boýunça – şeksiz (düýpgöter) täze bolan,özgelere garanyňda täze (aýratynlyklary) bolan,bölekleýin täze (gowylandyrylan we modifikasiýalaşdyrylan);
- Innowasiýalaýyn ösüş depgini boýunça – düýpli,utgaşdyrylan,modefissirlenen;

- ❖ Innowasiýalaýyn hadysalarynyň aýratynlyklary boýunça – guramalaryň içinde we guramalaryň arasynda;
- ❖ Innowasiýanyň iş döwrüniň etaplary boýunça – ýörelgelerden ýerine ýetirilişe çenli;
- ❖ Ýerine ýetirmekligiň tehnologiýalary hem-dei innowasiýalaýyn hadysalaryň etaplarynyň dowamlylygy boýunça – proýektleriň ýerine ýetirilişiniň hadysasynda,wagtal-wagtal ýa-da hemişelik bolmagy;
- ❖ Ylmy düşünjeleriň ulanylyşynyň derejelerine baglylykda – ylmy-barlag işleriniň ulanylyşynyň çäklendirilmegi bilen,hereket edýän tehniki düşünjeleriň çäklerinde,ylymlaryň dürli sferalarynyň we görnüşleriniň utgaşdyrylmagy arkaly,bir innowasiýanyň dürli işlerde ulanylmagy,täze ösüşlerde eýýäm belli bolan tehnologiýalaryň ulanylyşy,işläp taýýarlamagyň usullary boýunça tejribeleýin we göni bolýandyr.
- ❖ Dolandyryşyň derejeleri boýunça – **makro,mezo,mikro** derejelerde bolýar.
- ❖ Logistiki ulgama gatnaşygy boýunça – innowasiýanyň girişinde,innowasiýany çykarylanda we ulgamlaýyn gurluşynyň innowasiýalary;
- ❖ Işläp taýýarlamagyň sferalary boýunça – aýratyn hereket edýän meýdany,hususy sargyt,senagat,söwda,maliýe we beýlekiler;
- ❖ Täzilik girizmeleriň görnüşi boýunça – ýurtda  pudak üçin täzeleme,anyk kärhana üçin täzeleme,(kärhanalaryň toplumy üçin täzeleme)

Innowasiýalaryň şeýle bölünmegi olara baha berilmegi üçin çemeleşilmegi işläp düzmäge mümkinçilik berýär we wagtyň ol ýa-da beýleki döwründe ulanylmagynyň maksadalaýyklygyny anyklamak üçin hem mümkinçilik berýär.

Innowasiýalaýyn üpjünçilik logistikasy kärhananyň tutuş logistiki ösüş depgininiň täzelenmegi üçin hem-de üpjünçiligiň proýektirlenen ulgamynyň,bäsdeşlik artykmaçlyklarynyň ýokarlandyrylmagyna ýagdaý döredýär.

Üpjünçiligiň logistikasynda amal edilenda birnäçe innowasiýalaýyn hadysalary bir wagtda ýerine ýetirip bolýar,innowasiýalaýyn hadysalaryň jemlenmegi üpjünçiligiň innowasiýalaýyn syýasatyny näsiýetlendirýär.Innowasiýalaýyn syýasatyň işläp taýýarlanylyşy logistikanyň innowasiýalaýyn ösüşiniň strategiýasynyň we kärhana buýunça tutuş düzümleýin bölümi bolup durýar.

Üpjünçiligiň logistikasynda ulanyp bolýan innowasiýalaýyn ösüşiniň strategiýasy hakyky tehnologiýalaryň özleşdirilmegine marerial resurslaryny boýunça üpjün edijiler bilen bagly hereketiniň täze kysymlarynyň özleşdirilmegine,täze maglumat tehnologiýalarynyň we maglumat önümleriniň peýdalanylmagyna maksadalaýyk düşünilýär.

## *BAP.V.Üpjün edijileri saýlap almak we baha bermek*

### *V.1.Üpjün edijini saýlap almak we saýlap almakdaky aýratynlaklary (kriteriýalary)*

Üpjünçiligiň logistikasynda üpjün edijiler – **bular ýuridiki ýa-da fiziki şahslar** bolup,saýlamak hadysasynda görlüp geçilen we sertnama boýunça buýruja haýsam bolsa bir gymmatlyk (işler,hyzmatlar) bilen üpjün edýär.

**Üpjün edijini saýlap almak** – bu jojapkärçilikli meseleleriň biri bolup,üpjünçilik logistikasynyň çäzgütlerinde wajyp rol oýnaýarlar hem-de sarp edijini kanagatlandyrýan belli ýörelgeler boýunça, birnäçe üpjün edijileriň arasyndan birini ýa-da birnäçesini saýlap alýarlar.Kärhananyň logistiki işiniň üstünligi we onuň bäsdeşlige balan ukyby üpjün edijileriň ýerine ýetirijiliginiň üstünlikleri bilen berk bagly bolup durýar. Käthanalaryň üpjün edijini saýlamak baradaky çözgüdinde, olaryň işiniň hiline baha bermekde, täsir edýän subýektiw faktorylary peseltmek üçin gözlegleriň kämilleşdirilen, awtomatlaşdyrylan ulgamlaryny we maglumatlaryň seljermesini isläp düzýärler.Üpjün ediji önüm öndüriji ýa-da araçy kärhanalar,fiziki taraplar bolup biler,araçylar önüm öndürijiden ýa-da beýleki bir araçydan gerek gymmatlyklaryny satyn alyp bilýärler.

Esasanam,sertnama boýunça sarp edijini çigmal resurslary bilen üpjün etmekligi,ýöne bu ýörelge geljekki üpjün edijiniň iş häsiýetiniň biri bolup durýar.Oňa ýene bir bäsleşik boýunça borçlylyk şerti goşulýar – köpsanly dalaşgärleriň arasyndan üpjün ediji tarapy saýlap alýarlar.Seýlelik-de köpsanly üpjün edijileriň içinden, elbetde sarp edijä amatlysy saýalnyp alynýar.

Çigmal resurslary bilen üpjün ediji taraplary saýlamaklyk wezipesi köpsanly dalaşgärleriň içinden birini ýa-da birnäçesini saýlap alýarlar.Bu meselede sarp edijiniň islegini kanagatlandyryp biljek ýörelgelere esaslanýarlar.Gözlegleriň subýektiniň talaplaryny kanagatlandyrýan obýektiniň gözlegleriniň her bir meselesi üpjün edijini saýalmak hökmünde aýdyp bolar.Şu ýerde saýlamaklyk kanunyna üns berilmelidir.Logistiki amallarda diňe bir üpjün edijini saýlamaklyk meselesi çözülmän,ekspeditoryň,ýük daşaýjylaryň,ammar hojalyklary boýunça müdiriniň kandidatlaryny saýlamak boýunça meseleleri çözmelidir.Ýöne üpjün edijini saýlamak – üpjünçilik logistikasynyň has wajyp we jogapkärçilikli wezipesidir.

Material-tehniki resurslarynyň döwrebap bazarynda material resurslarynyň birmeňzeş görnüşini öndürýän köp sanly üpjün edijilerden durýar,sol sebäpli üpjün edijini saýlamak kynlaşýar.

Önümçilige zerur bolan çigmal resurslaryň anyk görnüşi bilen üpjün edijini saýlamak üçin işleri ýerine ýetirmek boýunça uly we çylşyrymly seljermeleýin amallary geçirmek talap edilýär.

Üpjün edijini saýlamagyň guramaçylygynyň işiniň iki mümkinçiligi bardyr.**Birinjisi** – öňki ýa-da häzirki hereket edýän üpjün ediji kompaniýalardan,ýagny öňden hyzmatdaşlykda işewür gatnaşyklary ýola goýlan kompaniýalaryň içinden saýlanyp alynýar.Bu iki ýagdaýda – saýlap almak boýunça meseleleri ýeňilleşýär,sebäbi üpjün edijiniň işi barada kärhananyň satyn almak boýunça bölümlerinde bu maglumatlar eýýäm bardyr.**Ikinji** – mümkinçilik täze dalaşgärleriň sanynda üpjün edijini saýlap almagydyr.Bu meseleler çözülende gerekli maglumatlaryň barlanmagy we gözlegi üçin wagtyň we serişdeleriň

goşmaça harajatlary zerur bolýandyr,şonuň üçin bu amallarda mümkin bolan dalaşgärleriň we sargyt etmek mümkinçili bar bolan sanawynyň üpjün edijilere bolan gatnaşyklarynda ýerine ýetirilýär.

***<u>Saýlap almakdaky aýratynlyklar (kriteriýalar)</u>***

Üpjün edijilere baha bermek boýunça wajyp ýörelgeleriň esasy bolup,pudaklaryň aýratynlyklary hem-de üpjün etmek boýunça önümleriň aýratynlyklaryny hasaba almazdan – Ü pjün etmek boýunça harytlaryň hili,üpjünçiligiň ynamly bolmagy we bahalaryň elýeter bolmagy hasap edilýär.Beýleki ýörelgeleriň (kriteriýalaryň) arasynda şulary aýratyn görkezip bolar: Üpjün edijileriň sarp edijiden daşda bolmagy;üpjün edijiniň ätiýaçlyk kuwwatynyň bar bolmagy;tehniki hyzmatlarynyň gyramaçylygynyň mümkinçilikleri hereket edýän hem-de möhletleýin sargytlaryň ýerine ýetirilmekliginiň möhletleri we maliýe ýagdaýlary.Ykdysady edebiýatlarda üpjün edijilere baha bermekligiň klassifikasiýasyna bolan dürli çemeleşikleri görkezilendir.

Satyn almak boýunça amallaryň guramaçylygyna marketingiň çemeleşmeleri we üpjün edijileri saýlamagyň ýörelgeleriniň aýrybaşgalandyrylmagyna ýygy-ýygydan makullanylýar.

Ü pjün edijiere baha bermek boýunça ýörelgeleri üç sany aýratyn toparlara birleşdirip bolýar:Tehniki,Ykdysady-guramaçylykly,Psihologiki.**Ýörelgeleriň birinji topary** – üpjün edijiniň önümçilik kuwwadynyň hasiýetli görkezijileri;olarda ulanylýan tehnologiýalary kämilleşdirmekde,üpjün edijileriň ugradýan önümleriniň toplumlaýyn bolmagy we ol önümleriň umumy kabul edilen standartlara laýyk gelýänligi;olaryň gurluşlarynyň içki bölümleriniň ösdürilmegi;önümlerde kemçilikleriň bolmagy;kepllendirilen möhletinden soňky hyzmat etmekligi;ugradylýan harytlaryň assortmenti;önümleriň mydama gaplanylmagy.

**Ýörelgeleriň ikinji toparyna** şular degişlidir:Önümleriň bahasynyň elýeterliligi we olaryň gerek ýerlerine ýetirilip berilmeginiň şertlendirilmegi;önümleriň

ugradylmagynyň möhletleri we töplegleriň şertleri,üpjün edijiniň daşda ýerleşmegi;üpjün edijiniň maliýe ýagdaýy;menejmentiň guramaçylyk faktorlary;ugratmagyň görnüşiniň usullary.

**Ýörelgeleriň üçünji topary** şulary öz içine alýar:Üpjün edijiniň ynamly bolmagynyň ýörelgeleri,onuň abraýy,hyzmatdaşlyk boýunça derejesi,ýerleşýän ýeri,başarjaňlygy we özara gatnaşygynyň derejesi,şertleşik tertipleri.Ü pjün edijileri saýlap almak boýunça agzalan ýörelgeleri hökmanlygy we wajyplygy boýunça düzgünleşdirilmedik,şeýle hem bir topar sarp ediji üçin anyk ýörelgeleriň wajyplygy boýunça birinji ýerde durmagy mümkin,beýlekiler üçin bolsa bu ýörelgeleriň hiç hili ähmiýeti ýokdur.Şeýle çemeleşmeler azda-kände adalatlydyr,näme üçin diýseň müşderä salgylanýan ykdysady şertlerde üpjün edijileri saýlap almak boýunça görkezijileriň arasynda iki ýärelgelere (kriteriýalara) ýol berilýär we olar:**Hil we Ynamlylyk**.

Hil görkezijisi – onuň predmetiniň zynjyrynyň häsiýetlerini hem-de mazmunyny görkezýär;nähili diýilýän soraga jogap berýär.Logistiada hil görkezijisitakyk taryhy kontekstinde seredilýär,olary häsiýetlendirýän ölçegleriň we häsiýetleriň kuwwaty hasaba alynýar.

Çigmal resurslarynyň hili – olaryň obýektiw alamatlarynyň we häsiýetleriniň jemidir.Bu häsiýetler öndürilýän önümleriň sarp ediş gymmatynyň häsiýetini anyklaýan görkezijileri bilen şertlendirilendir.

Logistikanyň hereket ediş aýratynlyklarynyň nukdaýy nazarynda hil sarp edijileriň taraplarynyň we gorap saklanmagynyň has amatly kanagatlandyrjysy hökmünde düşünilýär.Ugradylýan önümleriň hili boýunça ýöriteleşmek bilen fiziki we himiki häsiýetlere önümçilik maksatnamasynda tehniki we gurluşlaýyn ölçeglerini hökman kanagatlandyrýan bolmalydyr.Meselem;Maşyngurluşyk kärhanasynyň önümçiligiň içindäki maksatnamasynda peýdalanylýan hiliň şeýle ölçeglerinden peýdalanylýar:Uzak hyzmat edýänligi,bökdençsiz we bejergä ýykgynlylyk,hiliň ölçegleri olaryň klassifikasiýalaýyn toparlarynyň nykdaýy

nazarynda seljerme geçirip bolýar,bu klassifikasiýalaýyn toparlara:haýsam bolsa bir zada niýetlenilişi,Ergonomikalaýyn topar **(ergonomika – häzirki zaman onümçiligi şertlerinde adamy we onuň işini öwrenýän bilim pudagy)** ynamlylyk boýunça,ekologiýa boýunça,estetika boýunça,unifikasiýa boýunça **(unifikasiýa – belli bir nusga geririji)** degişli bolup durýar.

Satyn alynýan çigmal resurslarynyň hiliniň görkezijileri üpjün etmeklik boýunça şertnamalarda bellenilýär.Sarp ediji tarapynda bu şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirilmegi üpjünçiligiň şertnamasynyň wajyp tarapy bolup durýar.Şertnamada bu şertleriň ýoklugy olaryň hukuk taýdan hakyky däl diýilip bellenilmegine alyp gelýär.Ugradylýan önümleriň hiliniň görkezijleriol harytlaryň tehniki pasportlarynda,etiketkasynda,ýarlyklarda,harydyň özünde we onuň gabynda görkezilip bilner.Şu döwürde hiliň şeýle ölçeglerini ekologiýa taýdan howpsyzlyk babatynda ýeterlik üns berilýär.Hil taýdan ýokarlanmaga harajatlaryň derejesi – logistikanyň işiniň wajyp görkezijisi bolup durýar.

Üpjün edijilere baha bermekligiň toplumlaýyn aýratynlyklary – ynamlylyk boýunça görkezijisi bolup durýar.Bu adalga **“Ynamlylyk,şübhelenmezlik,islegiň ýerine ýetirilmeginiň mümkin bolmagy ýaly mazmunlarda”** düşünilýär.**Ynamlylyk** – (wepaly;nänä we kime bil baglap bolýar;haýsy zatdan utulmarys) ýaly manylarda öňe sürülýär.Söwda işinde **“Ynamlylyk”** häsiýetmamasy hyzmatdaşlygyň şertleşige gatnaşýanlar saýlanyp alnanda hemişe baş ýörelge bolup durýar.Üpjünçilik logistikada ynamlylyk aýratynlyklary şertnamanyň şertleri bilen berkidilýär we çigmal resurslarynyň hemme talaplaryny şöhlelendirýär.

Ynamly üpjün edijiler bilen hyzmatdaşlygy – logistiki tehnologiýalarynyň we ulgamlarynyň aglabasynyň ýerine ýetirilişi bilen şertlendirilmegi has wajyp ugurlaryň biri hasaplanýar.

### *V.II.Ü pjün edijini saýlamakda amatly yzygiderli hyzmatdaşlygy,saýlamaklygyň düzgün – tertibi.*

Üpjün edijini saýlap almak boýunça amallaryň ulgamy ýa-da algoritmi işleriň yzygiderliligini öz içine alýardyr:Çigmal resurslarynyň önümçilik maksatnamasyna laýyklykda onuň namenklaturasynyň ýöriteleşdirilmeginiň we esasy häsiýetleriniň anyklanylmagy;sargytlaryň we üpjünçiligiň ölçegleriniň önümçilik maksatnamasyna laýyklykda kesgitlenilmegi;bazaryň seljermesi we ähli mümkin bolan üpjün edijileri ýüze çykaryp görkezmek;üpjün edijileriň esasy aýratynlyklary boýunça öňünden baha berilmegi we saýlanyp alynmagy.Esasy aýratynlyklar (kriteriýalar) (hil;ynamlylyk; baha – gummat);saýlanyp alnan üpjün edijileri baha bermeklik;üpjün edijileriň düzgünleşdirilişi we çigmal resurslary boýunça baş üpjün edijileriň saýlanyp alynmagy,önümler bilen üpjün etmek boýunça şertnamalaryň baglaşylmagy.

***Saýlap almaklygyň düzgün – tertibi***.

Bahalandyrmak boýunça ulgamynda birnäçe saýlanyp alnan üpjün edijiler talaba laýyk gelip biler,olaryň aýratynlyklaryny tejribeler görkezýär.Şeýle etmek bilen olary düzgün-tertipler esasynda saýlamaklyk zerur bolup durýar.Düzgünleşdirmekligiň kömegi bilen üpjün edijileriň bellenilen şkala boýunça berilmekligi goşmaça geçirilýär.Bahalaryň şkalasynda üpjün edijileriň dürli häsiýetleriniň sanawynyň setiriniň alamatynyň üsti bilen aňladylýar.

**Matematiki ölçeg geçirmekligiň** teoriýasynda sanly şkalasy üç elementlerden ybarat tertipleşdirilen köplügidir.Şonluk-da bu üç element barada durup geçeliň;**Birinji – Empiriki ulgam** (empiriki – tejribeleýin esaslandyrylan) boýunça aragatnaşyklary bilen;**Ikinji** – sanawlaýyn ulgamyň aragatnaşyklary bilen**;Ü çünji element** – bu şeýle hereket bolup,birinji ulgam ikinji ulgamyň suratlandyrylmasyny ýüze çykarýar.

Logistikada üpjün edijileri düzgün-tertibe salnanda köplenç sanawlaýyn ulgamyň aragatnaşyklaryndan peýdalanylýar.Bahalandyrylmagyň şkalalary obýektler barada alynýan maglumatlaryň ösdürilmeginiň ýörelgeleri boýunça gurnalandyr.

**Takyk atlandyrmaklygyň şkalasy** (nominal) – bu şkala ölçeg edilende deňeşdirilýän obýektler barada pes bolan maglumatlary alýarlar.Bu ýerde soragyň jogaby howwa ýa-da ýok ýeterlik bolýar.

**Tertipleriň şkalasy** (derejeleýin) – üpjün edijileriň haýsy hem bolsa häsiýetleriniň aýdyňlygynyň derejesiniň ýokarlanmagy we peselmegi boýunça düzgünleşdirilen tertibi barada goşmaça maglumatlaryň ulgamyny üpjün edýärler.Bu soraglaryň jogaby deňeşdirme görnüşinde (Meselem,bir üpjün edijide beýlekilere garanyňda önümçilik harajatlarynyň görkezijileriniň näderejede pes ýa-da ýokarydygyny bellige alyp bolýandyr.

**Interwallaryň şkalasy** – öňkiden hem köp sanly maglumatlaýyn kuwwatlyklara eýe bolup durýar:Derejeleýin şkala üpjün edijini tapawutlandyrmak baradaky maglumatlardan başga goşmaça maglumatlar ýüze çykýar.Ölçeg edilýän häsiýetleri boýunça bir üpjün ediji beýleki üpjün edijilerden näderejede tapawutlandyrylýar.

**Gatnaşyklaryň şkalasy** – Tapawutlylyklaryň galyndysyz bölünmekligi barada maglumatlary üpjün edýärler.Olar näçe esse artyk ýa-da kem bolsa-da,beýleki üpjün edijiler bilen deňeşdirilende hereket edýän üpjün edijiniň ölçeg edilýän häsiýetlerine deň bolmaýar.

Ikinji maglumatlaryň gurnalmagy arkaly ekspertleriň baha bermekligi,anketalaşdyrylmagy ýa-da interwallaryň kömegi bilen ýerine ýetirip bolar.Şkala boýunça alnan bahalaryň sanawlaýyn yzugiderliligi görnüşinde ugrukdyrylmagynyň gurluşy düzgün-tertipleşdirmegi aňladýar.

### *V.III.Üpjün edijini saýlamakda amatly häsiýetlerden ugur almaklyk hem-de saýlamaklygyň usullary.*

Üöjünçilik logistikasynda kabul edilýän çözgütleriň köpüsi amatlaşdyrmak häsiýetlerine eýe bolup durýar hem-de amatlaşdyrmagyň bellenilen aýratynlyklarynyň nukdaýy nazary köpçülikleýin mümkin bolan çözgütlerden oňyn bolan çözgütleriň saýlanylmagynyň wajyplygyny göz öňünde tutýar.

Üpjünçilik logistikasynyň pudagynda şular ýaly görnüşdäki oňyn meseleleriň biri material resurslarynyň satyn alynmagynyň göwrüminiň hem-de olaryň töleginiň wagtyny ahyklamaklygyň biri bolup durýar.Şu ýerde satyn alynýan çigmal resurslarynyň bahasy barada göz öňünde tutulýan transport harajatlary barada we ätiýaçlyklary saklamak üçin harajatlary barada çözgüt kabul etmek wajyp rol oýnaýar.

Çigmal resurslarynyň satyn alynmagy käwagt olaryň önümçilikde sarp edilişinden öňürti ýerine ýetirilmegi mümkindir.Bular logistikanyň tehnologiýasyny **“takyk wagtynda**” peýdalanylýan kärhanalar üçin häsiýetli bolup durýar.Şu ýagdaýda – material resurslarynyň üpjünçiliginiň grafigi we kärhananyň sehleriniň tehnologiýalaýyn bagly bolup durýan grafigi bilen bilelikde sazlaşykly geçirilmegine aýratyn üns berilýär.Üpjün edijiler bilen geçirilýän işlerde önümçilik döwrüniň gysgalmagyna täsir edilmegine,enjamlarň täzeden ýola goýulmagy üçin berlen wagtyň peselmegine we gaýtadan işläp çykarýan merkezleriň öňündäki nobatynyň uzynlygynyň gysgalmagyna **“geçilmesi kyn bolan ýerleriň”** operatiw aradan aýyrmaklyga hem-de önümleriň hiliniň ýokarlandyrylmagy boýynça taraplara aýratyn ýykgyn edilmegi bilen olaryň ýerlerini üýtgetýärler.Üpjün edijiler bilen şeýle özara baglanyşykly hereket etmekligiň artykmaçlyklary material resurslary kabul eedilende gözegçiligiň ýönekeý görnüşlere geçmekligine mümkinçiligi ýüze çykýar ýa-da bu gözegçiligi düýbünden ýatyrmak ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar.Ätiýaçlyklaryň göwrümi azalýar we olary gorap saklamak bilen bagly hakyky dowamlylygy gysgalýar.

Käte material resurslarynyň atiýaçlyk maksady üçin satyn alynmagy bähbitli bolup durýar.Şeýle satyn alyş amallary **Hedzirlemek** boýunça gurluşy bilen däp bolşy ýaly baglanyşykly bolýar.

**Hedzirlemek** – hakyky haryt bazarynda harydyň bahasynda gyşarma bolan ýagdaýynda mümkin bolýan ýitgilerden **fýuçers** kontraktlaryň satyn almak boýunça ätiýaçlandyrmak bolup durýar.Fýuçers kontraktlary geljekde satyn alynjak önümlere bolan hukukdyr.

Biržalaýyn harytlaryň we möwsümleýin üýtgeýän bahalary harytlar satyn alnanda hem şeýle çemeleşýärler.

**Hedzirlemek hadysasy** – Peýda ýetirilen zyýanyň töwekgelçiligini aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär hem-de ters ýagdaýlaryň bolmagy hem mümkindir.

Satyn alyş amallary ýerine ýetirilende material resurslary üçin tölegleriň wagtynyň has oňaýly sazlaşygyny,olaryň göwrümini nem-de üpjünçiligiň yzygiderliligini saýlap almak wajypdyr.Material resurslarynyň tölegleri üçin nem-de ätiýaçlyklaryň guralmagy üçin harajatlarynyň aragaglanyşygyny hasaba almak wajypdyr.

Material resurslaryny ätiýaçlyklar üçin öňkilere görä uly göwrümde meýilleşdirip satyn alynmagy üçin satyn alyş harajatlaryň azaldylmagy material resurslaryň ätiýaçlyklaryny goldamak üçin edilýän harajatlaryň geljekde ýokarlanmasy bilen bagly bolýar.Ä tiýaçlyklary goldamak üçin çykdajylaryň şertleşikde meýilleşdirilen bahalardan utuşlaryň hasabyna çalt köpelmegi mümkindir.Ýöne üpjünçiligiň ýygylygynuň ýokarlanmasynda transport harajatlarynyň çalt depginde ýokarlanmagynyň ýagdaýlary başgaça bolmagy hem mümkindir.Şular bilen bagly transport harajatlarynyň has peseldilmegi bilen material resurslarynyň sarp edilişi boýunça,ýerleşdirilmesiniň aýratynlyklary boýunça göz öňünde tutup bolar.Ü pjün edijileri anyklamak bilen bagly bolan bir topar faktorlaryna baha berilmekligine toplumlaýyn çemeleşmek zerurdyr.

Üpjün etmek barada şertnamanyň şertleri material resurslaryny ortaça bahadan satyn satyn alynjak bolmagy mümkindir.Bu ýagdaýda material resurslaryna bolan bahalaryň ýylyň dowamynda tötänden ýokarlanmagy bolup biler.Şeýle ýaddaýlarda satyn almak işleri; meselem,çärýekde bir gezek interwalyň ortaça bahasyndan gymmatlyklar satyn alynýar.Ortaça baha bahalaryň ösüş depgininiň esasy ugurlar boýunça ymtylyşyny häsiýetlendirýär.Satyn almagyň umumy býujetini kesgitlenen interwalyň birinji aýynyň bahasy boýunça anyklanylýar.Ortaça ölçegli bahalar boýunça satyn alynmak işleri anyk

töwekgelçilik bilen bagly bolýar – haýsam bolsa wagtyň interwalynda material resurslarynyň satyn alnyşynyň çäklendirilen býujetinde önümçiligiň sarp edijiliginiň ýeterlik bolmazlygy üçin olaryň mukdarynyň ýeterlik bolmazlygy şeýle ýagdaýa getirip biler.Material resurslary boýunça üpjün edijieri satyn alyjylara itergi bermek maksatly bahalardan indirimleri kesgitläp bilýärler.Ç igmal resurslara indirim hasabynda bahanyň üýtgedilmegi üpjünçiligiň şertlerinden,satyn alynýan matedrial resurslarynyň görnüşinden we olaryň göwrümine baglylykda aýry-aýry edilýär.Has uly göwrümde harytlary satyn almak üçin ugradylan material resurslary üçin öňünden tölenmegi üçin we ş.m. indirimleriň berilmegi mümkindir,emma lomaý söwda edilende baha indirimlerinden harytlary we material resurslary gorap saklamak üçin goşmaça harajatlar bilen deňeşdirmek wajypdyr.Satyn almak işleriniň göwrüminiň ýokarlanmagy ammarlaýyn harajatlaryň artmagyna getirýär hem-de göz öňünde tutulýan peýdalaryň ýitgä öwrülmegi mümkindir.Üpjünçilik boýunça uly göwrüminiň amatly möçberiniň anyklanmagyny onuň göwrümini bir gezeklik assortimentini goşmak arkaly wajyp rol oýnaýar.

***<u>Ü pjün edijini saýlamaklygyň usullary</u>.***

Ü pjün edijileri saýlap almak boýunça hem dürli usullary bar:Olaryň arasynda has giňden ýaýran usuly Reýting bahalandyryş usuly bolup durýar.Şu usulyň mazmuny üpjün ediliniň we saýlamagyň artymaçlyga eýe bolan ýörelgelerini takyk ölçäp bolýan görkezijileri bilen anyklap bolýanlygyndan ybarat bolup durýar.Her bir takyk ýörelge w onuň görkezijilerine görä baha bermegiň aýratynlyklary kesgitlenilýär.Aýratynlar we olaryň görkezijileri üçin agramly koefisiýentleriň wajyplygynyň derejeleri dürli görnüşlerde bolup biler.Her bir aýratyn ýörelge boýunça Reýtingiň aňlatmasynyň belli bolan aýratynlygynyň udel agramyny belli bir üpjün edijiniň ekspertleýin – ballaýyn bahalandyrmagy;Köpeldilmek arkaly hasaplanyp çykarylýar.Reýtingiň ähli aýratynlyklary boýunça alnan aňlatmalaryny biri-birine goşýarlar we takyk üpjün ediji üçin netijeleýin reýtingini alyp bolýar.

Dürli üpjün edijiler üçin reýtingiň boýunça alnan alamatlary deňeşdirme geçirmek üçin oňyn hyzmatdaşyny anyklamak bolýandyr.

Agalyk edýän häsiýetleri boýunça usuly hem giňden orun alandyr.Bu belli bolan usuldan peýdalanylanda bir agalyk ediji ýörelgeleri üns merkezinde tutulýandyr.Meselem,önümiň hiliniň ýokary bolmagyny gazanmaklygy ,üpjünçilik grafiginiň ýerine ýetirilmegini,bahalaryň pes bolmagyny we ş.m.Şu usulyň artykmaçlygy ýönekeýlik bolup durýar,ýöne bu usulyň kem tarapy saýlap almagyň beýleki faktorlarynyň aýtatynlyklarynyň hasaba alynmazlygyndan gelip çykýar.

**Ymtylmaklyk** – usuly hem giňden ulanylýandyr – bu ýagdaýlarda üpjün ediji saýlanyp alnanda dürli-dürli maglumatlardan gollanma alynýar.Olar bu maglumatlary öňden hyzmatdaşlyk edýän taraplardan alynýandyr hem-de ol kärhanalaryň dürli bölümlerinden (inžinerleýin,önümçilik,transport,ammar,dispetçer gulluklary).Şeýle usul köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýöriteleşdirilen ýokary derejelerde geçirýän konferensiýalardan alnan formal däl üpjün edijini hasaba almak bilen bagly maglumatlaryň giň gerimli köpsanly çeşmeleriniň barlygyny göz öňünde tutýar.Käte maglumatlaryň ýygnamak üçin **“formal däl çemeleşik**” örän haýyrly we maksadalaýyk bolýandyr.Netijede ähmiýetli üpjün edijini saýlap almak we üpjünçilik logistikasynyň ähli gurluşlarynyň iş ýüzünde amal edilmegi maliýe taýdan,çigmal taýdan we beýleki resurslaryň görnüşlerinden peýdalanmaklyga bagly bolup durýar.

### *V.4.Üpjün edijileriň sanyny anyklamak.Logistikanyň işjeňligi (aktiwligi)*

Üpjün edijileri saýlap almakda kärhanalar çigmal resurslary bilen üpjün edýän taraplaryň haýsy möçberde gerekliligi bilen bagly meseleler bilen ýüzme-ýüz bolýaralr.Iş ýüzünde bir topar ýa-da birnäçe mümkinçilikleriň çözgütleri mydama ýol berilýändir hem-de bu iki çemeleşme artykmaçlyklara hem-de kemçiliklere eýe bolup durýar**.”KANBAN” ulgamy** boýunça işleýän kärhanalar saýlap almaklyga we olara baha bermeklige özleriniň ýörite usullaryny ulanýarlar.Olar üpjün

edijileriň az bolan toparlary bilen hyzmatdaşlyk edýär.Üpjün edijileri saýlap almakda olary gurnamaga degişli gymmatlyklaryň hiliniň ýokary bolmagy **“wagtynda ýerine ýetirýän”** ýörelge boýunça kepil geçiji ukybyna görä saýlap alýarlar.Bu ýagdaýlarda bu işleri ýerine ýetirmäge gatnaşýan taraplaryň sany azalýar,saýlanan taraplar bilen bolsa,uzak möhletleýin hojalyk aragatnaşyklary kesgitlenilýär,olardan üpjün edijiler hem-de üpjün edilýän önümleriň hiliniň ýokarlanmasyna ilkinji nobatda gönükdirilýän goldawyny alýarlar.Araçylar esasy üpjün edijileriň hyzmatlarynyň “**bir gezeklik ýygnamaga dejişli önümlere – bir üpjün ediji”** ýörelgesi boýunça hyzmatlaryndan ýygy-ýygydan peýdalanylýar.Üpjün edijileriň we sarp edijileriň arasynda täzeden aragatnaşyklar guralan amaly arabaglanyşygyň ýeke,ýöne ynamly üpjün ediji bilen aragatnaşygynyň göz öňünde tutýan meýilleri **(tendensiýasy)** barada şaýatlyk edýär.Şeýlelik bilen üpjünçiligiň **70-80%-mi** material resurslarynyň esasy görkezijileriniň paýyna düşýärler.Üpjün edijileriň birnäçesi bilen iş tutmak boýunça artykmaçlygy möhletli we göwrümli sargytlar ýüze çykanda meseleleriň çözgütleriniň operatiwligi artýar.Birnäçe çeşmeleri ulanmagyň hasabyna üpjünçiligiň kepilliligi ýokarlanýar.Bu sarp edijiniň üpjün edijä baglylygynyň has peselmegine alyp barýar.Goşmaça hyzmatlaryň döredilmek mümkinçiligi ýüze çykýar hem-de üpjünçiligiň ýitiligi gowylandyrylýar we önümleriň wagtyndan gijä galmak töwekgelçilikleriniň peselmegine alyp gelýär.

***<u>Logistikanyň işjeňligi (aktiwligi)</u>***

**Işjeňlik** – ähliumumy jemgyýetçilik baradaky ylymda,Işjeňlik adalgasy iki hili aňlatmada ulanylýar.

**1)Tektologiki ölçeg** – Bökdençlikleri ýeňip geçmek üçin harajat edilýän energiýanyň möçberi bilen ölçenilýär.

**2)Tektologiki düşünjeler** – Toplymyň beýleki topluma üýtgediji täsiri ýetirip biljek ukybyny häsiýetlendirýär ýa-da bir toplumyň beýleki topluma bolan täsirini häsiýetlendirýär.

**Logistiki işjeňlik** – ulgamyň şeýle bir gurluşy bolup,olary işjeň ýagdaýa getiriji bolup durýar.Işjeňlik – guramaçylygyň başlangyjy we gurluşlary dargadyjy elementleri özünde saklamaga ukyplydyr.Dargadyjy elementler ulgamyň içinde gönükdirilip biljek mümkinçilige eýe bolan güýçdir.Bular ulgamyň çydamlylygyny barlamak ýa-da ol ýörelgeleri daşky gurşowa hem gönükdirip bilýärler.Şeýle ýagdaýda olar logistiki ulgamyň gazaply bolmagyny ýokarlandyrmaga alyp barýar.

**Logistiki ulgamy** – heniz döretmek ukybyna eýe bolup durýarka – Ulgam özüni hemişe oňyn tarapdan tanatmaga çemeleşýär.